# SYÝASATYÑ UMUMY NAZARYÝETI

**Aşgabat-2010**

**© Ogulmaral Atajanowa. Syýasatyň umumy nazaryýeti.** Ýokary okuw mekdepleriniň syýasaty öwreniş hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy.

Taryh ylymlarynyň kandidaty **J. Annaorazowyň** ylmy redaksiýasy bilen

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Ogulmaral Atajanowa.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.**

# Giriş

Syýasy gurşaw jemgyýetiñ iñ çylşyrymly gurşawlarynyñ biri. Bu gurşawyñçäginde döwlet bilen raýatlaryñ, jemgyýeti düzýän dürli sosiýal gatlaklaryñ (esasan, synplaryñ), ol ýa-da beýleki gatlaklaryñ bähbitlerini araýan jemgyýetçilik syýasy guramalaryñ (esasan, syýasy partiýalaryñ) özara gatnaşyklary (esasan, syýasat bilen baglanşykly) bolup geçýär.
“Syýasat”düşünjesi türkmen diline ir aralaşan arap-pars sözleriniñ biri bolup, ol asly gelip çykyşy boýunça “zor salmak”, “haýbat atmak,” “agalyk etmek” ýaly manylary añladypdyr. Häzirki döwürde “syýasat” düşünjesi başga öwüşginde, esasan, döwlet häkimiýetiniñ dolandyrylyşy bilen baglanşykly meseleler babatynda ulanylýar.
Syýasat jemgyýetiñ durmuşynda uly rol oýnaýar. Döwletiñ ýöredýän syýasatynyñ hili, göwrümi, ugurlarynyñ dürliligi, ol syýasatda haýsy meseleleriñ ileri tutulýanlygy jemgyýetde ýaşaýan her bir adamyñ ykbalyna öz täsirini ýetirýär. Syýasat näçe dogry we sowatly ýöredilse, şonça-da ilatyñ ýaşaýyş durmuşy gowulaşýar, jemgyýetde asudalyk, agzybirlik hokum sürýär. Hut şoña göräde, syýasat bilen baglanşykly meseleler adamlary içgin gyzyklandyrýar.
Syýasatyñ orny demokratik jemgyýetde has hem artýar. Sebäbi, demokratik döwletiñ baş maksady her bir raýatyñ aladasyny etmekden, jemgyýetiñ strukturasyny düzýän ähli sosiýal toparlaryñ elmydama bir-birine laýyk gelip durmaýan bähbitlerini sazlaşdyrmakdan ybarat. Elbetde, bu maksady iş ýüzünde şowly amala aşyrmaklyk üçin döwlet häkimiýetinde işleýänleriñ-de, syýasy-jemgyýetçilik toparlara ýolbaşçylyk edýänleriñ-de, ýönekeý raýatlaryñ-da syýasy taýdan sowatly bolmaklygy, ýagny olaryñ syýasy añynyñ we medeniýetiniñ derjesiniñ ýokary bolmaklygy zerur. Syýasy sowatlylygy pes bolan ýagdaýynda döwleti dolandyrýanlaryñ alyp barýan işleriniñ hiliniñ pese gaçmaklygy,ilatyñ dürli gatlaklarynyñ

döwletiñ alyp barýan syýasatyna düşünmezligi dogry düşünmezligi mümkin. Eger-de, halkyñ döwlete bolan ynamy aşak gaçyp başlasa, döwlet bilen raýatlaryñ arasynda düşünişmezlik emele gelýär. Bu bolsa jemgyýetde dürli görnüşli nägileli̇kleriñ, gapma-garşylyklaryñ, syýasy konfliktleriñ döremegine getirip bilýär.

Su nukdaýnazardan seredilende, ilatyñ dürli gatlaklarynyñ syýasy sowatlylygynyñ derejesini mundane beýläkde ýokarlandyrmak ugrunda yzygiderli alada etmekligi hakyndaky meseläniñ jemgyýet üçin iññän wajyp meseleleriñ birine öwrülmekligi ýöne ýerden däldir.

Halkyñ syýasy sowatlylygyny, syýasy añyny we syýasy medeniýetini ýokarlandyrmak babatynda iş alyp barýan ýörite edaralar ýok. Bu maksada gönükdirilen işler we çäreler okuw jaýlarynda, harby bölümlerde, zähmet kollektiwlerinde esasan dürli jemgyýetrçilik guramalary tarapyndan, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bolan radionyñ, telewideniýäniñ, gazetdir źurnallaryñ üsti bilen amala aşyrýar.

Jemgyýetiñ syýasy añynyñ derejesiniñ ýokarlandyrylmagy köp derejede syýasaty ýörite öwrenýän syýasy ylymlaryñ we olaryñ çäginde alnyp barylýan ylmy derñewleriñ geriminiñ artdyrylmagy bilen hem baglanşyklydyr. Syýasat ylymlaryndan ýöriteleşdirilen taýýarlygy bolan hünärmenleri-syýasatşynaslary taýarlamak meselesi hem islendik jemgyýet üçin iñ wajyp ähmiýetli meseleleriñ biridir.

Syýasat barada adamlaryñ müñlerçe ýyl bäri piker ýöredip gelenligine, syýasatyñ jemgyýetdäki orny barada gadymy döwürlerden başlap beýik hytaý akyldary Konfusiý, gadymy grek akyldarlary we filosoflary Sokrat, Platon we Aristotel, orta asyr akyldarlary Makiawelli we Nyzam al Mülk, biraz soñra Şarl Monteskýe, Tomas Gobbs we Jon Lokk ýaly akyldarlaryñ dürli garaýyşlary we taglymatlary öñe sürendiklerine garamazdan, syýasaty öwreniş ylmy iñ ýaş ylymlaryñ hataryna girýär. Munuñ hem ozone ýetesi sebäpleri bar. Ilki döwürlerde

syýasat baradaky garaşlar filosofiýanyñ düzüm bölegi bolupdyr. 19-njy asyryñ ikinji ýarymyndan başlap jemgyýetiñ syýasy durmuşy hakyndaky taglymatlar sosiologiýa ylmynyñ çäginde öñe sürlüp başlanýar, hut şol ylmyñ çäginde hem syýasy durmuşyñ dürli meselelerine degişli ylmy derñewler amala aşyrylyp başlanýar. Syýasatşynaslyk ylym hökmünde dine geçen asyryñ 50-nji ýyllaryna golaý döwürde ykrar edilip başlanýar.

Hut şol döwürden başlap hem dünýäniñ kop ýurtlarynyñ ýokary mekdeplerinde syýasat baradaky ylymlaryñ giñişleýin öwrenilmegi ýol alyp ugraýar. Häzirki döwürde syýasatşynaslyk dürli ylmy ugurlary özünde jemleýän toplumlaýyn ulgamy emele getirýän ylma öwrüldi.

Türkmenistanda syýasatşynaslyk ylmy dine garaşsyzlyk döwründe ýörjen-ýörjen bolup başlady. Bu ugurda Garaşsyz Türkmenistanda ilkinji edilen aýgytly ädimleriñ biri hökmünde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniñ taryh fakultetiniñ düzüminde “syýasatşynaslyk” hünäriniñ açylyp, ýöriteleşdirilen bilimli hünärmenleriñ taýýarlanylyp başlanylmagyny mysal getirmek mümkin.

Nebsimiz agyrsa-da, belli bir döwür aralygynda, käbir sebäplere görä, “syýasatşynaslyk” hünäri boýunça taýýarlanylýan talyplar üçin işlenilip düzülen we ulanylyp gelnen okuw meýilnamalarynda we maksatnamalarynda syýasat baradaky ylymlaryñ häzirki zaman ösüş aýratynlyklary doly derejede göz öñüne tutulmady.

Bu gollanmada şol kemçilikler belli bir derejede nazara alyndy. Biz başardygymyzça, gollanmada syýasaty öwreniş ylmynyñ predmeti, onuñ ähmiýeti, öwrenýän meseleleri, düzüm bölekleri, ylym hökmünde ösüş taryhy barada gysgaçarak häsiýetde durup geçmeklige çalyşdyk. Gollanma taýýarlanylanda syýasaty öwreniş ylymlarynyñ häzirkizaman ösüşiniñ aýratynlyklaryna üns bermeklige synanyşyk edildi.

## Syỷasatyñ umumy nazarỷeti ylmynyñ predmeti.

Adamlar syýasata iki esas boýunça akyl ýetirýärler: adaty garaýyşlaryň üsti bilen we ylmy bilimleriň üsti bilen.

Adaty sistema, salynmadyk syýasat hakyndaky düşünjeler birnäçe müňýyllyklar bäri ýaşap gelýär. Ol haýsydyr bir görnüşde her bir adama mahsusdyr. Olar dogry hem, ýalan hem bolup biler, şonuň üçinem olar adam üçin syýasat dünýäsinde ugur görkeziji bolup hyzmat edip bilmeýär. Ony diňe syýasy ylym we ony doly öwrenmek üçin edip biler. Syýasy ylym näme, ol haçan döredikä we ony öwrenmegiň nähili usullary we serişdeleri bar.

Syýasy ylmyň döremegi.

Syýasata akyl ýetirmegiň ikinji taryhy formasy onuň dini-mifologik beýany bolup durýar. B.e.ö. 2-1 müňýyllyklardan saklanyp galan çeşmelerden çen tutsaň ähli gadymy halklarda häkimiýetiň we jemgyýetçilik syýasy gurluşyň tarapyndadygy baradaky rowaýatlar bar. B.e.ö. 1-müňýyllygyň ortalaryndan başlap ilkinji syýasy nukdaýnazarlar we definisiýalar soňrak bolsa etiki-filosofik formada bolan tutuş taglymatlar döräp ugraýarlar. Şeýlelik bilen syýasatyň teoretik barlaglarynyň düýbi tutulýar. Ilki bilen bu proses Knfusiniň, Platonyň we Aristoteliň işleri bilen baglanyşyklydyr.

Antiki döwrüň beýik akyldary Platonyň okuwçysy bolan Aristotel syýasat ylmyny hemme ylymlardan ýokarda goýýar, sebäbi ol adamlarda adalatlylyk we hukuk kanunlary boýunça ýaşamagy öwredýär we öz maksady hökmünde umumy bähbitleri goýyar.

Özüniň syýasy netijeleri we döwlete klassifikasiýa bermekde bu akyldar örän köp materiallary – 158 şäher döwletlerini, polislerini öwrenipdir.

Aristotel ideal döwletiň ýaşamak mümkinçiligini ret edýär, onuň sebäbi onuň pikiriçe döwlet hudaý tarapyndan dörän birleşme däl-de, eýsem tebigy ösüşiň önümidir.

Filosof şäher-döwletlerini adam birleşmeleriniň iň ýokary formasy hasaplapdyr. Onuň pikiriçe Döwletiň esasy maksady-"ajaýyp durmuşa" ýetmek, ähli raýatlaryň bähbidine gulluk etmekdir.

Platondan tapawutlylykda Aristoteliň döwletinde hususy eýeçilige we maşgala uly orun berilýär.

Aristotel döwlet dolandyryşyň formasyny iki nukdaýnazar boýunça bölüpdir.

1) Dolandyryjylaryň mukdary boýunça,
2) Dolandyryşyň maksady boýunça.

Aristotel döwlet dolandyryşynyň Monarhiýa, aristokratiýa, politiýa görnüşini dogry hasaplapdyr. Sebäbi onda hökümdar ähli raýatlaryň bähbitlerini gorapdyr. Döwletiň nädogry formasy diýip, Aristotel Tiraniýa, oligarhiýa, demokratiýany hasaplapdyr. Sebäbi, şeýle görnüşler hökümdaryň bähbitlerini gorapdyr. Syýasy pikiriň ösüşinde Aristoteliň ägirt hyzmatlaryny göz öňünde tutup, ony köp halatlarda syýasy ylmyň atasy hasaplaýarlar. Ýöne bu edil beýle däl, sebäbi syýasat ylmynyň döreýşi örän uzak proses hem-de onda hakykat bilen ýalňyşlyklar parallel gidýärler. Mysal üçin, Aristoteliň gullary öz tebigaty boýunça syýasy jandar däl diýip hasaplamasy.

Aristoteliň syýasy işleri entek aýratyn sapak bolup bölünmeýärdi we etiki-filosofiki ideýalar bilen aýrylmaz baglanyşyklydy. Soňrak ýuwaş-ýuwaşdan syýasy pikir diniň täsirinden we etiki-filosofiki formadan saplanyp ugraýar. Mysal üçin: Siseronyň "Respublika hakynda" we "Kanun hakynda" diýen işleri eýýäm hiç hili umumy filosofik we dini garaýyşlary özünde saklamaýardy.

Syýasy ylmy, filosofiýany we etikany biri-birinden has takyk aýrylaşdyran alym XVI asyrda ýaşap geçen, italýan alymy Nikola Makiawellidir. Ol syýasatnamany özbaşdak ylym hökmünde kesgitläpdir. Syýasy ylym özüniň soňky ösüşlerine

Gobbsyň, Lokkyň, Manteskýeniň, Russonyň, Medisonyň, Berkiň, Miliň, Tokwiliň, Marksyň, Engelsiň, Lenininiň we ş.m işlerinde eýe bolýar.

Syýasatnama aýratyn ylym hökmünde

Örän giň syýasy barlaglaryň barlygyna sertemezden XIX asyryň II ýarymyna çenli syýasatnama aýratyn sapak hökmünde öwrenilmän, döwlet we syýasy-filosofik taglymat baradaky garaýyş hökmünde öwrenildi. Käbir alymlar syýasatnamany özbaşdak ylym hökmünde öwrenilmeginiň formal başlangyjy diýip XIX asyryň I ýarymynda Germaniýada hukuk mekdebiniň döredilmegini hasaplaýarlar, käbirleri bolsa, aýratynam amerikan alymlary ony XIX asyryň II ýarymyna degişli edýärler we 1987 ý. Kolumbiýa uniwersitetinde syýasy teoriýa okuw kursy boýunça leksiýa okap başlan, Frensis Leýberiň ady bilen baglanyşdyrýarlar, hem-de 1980-ýylda şol ýerde Džon Berdžessiň ýolbaşçylyk etmeginde syýasy ylmyň ýokary mekdebini döredýärler. Soňky ýyllarda amerikada syýasaty öwreniş we ylmy institutlaryň bütin topary döredilýär. 1903-ýylda syýasy ylymlaryň amerikan assosiasiýasy döredilýär. Häzir onuň agzalarynyň sany 16 müňden-de geçýär.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda "syýasy ylym" termini Ýewropada-da ykrar edilýär we ýaýrap ugraýar. 1986-ýylda görnükli ýewropa syýasatşynasy we sosiology, italýan G. Moska özüniň bir işini "Syýasy ylmyň elementleri" diýip atlandyrýar.

XX asyryň başlarynda syýasatnamanyň aýratyn akademik sapak hökmünde kemala gelmegi tamamlanýar. Syýasy barlaglaryň ösmegine oňaýly täsir eden zat 1949-ýylda ÝUNESKO-nyň baştutanlygynda döredilen syýasy ylmyň halkara assosiasiýasydyr, ol öz işini häzirki günem dowam edip gelýär.

Russiýada syýasy pikir uzak taryhy we köp gyzykly we özboluşly ideýalary öz içine alýar. Dünýä syýasy ylmyna görnükli goşant goşanlar: M.M. Kowalewskiý, B.N. Çiçerin,

P.I. Nowogorodsew, M.Ýa. Ostrogorskiý we beýlekiler, şeýle hem marksistik teoretikler: W.I. Lenin, G.W. Plehanow we ş.m. 1917-nji ýylyň bolşewistik rewolýusiýasyndan soň syýasy ylmyň şowhunly ösüşi kesilýär. Syýasatnama ýalan ylym, buržuaz ylym diýip beýan edilip başlanýar. Syýasatnama bolan garaýyşlar 80-nji ýyllaryň II-ýarymyndan başlap üýtgäp başlaýar. Häzirki günde her-hili kynçylyklara seretmezden syýasatnama ylmy jemgyýetçilik aňynda özüniň mynasyp ornuny eýeleýär, demokratik döwlet gurluşyna, praktiki syýasata özüniň täsirini ýetirýär.

Syýasatnamanyň predmeti baradaky jedeller

Syýasatnama sözüniň gös-göni terjimesi-syýasat hakyndaky ylymdyr. Bu babatda alymlaryň arasynda garşylyklar ýok, ýöne syýasatnamanyň syýasaty nähili giňişleýin öwrenýändigi jedelli bolup durýar. Alymlar bu problemany dürli-dürli beýan edýarler:

Syýasatnama-syýasat hakyndaky ylymlaryň biridir. Syýasatnama ylmy jemgyýetde adatça döwleti, partiýalary, häkimiýeti amala aýan ýa-da oňa täsir edýän beýleki institutlary, şeýle hem birnäçe beýleki hadysalary öwrenýär. Syýsatnama syýasat hakyndaky ylymlaryň biri hökmünde garaýan bu pozisiýa soňky ýyllarda özüniň täsirini has beterem Ýewropada ýitirip ugrady.

Syýasatnama – takyk ylym.

Syýasatnama – syýasat hakyndaky ýeke täk ylymdyr. Ýöne ol jemgyýetçilik durmuşynyň bu sferasy hakyndaky ähli bilimleri özünde jemleýär, ol diňe takyk, ylmy, empirik metodlary özüne birikdirýär. Syýasy ylmyň mazmunyna umumyteoretik dissiplinalar: syýasy filosofiýa, syýasy etika, syýasy ideýalaryň taryhy we beýlekiler girmeýärler. Bu garaýyş bihewiorizmiň tarapdarlary tarapyndan öňe sürilýär. Olar syýasatnamany takyk empiriki, matematik, kibernetik metodlara esaslandyran tebigy ylymlara degişli edýärler. Bihewioristik pozisiýa syýasy bilimleri iki bölege bölýär: 1.

Normatiw bilimler, gymmatlyklar we bahalar, talaplar we islegler bilen bagly. 2. Faktlara esaslanan gös-göni ylmy bilimler. Bu pikiriň ýetmez tarapy bilimleriň bu iki görnüşiniň gapma-garşy goýulmagyndadyr we normatiw teoriýalaryň ylymdan bölünip aýrylmagyndadyr.
Syýsatnama–bütin syýasat baradaky bilimleriň toplumydyr.

Syýasatnama-syýasat hakyndaky umumy, integral ylymdyr. Ol özüne syýasat we onuň adam we jemgyýet bilen gatnaşygy hakyndaky ylymlary birikdirýär: syýasy filosofiýa, syýasy sosiologiýa, syýasy psihologiýa, syýasy institutlaryň şeýle hem döwlet we hukuk teoriýasy. Syýasatnama ýeke-täk, umumy şonuň bilen birlikde hem içinden differensirlenen ylym hökmünde garaýan syýasy pozisiýa bütin dünýäde giňden ykrar edilýär.

Şeýlelikde, syýasatnama-syýasat, onuň şahsyýet we jemgyýet bilen arabaglanyşygy hakyndaky ýeke täk integral ylym. Bu ylma mundan takyk kesgitleme bermek mümkin däl. Munuň sebäbi "syýasat" termininiň adatdan daşary köp manylylygynda we onuň predmeti hakyndaky pikirleriň kjedelli bolmagyndadyr. Şu zatlary göz öňüne tutmak bilen käbir awtorlar bu ylma umumy kabul edilen kesgitleme bermekden boýun towlaýarlar.

Syýasy ylmyň dủzủmi.

Manysy boýunça syýasatnama ýeke täk ylym bolup, ol öz içinde differensirlenendir, ol özüne syýasatyň dürli taraplaryny, aspektlerini we onuň jemgyýet bilen gatnaşygyny şöhlelendirýän has takyk dissiplinalary birikdirýär. Nemes alymy P. Noakyň ýazmagyna görä syýasy ylym dört sany esasy dissiplinadan düzülýär: Syýasy filosofiýa ýa-da syýasy teoriýa, syýasy institutlat baradaky taglymatlar, syýasy sosiologiýa, halkara syýasat teoriýasy.Hemme syýasy ylymlary iki topara bölmek bolýar. Biri syýasdatyň gös-göni özüni öwrenýän dissiplinalar we onuň dünýä bilen arabaglanyşygyny öwrenýän

ylymlar. Birinji topara: syýasy filosofiýa, syýasy institutlar hakyndaky taglymatlar, halkara syýasat teoriýasy, syýasy taryh.

Ikinji topara: syýasy sosiologiýa, syýasy psihologiýa, syýasy geografiýa we ş.m.

Syýasy filosofiýa-syýasaty bütewilik hökmünde öwrenýän, onuň tebigatyny, adam üçin ähmiýetini, şahsyýet bilen şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň häkimiýetiniň aragatnaşygyny, we syýasy gurluşyň ideallaryny we normatiw prinsiplerini işlemegi şeýle hem syýasata baha bermegiň umumy kriteriýalaryny öwrenýär. Syýasy filosofiýa ol ýa-da beýleki syýasy hadysalaryň näme üçin bolýandygyna we olaryň nähili bolmalydygyna jogap bermäge synanyşýar. Şeýlelik bilen syýasy filosofiýa syýasy pikirleriň umumy metodologik bazasy hökmünde hyzmat edýär, dürli konsepsiýalaryň mazmunyny kesgitleýär, adamyň, jemgyýetiň we häkimiýetiň aragatnaşygyndaky uniwersal prinsipleri we kanunlary ýüze çykarýar, döwlet häkimiýetiniň çäklerini we prinsiplerini kesgitleýär we ş. m. Syýasy filosofiýa syýasy ylmyň ýaşamagynyň ilkinji taryhy formasydyr. Filosofik bilimler adamyň dünýägaraýşynyň we jemgyýetiň syýasy medeniýetiniň ýadrosyny düzýär.

Syýasy institutlar baradaky taglymatlar Ilki bilen jemgyýetiň syýasy guramasy teoriýasy, döwlet we hukuk, syýasy partiýalar we beýleki institutlar hakyndaky teoriýalar hökmünde öňe sürülýär. Bu taglymatyň ramkasynda birnäçe otnositel özbaşdak dissiplinalar bar. Mysal üçin: Döwlet we hukuk hakyndaky taglymatlar döwletiň umumy teoriýasyndan başgada ýuridik ylymlaryň birnäçesini özüne birikdirýär. Syýasy barlaglaryň merkezinde durýan syýasy institutlar onda häzirem esasy orny eýeleýär.

Halkara syýasat taglymaty.

Halkara guramalary we birleşmeleri (BMG, NATO, OBSE we ş. m.), döwletleriň, partiýalaryň, jemgyýetçilik hereketleriniň daşary syýasy işini, halkara gatnaşyklaryny öwrenýän syýasy barlaglar oblasty. Şeýle hem ol uruş we parahatçylyk problemalaryny, halkara konfliktleriň öňüni almak we sazlamak, täze dünýä tertibini formirlemek problemalaryny öwrenýär.

Syýasy taryh.

Syýasy teoriýalary, garaýyşlary, institutlary we wakalary olaryň hronologik yzygiderliliginde we olaryň özara baglanşygyny öwrenýär. Bütin adamzat taryhy belli bir derejede bolup geçen syýasat. Taryhy bilmezden geljegi öňünden görmek we oňa düşünmek mümkin däl. Şonuň üçin hemme syýasy barlaglar syýasy taryha ýüzlenýärler.

Serhet syýasy ylymlar.

Bu topara syýasatnama bilen beýleki ylymlaryň arasynda ýerleşýän ylymlar degişlidir. Olaryň iň esasylary:

Syýasy sosiologiýa. Syýasat bilen jemgyýetiň, sosial gurluş bilen syýasy institutlaryň we prosesleriň arasyndaky arabaglanyşygy hakyndaky ylym. Bu ylym syýasatnama bilen sosiologiýanyň arasynda ýerleşýär. Ol beýleki syýasat hakyndaky ylymlaryň içinden ilki bilen öz predmetini öwrenmeklige sosiologik çemeleşmek bilen saýlanýar, syýasatyň jemgyýete garaşlydygyny ýüze çykarjak bolýar.

Syýasy psihologiýa-syýasy özüňi alyp barşyň subýektiw mehanizmlerini, oňa aňyň, emosiýanyň we adamyň erkiniň täsirini öwrenýär. Bu ylym adamyň özüni alyp barşyna indiwidiň daş-töwerek bilen özara täsiriniň prosesi we netijesi hökmünde seredýär.

Syýasy psihologik barlaglar elektoral we beýleki syýasy özüň alyp barşy, syýasy liderligi, syýasy sosiolizasiýany, syýasy konfliktleri we hyzmatdaşlygy öwrenmekde has giňden ulanylýär. Bu ylmyň otnositel özbaşdak ugry Z. Freýdiň, B. Bullitiň, G. Lassueliň, E. Fromyň işlerinde görkezilýän syýasy psihoanalizdir.

Syýasy antropologiýa. Syýasatyň adamyň taýpa-tire hiline: biologik, intellektual, sosial, medeni, dini we ş.m. şeýle hem tersine syýasy gurluşyň şahsyýete täsirini öwrenýär. Bu ylym urug taýpa gurluşly primitiw etniki birleşmelerindäki syýasatyň elementlerini öwrenmäge uly üns bertýär.

Syýasy geografiýa. Syýasy prosesler bilen olaryň giňişlik ýagdaýynyň (Mysal üçin: Okeana ýakynlygymny, güýçli döwletlere ýakynlygyny we ş.m. ) territorial, ykdysady-geografik, klimatik we beýleki faktorlary bilen özara täsirini öwrenýär.

Syýasy astrologiýa.

Kosmosyň, ýyldyzlaryň ýerleşişiniň, Gün aktiwligiginiň, Aýyn fazasynyň syýasy wakalara we syýasy özüňi alyp baryşa täsirini öwrednýär.

Syýasy ylmyň metodlary.

Syýasy ylmyň ulanýan köp dürli metodlaryny onuň predmetini çuň we köptaraplaýyn öwrenmäge ýardam edýär. Olaryň syýasaty öwrenmekde birnäçe ugurlary, usullary bar. Syýasatnama nähili metodlary ulanýarka?

Onuň has köp ulanýan we has wajyp metodlaryny üç topara bölmek bolýar. Birinji-syýasaty öwrenmegiň umumy metodlary, (olara köplenç çemeleşme diýip atlandyrýarlar.) Olar gös-göni öwrenilýän obýekte gönükdirilenligi bilen tapawutlanýar. Bu toparyň esasy çemeleşmeleri: sosiologik, kulturtologik, normatiw gymmatlyk, funksional, bihewioristik,

sistemalaýyn, institusional, antropologik, psihologik, deňeşdirme, substansional, antologik, taryhy çemeleşmelerdir.

Umumylogiki we empiriki metodlar.

Birinji toparyň ýokarda hemme ady tutulan we beýleki birnäçe metodlarynyň ulanylmagy syýasy hakykata köptaraplaýyn dürli-dürli häsiýetnama bermäge mümkinçilik berýär. Ýöne syýasaty öwrenmegiiň ikinji topary hem bar. Olar syýasy obýektlere degişli bolman, gös- göni akyl ýetiriş prosesiniň guralyşyna we prosedurasyna degişlidir. Kä halatlarda olary umumylogiki metodlar diýip atlandyrýarlar. Bu akyl ýetiriş serişdeleri syýasata ýörüte häsiýetnama bermeýär hem-de diňe bir syýasatnama ylmyna degişli bolman, eýsem bütin ylma degişli bolup durýar. Bu metodlar toparyna: induksiýa we deduksiýa, analiz we sintez, taryhy we logiki analiziň sazlaşygy, modelirlemek, pikirlenme tejribesi, matematik, kibernetik, prognostik we ş.m. metodlar girýärler. Syýasatnama akyl ýetiriş metodlarynyň üçünji toparyna empirik barlaglar metodlary düzýärler. Syýasy faktlar hakyndaky ilkinji informasiýalary almak. Şeýle metodlara: statistikanyň ulanylmagy, dokumentleriň analizi, amnketa soragy, laboratoriýa tejribeleri, işjeň oýunlar degişlidir. Empiriki metodlar amaly syýasatnamada hem giňden ulanylýar.

## Syýasy partiýalar we partiýa ulgamlary.

Syýasy sahnada dürli syýasy güýçler hereket edýärler, olaryň käbiri öz bähbitleri ugrunda açyk göreşýärler, olara real güýçler diýýärler, käbiri bolsa gizlin hereket edýärler, olara latent güýçler diýilýär.

Syýasy sahnada real hereket edýän syýasy güýçleriň has täsirlisi partiýalardyr.

Toparlaýyn we indiwidual bähbitleri öňe sürmekde hem-de wekilçilik nukdaý nazardan syýasy partiýalar raýat jemgyýetiniň esasy elementi bolup çykyş edýär. Syýasy güýçler raýat jemgyýetinde döräp we onuň toparlarynyň bähbitlerini öňe sürip, döwlet bilen graždan jemgyýetiniň arasynda birikdiriji zweno bolup hyzmat edýär.

Syýasy partiýalar häzirki zaman düşünjesinde XIX asyryň II-nji ýarymynda döräpdir.

Partiýa termininiň özi bolsa “Part”-haýsydyr bir zadyň bölegi syýasy partiýalaryň döremeginde öňem ulanylypdyr.

M.Weber taryhy prosesde partiýalaryň syýasy institut hökmünde döremegini 3 etaža bölüpdir: 1 Partiýalaryň aristokratik toparlar hökmünde ýaşamagy. 2. Syýasy klublar hökmünde ýaşagy. 3 Häzirki zaman köpçülikleýin partiýalar. XVII asyrda özünden soň gös-göni mirasdary bolmadyk korolewa Ýelizoweta Týudoryň ölüminden soň, tagt ugrundaky jedelleriň netijesinde döräp başlady.

Ýakow I Stýuart (1603-1625) we Karl I stýuart (1625-1649) öz hökümdarlyk “hudaý häsiýetlidigine” daýanypdyrlar hem-de ol häkimýeti hiç kimiň çäklendirip bilmejekdigine ynanypdyrlar. Ýöne iňlis jemgyýetinde beýle pikire hemmeler uýmandyrlar. Korol I-niň parlamenti dargamagyna getirýär. 1628-nji ýyldan 1640-njy ýyllar aralygynda Welikobritaniýada parlament ýuwaş-ýuwaşdan ýaşamagyny bes edýär. Netijede 2 sany partiýa döreýär. Olaryň biri korol häkimýetini gorap çykyş edýär, kowalerler partiýasy olar häzirki konserwatorlaryň düýbini tutujylar, ikinji partiýa bolsa togolok kelleliler partiýasy, häzirki angliýanyň liberal partiýasynyň düýbüni tutujylar olar parlament dolandyryş formasyny goldapdyrlar we buržuaziýanyň hem-de täze dworýanlaryň bähbitlerini gorapdyrlar.

Dürli toparlaryň bähbitleriniň diferenteýasynyň ösmegi netijesinde partiýalaryň başdaky umumymilli bähbitlerine, toparlaryň bähbitlerini goraýan mehenizm bilen çalşylýar. M.

Weber tarapyndan üç etabyň üçüsinem diňe iňlis partiýalary-wigiler (liberal) we toriler(konserwatiýa) geçdiler. Beýleki ýurtlardaky syýasy partiýalaryň taryhy birneme gysga.

ABŞ-nyň Demokratik partiýasy XIX asyryň 1-ýarymynda 1828 ýylda resmileşdirilýär.

G.O. plantatorlaryň we söwda bank toparlarynyň bähbitlerini gorapdyr. Bu partiýanyň gözbaşynda ABŞ-yň 3-nji prezidenti T.Jefferson durupdyr.

Demokratik idiologik ugry boýunça klassyk liberal partiýa bolupdyr, ýagny häkimýet graždanlaryň durmuşyna az gatnaşmaly diýen nukdaý nazardan ugur alýarlar.

Ýöne XX asyryň ortalaryna çenli partiýanyň filosofiýasy üýtgedi. Eýýäm ruzweltiň (1933-1945), L. Džonsonyň (1963-1969) döwürlerinde demokratlar praktikada döwletiň graždan jemgyýetiniň işine gatyşmagynyň çäklerini giňeltdi, döwletiň ugrukdyryjy funksiýasyny we döwletiň sosial konfliktleriniň öňüni almak, jemgyýetdäki bähbitleriň balansyny saklamak ukubyny güýçlendirdi.

ABŞ-yň ikinji partiýasy – Respublikan partiýa 1854 ýylda prezident A.Linkolynyň (1861-1865) gös-göni gatnaşmagynda döredildi. Ol ýurduň kapitalistik ösüşiniň tarapdarlaryny birikdirýär we Demirgazygyň senagat buržuaziýasynyň bähbitlerini öňe sürýär. Bu partiýanyň idiologik dektrinasy döwletiň graždan jemgyýetiniň işine azrak goşulmagyny, naloglaryň azaldylmagyny talap etmekden durýar.

Häzirki zamanda Amerikanyň iki partiýasy hem mümkin boldugyça adamlaryň giň köpçüliginiň bähbitlerini beýan etmäge çalyşýarlar.

Syýasy partiýanyň alamatlary Umumy bähbitleri bildirýän her bir adamlaryň toparyna partiýa diýip bolmaýar.

Amerikan alymlary Lapalambara Dj. Bilen M. Weýner “Syýasy partiýalar we syýasy ösüşler” diýen syýasy partiýalaryň beýleki syýasy güýçlerden tapawutlandyrýan alamatlary ýüze çykarypdyrlar.

Olar partiýanyň 4 alamatyna tapawutlandyrypdyrlar.

1. Partiýa – adamlaryň uzak wagtlap birleşýän guramasydyr. Bu garamanyň uzak möhletliligi ony Fransiýadan, Kliklerden tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.
2. Häkimiýet bilen yzygiderli aragatnaşygy üpjün edýän guramalaryň bolmagy.
3. Partiýanyň maksady – häkimiýeti ele almak.
4. Halkyň goldamagy.

Syýasy partiýalar örän köpdürli, şonuň üçin olary tipleşdirmek şertleýindir.Häzirkizamanda umumy kabul edilen we has şowly klassifikasiýa M. Dýuwerže degişlidir. Ol partiýalary içki durmuşynyň gurluşyna we strukturasyna esaslanyp bölüpdir. Ol kadrlar hem-de köpçülikleýin partiýalary ýüze çykarypdyr.Kadrlar partiýasy ekmek saýlaw hukuklary çäklendirmänkä döräpdirler. Ýapyk syýasy giňişlikde kadrlar partiýasy häkimlik ediji synplaryň, ilki bilen buržuaziýanyň syýasy bähbitlerini goraýan serişde bolupdyr. Olaryň maksady saýlawlarda eňmek. Onuň üçin olaryň öz sanlaryny köpeltmäge çalyşman, saýlawçylara täsir edip biljek elitalary birleşdirmäge çalşypdyrlar. Kadrlar partiýanyň esasy stuktura alamaty komitetler. Olar territorial prinsipi boýunça döredilýär, agzalaryň sany köp bolmaýar. Komitetleriň esasy wezipesi saýlawdan öňki kompaniýalary gurnamak we geçirmek.Komitetleriň agzalary häkimýet organlaryna saýlawlar üçin kandidatlary saýlaýarlar we olar barada jemgyýetçilik pikirini öwrenýärler. Komitetleriň işi saýlawl ardan öň has aktiwlenilýär, soňra bolsa ýatyşýar.Komitetler awtonom ýagdaýynda, olar bir-biri bilen örän gowşak gatnaşykda. Olaryň ähli işleri posta hödürlenilýän kandidatyň daşynda jemlenýär, şeýle prinsiplerde guralan partiýalarda agzalyk wznoslary yzygiderli töleýän, agzalyk guramalary ýok. Bu hem Dýuweržä olary kadr partiýalary diýip atlandyrmaga esas bolýar.Köpçülikleýin partiýalar ähli umumy saýlaw

hukuklarynyň girizilmegi bilen döreýär. Bu partiýalar köpçülikleýin häsiýete eýe bolan, täze tipli partiýalardyr. Partiýalaryň ilkinji guramalary territorial we önümçilik prinsipi boýunça guralýar. Ýöne komitetlerden tapawutlykda olar täze agzalar üçin açyk bolýarlar. Ondan başgada köpçülikleýin partiýalaryň ilkinji guramalary öz hatarlaryny doldurmaga çalyşýarlar. Bu hem partiýanyň wznoslaryň hasabynda ýaşaýanlygyny şaýatlyk edýär. M.Dýuwerža köpçülikleýin partiýalaryň üç görnüşinde ýüze çykarypdyr: sosialistik, kommunistik, faşistik. GB. Jemgyýetiniň ykdysady, medeni, sosial sferalarynda üýtgemeleriň netijesinde amerikan politology Dž. Sortory Dýuweržiniň klasifikasyýasyny ýene bir täze partiýa bilen saýlawçylar partiýasy bilen dolduryar. Saýlawçylar partiýasy hiç hili ideologiýa bilen bagly bolmadyk, umumy milli bähbitleri goramaga çalyşýar. Şeýle partiýalara ewropanyň sosial demokratik we ABŞ-nyň respublikan partiýasy degişlidir. Dýuweržiniň klasifikasyndan başgada Sortorynyň klasifikasiýasy bar. Ol partiýalary “Dolandyryjy” we “oppzision” partiýalara bölýär. Dolandyryjy partiýalar – bu partiýalar saýlawda üstün çykan we hökümeti emele getiren partiýalar. Apazision partiýalar – saýlawlaryň netijesinde häkimýet funksiýalaryny amala aşyrmak mümkinçiliginden mahrum bolan partiýa ýa-da partiýalar kolleksiýasy.Bize belli bolşy ýaly syýasy partiýalar dürli gatlaklaryň we synplaryň bähbitlerini goramak üçin döreýärler. Partiýalaryň mukdary jemgyýetdäki sosial, ykdysady, medeni gatlaklaryň derejesi ýokary bolsa, şonçada onda partiýalaryň sany köp. Şeýlelikde her partiýa bir sosial toparyň bähbitlerini goraýar. Käbir partiýalar, mysal üçin KPSS bütin jemgyýetiň bähbitlerini goraýar. Syýasy partiýalaryň we olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň jemi partiýa sistemasyna düzýär. Partiýa sistemalaryny mukdar we hil çäkleri boýunça tapawutlandyrýarlar. 1) Bir partiýaly sistema, munda döwlet häkimýetinde ýeke-täk

Adaça şeýle sistema, totalitar ýa-da awtoritar rejimlere häsiýetlidir.
2.Iki partiýaly sistema-Munda partiýalaryň sany birnäçe, ýöne olaryň iksanysy has täsirli bolýar. Bu sistema durnukly hökümeti döretmäge mümkinçilik berýär. Şeýle hökümet jemgiýetde çuňňur öwrülişikler geçirmäge ukyplydyr. Iki partiýaly sistemanyň klassiki mysaly hököminde Welikobritaniýany görkezmek bolar. Ýurtda häkimiet başyna leýboristik we konserwatiw partiýa gezekleşip geçýär.
Köp partiýaly sistema ýurduň syýasy durmuşynda köp ýa-da ikipartiýa aktiw rol oýnaýar. Partiýalaryň köplügi sossial bähbitleriň çylşyrymlydygyny görkezýär. Seýle sistema ylalalkaşygyň kompromisiň gözleginde bolýar,Ýagny partiýalaryň hiç biriniň artyk syýasy häkimiýeti ýok. Köp partiüýaly sistema G.b ýurtlary girýär. Olarda ykdysady milli, dini we ideologiýa aýratynlyklary partiýalaryň köplügini döredýär. Mysal üçin: Italiýada- 14 partiýa, Gollandiýada-12, Şwessiýada-30, Daniýada-30 ,Norwegiýada-bäş we ondan-da köpräk partiýalar bar.
Partiýa sistemalary partiýalaryň syýasy agramy boýunça tapawutlandyrylýar. Syýasy partiýalaryň orny, olaryň döwlete we jemgiýete täsiri birmeňzeş däl. Jemgiýete we häkimiýete ýetirýän syýasy täsiriniň mnasştaby partiýa sistemasynyň içki gatnasýklarynyň häsiýetini kesgitleýär. Partiýalaryň syýasy täsiri üç alamatdan ybarat: a) partiýanyň agzalarynyň sany, b) oňa ses beren saýlawçylaryň sany, w) partiýanyň saýlawlarda alan deputat mandatlarynyň sany.
Syýasy «agramy» boýunça partiýalaryň 4 tipi bar.
1.Mažoritar partýa- ýagny mandatlaryň absolýut köplügini gazanan we öz syasy kursyny geçirmäge hukuk gazanan partiýa.
2.Mažoritar çagyryşly partiýa- ýagny eger häkimiet başyndaky partiýa çalyşsa ol partiiýa saýlawda ýeňmäge ukyplu.

3.Dominirleji partiya- ýagny deputat ýerleriniň otnositel köplügini gazanan partiýa,
4. Minoritar partiýa, ýagny mandatlaryň öz sanyny gazanan partiýa.
Partiýalaryň ýerine ýetirýän işleri:
Partiýalaryň jemgiýetçilik durmuşundaky roluna we ornuna düşünmek üçin onuň funksiýalaryny çykarmak hökman. Häzirki zaman şertlerde syýasatnamaçylar tarapyndan partiýanyň şu aşakdakylaryny tapawutlandyrdylar.
1. Graždanlaryň sosizal syýasy aňynyň döremegi we bähbitleriniň birligi netijesinde birikdirilmegi.
2. Jemgiýetiň ýaşaýan syýasy we sosial- ykdysady ýagdaýyny köpçülige düşündirmek.
3. Häkimýet ugrundaky göreşe gatnaşmak we döwletiň işiniň programmasyny düzmek.
4. Parlamentde partiYa fransiýasynyň döredilmegi. Ol partiýa bilen häkimýet organlarynyň arasyndaky zweno hökmünde bolup onuň üstünden partiýa özüniň kanunçykaran inisiatiwasy bilen çykyş edýär.
5. Beýleki partiýalar bilen gatnaşmagyň formalaryny we prinçiplerini işläp düzmek.
6. Döwlet organlaryna oppazisiýa döretmek.
7. Döwlet opparatyny, prowsoýuz, jemgiýetçilik guramalary üçin kadrlary taýýarlamak we öňe sürmek.
8. Yaşlary aktiw syýasy, sosial- yksdysady işlere çekmek.
Maks Weber partiýanyň ösüşini 3 etapa bölüpdir:

1. XVI-XVII a.a. partiýalar Ýewropada aristokratik toparlaryň bähbitlerini aňladýan, syýasy elitanyň az sanyny özüne birikdirýän topar hökmünde ýaşapdyr.
2. XVII-XIX a.a. – eýýam olar adamlary syýasyaktiw işe çekmäge synanyşýan syýasy klublar bolupdyr.
3. XIX-XX a.a. häzirkizaman köpçülikleýin partiýalar döreýär. Olkinji köpçulikleýin partiýa 1861 ý. Angliýada

döredilen liberal partiýa. 1863 ý. nemes işçi soýuzy tarapyndan döredilen – köpçülikleýin işçi partiýasy. Ýolbaşçysy F. Lassal.

## Adam hukuklary.

Jemgyýetde ýaşaýan adamlaryň bähbitlerini tertipleşdirmek, sazlamak we ony ynsanperwerleşdirmek kesgitli prinsipleriň üsti bilen amala aşyrylýar, ol prinsipler indiwidiň, jemgyýetiň we döwletiň arasyndaky özara gatnaşyklaryna ynsanperwer gymmatlyklary girizýär. Ynsanperwer düşünjeleriň ýörite aýdyňlaşdyrylmagyna syýasatda adam hukuklary diýilýär. Olar adamlar bilen döwletiň arasyndaky özara gatnaşyklarynyň prinsiplerini, düzgünlerini aňladýarlar. Şahsyýetiň öz pikiri boýunça hereket etmegini üpjün edýär.

Ol ýada beýleki görnüşde beýan edilýän adam hukuklary hakyndaky mesele bütün adamzadyň taryhy bilen bile dowam edip gelýän meseledir. Adam hukuklary indiwidiň, jemgyýetiň we döwletiň özara gatnaşyklarynda azatlygy, şahsyýetiň mertebesini we onuň iň ýokary gymmatlyk derejesini berkidýär.

Indiwidiň döwlet bilen özara gatnaşygynyň dört sany esasy usuly bar:

Totalitar, patriarchal, indiwidualistik we partisipator (gatnaşmak).

Şeýle gatnaşyklaryň totalitar modeli bütewiligiň kiçijik bölegiň üstünden agalygyny we indiwidiň döwlete boýun egdirilmegini aňladýar. Bu ýerde adam hukuklary diýen mesele aradan aýrylýar, sebäbi adama bir bütewiligiň organiki bölegi hökmünde seredilýär.

Indiwidiň we häkimýetiň özara gatnaşygynyň patriarhal görnüşi adamlaryň hukuklarynyň we borçlarynyň çylşyrymly

gatnaşyklaryny, häkimýete bolan gatnaşykda olaryñ ýagdaýynyñ deñsizligini añladýar. Ol jemgyýeti birnäçe synplara we toparlara bölýär, aşaky gatlaklar syýasy hukuksyz, ýokary gatlaklar bolsa iñ ýokary häkimiýet ygtyýarlyklardan peýdalanýarlar, patriarhalgatnaşyklaryñ esasy çeşmesi we paýlaýjy bolup, awtoritar hökümdar (monarh, dictator we ş.m.) çykyş edýär.

Şahsyýetiñ we häkimiýetiñ özara gatnaşyklarynyñ indiwidualistik usuly döwlete bolan gatnaşykda indiwidiñ ýokarylygyna esaslanýandyr. Ol liberalizmde has aýdyñ görkezilendir, ýagny erkin şahsyýet her bir häkimýetiñ ahyrky çeşmesidir, şol sanda döwlet häkimýet diýen diýen pikirden ugur alynýar.

Häzirki zaman syýasat ylmynda indiwidiñ we häkimiýetiñ özara gatnaşyklaryna partisipator çemeleşme has agalyk edýär. Ol şahsyýeti jemgyýetden izolirlenen, erkin ýaşaýyş üçin adamlar bilen mejbury döwlet döredýän jandar hökmünde ýaradman, eýsem döwleti peýdalanmakbilen şahsyýetiñ erkin ýaşaýşy we ösüşi üçin iñ gowy şertleri üpjün edýär.

Adamzadyñ irki döwründe, urug-taýpa gatnaşyklary şertlerinde adam hukuklary meselesi bolmandyr, sebäbi ol döwürde indiwidden aýry häkimiýet bolmandyr, seýle hem häkimiýetli gatnaşyklarda şahsyýetiñ gymmatlygyny we azatlygyny goramaklygyñ zerurlygy bolmandyr.

Adam hukuklary meselesiniñ döremeginiñ özi jemgyýetiñ, döwletiñ we adam özbaşdaklygynyñ ösmegi bilen berk baglanşyklydyr.Häkimiýete bolan gatnaşykda özbaşdak mertebäniñ we şahsyýetiñ özbaşdaklygyna düşünmekligiñ we ykrar edilmeginiñ ilkinji taryhy görnüşi b.e.ö. 1 müñýyllygynda dörän tebigy hukuklar hakyndaky ideýalardyr.

Bu ideýalar ilki bilen gadymy grek filosoflarynda: Likofronyñ, Antifonyñ, Alkidamyñ işlerinde gabat gelýär. Olaryñ aýtmagyna görä hemme adamlar dogulandan deñdirler

we olara tebigat tarapyndan birmeñzeş deñ hukuklar berlendir. Likofronyñ beýan etmegine görä döwletiñ özi bolsa jemgyýetçilik şertnamasynyñ netijesidir.

Galybersede adam hukuklar meselesine özüniñ ähmiýetli goşandyny goşan Aristoteldir. Aristotel adamyñ tebigy hukuklaryny, ilki bilen hem onuñ hususy eýeçiligi bolan hukuklary gorapdyr.

Aristoteliñ pikirine görä hususy eýeçilige bolan hukuklar adamyñtebigaty, onuñ öz-özüni söýýän jandarlygy bilen baglydyr. Aristotel häzirkizaman adam hukuklary taglymatyna ýakyn, birnäçe ideýalary öñe sürüpdir. Ol döwletiñ raýatynyñ hukuklaryny diñe bir ykrar etmän, eýsem olary tebigy, şertleýin we pozitiw hukuklar diýip tapawutlandyrypdyr.

Häkimiýet bilen gatnaşyklardaky we beýleki adamlar bilen gatnaşykda indiwidiñ awtonomiýasy, mertebesi we deñligi Gadymy Gresiýanyñ we Gadymy Rimiñ filosoflarynyñ ideýalarynda diñe erkin raýatlara degişli edilýär, gullara degişli edilmeýär.

Adam hukuklary taglymatynyñ esasyny düzýän ynsanperwer gymmatlyklary köpçülikleýin ýaýratmaga Hristiýançylyk uly goşant goşýar. Ol ynsanperwer ideýalary dini-ahlak gymmatlyklar bilen birleşdirip, oña iñ ýokary gymmatlyk derejesiniberýär.

Hristiýançylyk adamyñ içki dünýäsine, onuñ ynanjyna we gymmatlyklary saýlap almagynaerkinlik berýär, şeýdibem adamyñ özbaşdaklygynyñ ösmegine ýardam edýär. Hristiýançylyk Hudaýyñ her bir adamy gaýtalanmaýan görnüşinde ýaradanlygy üçin sylag-hormata mynasypdygyny öñe sürýär. Hudaý tarapyn dörediliş hemme adamlaryñ deñligini şertlendirýär.

Feodalizm döwründe deñlik ideýasy, hemme adamlaryñ tebigy hukuklary ýa-da erkin raýatlaryñ hukuk taýdan deñligi inkär edilýär.

Hukuga monarh ýa-da süzeren tarapyndan berlen artykmaçlyk, sowgat hökmünde beýan edilipdir. Synplaryň hersi ýörite hukuklardan peýdalanypdyr. Hukuklar synpy basgançagy peseldigiçe kemelýär.

2. Biziň günlerimizde adam hukularyna köp ýurtlar üçin dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen gymmatlyk hökmünde seredilýär.

“Adam hukuklary” termininiň özi dar we giň manyda ulanylýar. Dar manysynda – bu diňe döwlet tarapyndan goralýan we kepillendirilýän hukuklar, ol hukuklar konstitusion berkidilmegine we territoriýal araçäklere garamazdan ulanylýar. Ol hukuklara hemme adamlaryň kanun öňünde deňligi, ýaşamaga bolan hukugy we eldegirilmesizlik, adamçylyk mertebesiniň hormatlanmagy, bikanun tussag etmeklikden we saklanmakdan goraglylyk, ynanjyň we ynsabyň erkinligi, ene-atalaryň çagalaryny terbiýelemäge hukugy, erijilere garşy göreşmäge hukuklar we ş.m.

Giň manyda – adam hukuklary bütin şahsyýetiň hukuklarynyň we azatlyklarynyň giň toplumyny we olaryň dürli görnüşlerini özüne birikdirýär.

Adam hukuklarynyň häzirkizaman görnüşlere bölünýän dürli-dürliligidir. Ol görnüşleriň belli bir derejede umumy Kabul edileni ähli hukuklary negatiw we pozitiw görnüşlere bölmekdir. Hukuklary şeýle tapawutlandyrmak olara erkinligiň pozitiw we negatiw görnüşleriniň bolmagyna esaslanandyr. Belli bolşy ýaly, erkinligiň negatiw manysynda şahsyýete bolan gatnaşykda mejburylygyň, çäklendirilmäniň ýoklygy, öz islegiň boýunça hereket etmek mümkinçiligi, pozitiw manysynda – erkin saýlaw, adamyň öňde goýýan maksatlaryna etmeginiň usuly hökmünde ýüze çykmasydyr.

Negatiw hukuklar döwletiň we beýleki adamlaryň borçlaryny kesgitleýär. Olar şahsyýeti onuň azatlyklaryny bozýan zatlardan goraýarlar. Bu hukuklar esasy, absolýut hasaplanylýar. Olary amala aşyrmak döwletiň resurslaryna,

ýurduñ sosial-ykdysady ösüşiniñ derejesine bagly däldir.Negatiw hukuklar indiwidual erkinligiñ fundamentini düzýär. Olar ähli liberal hukuklar negatiw hukuk häsiýetine eýedir.

Bu hukuklar toparynyñ(umuman negatiw we liberal) ýuridiki berkidilmegine mysal bolup, ABŞ-nyñ konstitusiýasynyñ hukuklar hakyndaky Billidir. Biliñ ähli maddalary şahsyýeti höhümet tarapyndan adlatsyzlyklardan goramaklyga gönükdirlendir.

Negatiw hukuklardan tapawutlylykda pozitiw hukuklar döwletiñ, şahslaryñ we guramalaryñ ol ýa-da beýleki abadançylyklary, kesgitli hereketleri amala aşyrmagyny añladýar. Pozitiw hukuklar ähli sosial hukuklaryñ häsiýetine eýedir. Mysal üçin: bilim almak, saglygyñy goramak, gowy ýaşaýyş derejasi we ş.m. Bu hukuklary amala aşyrmak, negatiw hukuklara garanyñda has kyn. Pozitiw hukuklary amala aşyrmaklyk, döwletde ýeterlik resurslarybolmasa mümkin däl. Resurslaryñ döwletde ýetmezçilik eden ýagdaýynda pozitiw hukuklar diñe “gedaýlykdaky deñligi” kepillendirip biler.

Raýat we syýasy hukuklar.

Adam hukuklarynyñ has takyk we giñden ýaýran görnüşi hukuklary amala aşyryş sferasyna bagly bolyar, ýagny raýat(şahsy) syýasy, ykdysady, sosial, medeni.

Raýat(şahsy) hukugy – bu negatiw hukuk häsiýetine eýe bolan, tebigy, eldegirilmesiz hukuklardyr. Olary raýatyñ döwletiñ raýatlygyny göterýän adamyñ hukuklary bilen çalşyrmaly däldir. Raýat hukuklary tebigy hukuklardan gelip çykýar. Raýat hukuklaryna adamça ýaşamaga, erkinlige we şahsy eldegirilmesizlige, mertebäñi goramaga, adyl, garaşsyz we köpçulikleýin suda, hat alyşmaklygyñ, telefon, telegraf we beýleki habarlaryñ gizlinligine, bir ýerden beýleki ýere göçmekligiñ erkinligine, ýaşamaga ýeri saýlamaklyga, şeýle hem islendik döwletden göçüp gitmäge we öz ýurduña gaýdyp gelmäge we ş.m. zatlara bolan hukuklary degişli edýärler.

Köp döwletleriñ konstitusuýalarynda raýat hukulary syýasy hukuklar bilen bir topara birikdirlendir. Muña kanunlaryñ iki görnüşiniñ hem negatiw häsiýete eýe bolmagydyr şeýle hem hukuklaryñ iki görnüşiniñ hem şahsyýetiñ azatlyklaryny üpjün etmäge gönükdirlendir.

Syýasy hukuklar raýatlaryñ jemgyýetçilik durmuşyna we döwleti dolandyrmaklyga işjeñ gatnaşmagynyñ mümkinçiligini kesgitkeýär. Olara adamyñ raýatlyga, saýlaw hukugyna, erkin soýuzlara we assosiasiyalara girmek, demonstrasiýalara we ýygnaklara gatnaşmak, informasiýa, söz azatlygyna, piker azatlygyna, şeýle hem KHS-niñ erkinligine, ynsap azatlygyna we ş.m. bolan hukuklar degişli edilýär.

Ykdysady hukular. Raýat we syýasy hukuklaryñ gapdalynda gönüden göni ykdysady hukuklar hem bolýar. Olar indiwidleriñ sarp ediş predmetlerini we hojalyk işiniñ esasy predmetlerini we hojalyk işiniñ esasy faktorlaryny(önümçilik we işçi güýç şertleri) erkin ulanyşy bilen baglydyr.

Tä 20 asyryñ ortalaryna çenli bu hukuklaryñ iñ esasysy – hususy eýeçilige, telekeçilige we işji güýjini erkin ulanmaga bolan hukuklar adatça esasy raýat hukuklaryna degişli edilipdir.

Ykdysady hukuklaryñ içinde esasy orny hususy eýeçilige bolan hukuklar eýeleýärler.

Günbatar ýurtlarynda we Russiýada 1917 ýylyñ oktýabryna çenli hususy eýeçilige bolan hukuk raýat jemgyýetiniñ ýaşamagy üçin iñ esasy şertiñ biri bolupdyr. Kommunistik döwletlerde bu hukuk inkär edilýär.

Hususy eýeçilige hukugyñ ýok ýerinde raýatlaryñ köpüsi garypçylyga we gedaýçylyga duş duş gelýärler, sebäbi bu hukugyñ kanun tarapyndan ykrar edilmedik jemgyýetinde ösen bazaar ykdysadyýetini gazanmak mümkin däl.

Şonuñ bilen bir wagtyñ özünde taryhyñ tejribesi hemme beýleki hukuklaryñ çäklendirilşi ýaly hususy eýeçilik hukugynyñ hem çäklendirlendigini görkezýär.

Sosial, medeni we ekologik hukular.

Raýat, hukuk we ykdysady hukuklary kä halatlarda liberal hukuklar ýa-da ilkinji nesliñ hukuklary diýip atlandyrýarlar. Olaryñ hemmesi negatiw hukuk häsiýetini göterýär, häkimiýet tarapyndan hukuklarynyñ çäklendirilmeginden şahsyýeti goraýar.

Ilkinji nesliñ hukuklaryna sosial hukuklary degişli edýärler. Ol hukuklar her bir adamy gowy ýaşaýyş şertleri, erkin maddy şertleri döredýärler.

Ikinji nesliñ hukuklaryna sosial, medeni we ekologik hukuklar degişlidirler.

Sosial hukuklar – her bor adamy gowy durmuş şertleri we sosil goraglylyk bilen üpjün etmek bilen bagly. Bu sosial üpjünçilik, ýaşaýyş jay, zähmet, saglygyñy goramak, bilim we ş.m. bilen bagly hukuklardyr.

Medeni hukuklar – adamyñ ruhy ösüşini kepillendirmelidir. Ol hukuklar bilim almaga, medeni gymmatlyklardan peýdalanmaga, çeper we tehniki döredijilige erkinlik hukuklaryny özüne birikdirýär.

Ekologik hukuklar – amatly daşky gurşawa, onuñ ýagdaýy häkimiýetdäki takyk maglumatlara, ekologik kanunlaryñ bozulmagynetijesinde adamyñ saglygyna we elägine ýetirilen zyýanlaryñ öweziniñ doldurylmagyna bolan hukuklar.

## Şahsyýet syýasatyň subýekti hökmünde.

Ösen medeniýetli jemgyýetlerde syýasat adamlar üçin we adamlaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Sosial toparlar, syýasy partiýalar, köpçülikleýin jemgyýetçilik hereketler nähili derejede ähmiýetli rol oýnasalaram, syýasatyň esasy subýekti hökmünde şahsyýet çykyş edýär, galyberse-de şol guramalar hem real şahsyýetlerden düzülýär.

Syýasatyň subýekti hökmünde adamyň uly roly syýasy pikiriň taryhynda giňden ykrar edilendir. Platon özüniň “Respublika” diýen işinde adam tebigatynyň “görnüşine” görä birnäçe syýasy garaýyşlary ýüze çykarýar. Aristotel bolsa özüniň “Syýasat” diýen işinde adama tebigaty boýunça syýasy jandar diýip baha berýär. Gumanistik marksizmiň garaýşy boýunça adama bütin jemgyýetiň hemme işiniň şol sanda hem syýasy işiniň merkezidir diýip baha berýär.

Şahsyýetiň syýasata gatnaşmak problemasynyň köp taraplary bar.

Birinjiden syýasata aktiw gatnaşmak bilen adam özüniň mümkinçiliklerini giňeldýär, özüniň jemgyýetçilik problemalaryny has täsirli çözüp bilýär. Durmuşyny hemme taraplaýyn gowulandyrýar.

Ikinjiden adamyň syýasatyň subýekti hökmünde ähliumumy ösüşini syýasy institutlar bilen graždan jemgyýetiniň ýakyn gatnaşygy hem uly täsir edýär,ondan başga-da halk tarapyndan syýasy-dolandyryş gurluşlaryň işine gözegçilik edilmegi hem-de dolandyryş funksiýalarynyň jemgyýetden bölünip aýrylmagy.

<u>Mysal üçin:</u> Awtoritar, adminstratiw-buýruk beriji ýolbaşçylyk adamlary häkimiýetden daşlaşdyrýar, halkdan dolandyryş apparatynyň daşlaşdyrýar. Dolandyryşyň bu görnüşi peýdaly däldir. Dolandyryşyň demokratik görnüşi adamyň syýasy pozisiýasyna, pikirine hormat goýmak esasyndaky dolandyryş jemgyýet üçin peýdalydyr.

Üçünjiden demokratiýanyň ösmegi bilen jemgyýet öz agzalarynyň döwlet işine gatnaşmak isleglerini kanagatlandyrýar. Şahsyýetiň demokratik syýasy prosese gatnaşmagy adamyň kemala gelmeginiň, dolandyryş we öz-özüňi dolandyryş işinde medeniýetiniň, endikleriniň kemala gelmeginiň usulydyr.

Hemmetaraplaýyn kämil adam-şol bir wagtda hem aktiw jemgyýet işgäridir.

Şahsyýetiň syýasy prosese aktiw gatnaşmagynyň belli bir predposylkalary bolýar. Olary üç topara bölmek bolýar:

1. *Maddy.*
2. *Sosial-medeni.*
3. *Syýasy-hukuk*

> Taryhy tejribäniň görkezişi ýaly adamyň syýasy işiniň gowy bolmagy üçin onuň ilki bilen maddy isleglerini kanagatlandyrmaly.

Marks adam taryhynyň ösüşiniň kanunlaryny açýar: çünki adam syýasat, ylym, sungat, din we ş.m. bilen meşgullanmazdan öň iýmeli, geýmeli, öý edinmeli diýip ýazýar.

Daşary ýurt politologik barlaglara görä, jemgyýetiň baýlygy bilen syýasy sistemanyň baglanyşygy 3 taap boýunça öwrenilýär.

*Birinjiden:* Jemgyýet näçe baý boldugyça, ol demokratik dolandyryş formalary üçin açyk bolýar. Amerikan syýasaty öwrenijisi S.M.Lipsetiň ýazmagyna görä "Halk nähili derejede gülläp ösýän bolsa, şonça-da ol demokratiýany goldar" diýýär.Ösen ykdysadyýetli jemgyýetlerde köpçüligi hem-de täsiri boýunça esasy sosial toparlar örän garyp gatlaga-da, ertekilerdäki ýaly baý gatlaga-da degişli däldir. Bu ýerde iki polýusly emläk gatnaşyklary ýitip, güýçli "orta gatlak" emele gelýär. Şolar hem özleriniň jemgyýetdäki ýagdaýy we bähbitleri boýunça demokratik režimi goldaýarlar.

*Ikinjiden:* Adamyň maddy ýagdaýy onuň syýasy ynamlaryna we uguryna uly täsir edýär.

*Üçünjiden:* Ýokary milli baýlyk akylly graždan gullugynyň bazasyny keala getirýär. Döwlet gullygyna, syýasy işe gara maksatlaryňy amala aşyrmagyň serişdesi, çalt baýamagyň usuly hökmünde seretmek effektiw dolandyryş sistemasy üçin örän agyr netijeleri berýär.

Birnäçe syýasatnamaçylaryň pikirine görä şahsyýetiň syýasy aňyna we özüni alyp barşyna medeniýetiň faktory bolan, bilim uly täsir edýär. Leniniň aýtmagyna görä sowatsyz adamlar syýasata hiç hili gatnaşyp bilmezler. Tersine özleriniň bilimsizligi, sowatsyzlygy sebäpli, olar syýasy täsiriň obýekti bolarlar. Sowatsyz adam syýasy hereketleriň subýekti däl-de, obýekti bolýandyr.

## Häzirkizaman ykdysadyýetinde bazar gatnaşyklary.

Jemgyýetiň ösüşi yksady durmuşy gurnamaklygyň bir-birinden düýpli tapawutlanýan iki görnüşiniň mümkindigini görkezdi. Olaryň biri -bazar ykdysadyýeti, beýlekisi bolsa - buýruk beriş ykdysadyýetidir.
Kä halatlarda, bazar diýip söwdanyň bolup geçýän kesgitli ýerini (bazary, ýarmarkany) atlandyrýarlar. Emma bize “bazar” düşünjesini harydyň pula,Puluň haryda çalyşylýan öndürüjiniň we sarp edijiniň, ýurduň we bütin dünýäniň möçberindäki özara täsir sferasyna degişli edýärisi. Bazar ykysadyýetinde näme? Kim üçin? Nädip öndürmeli ? diýen soraglary öndürjiniň
özi özbaşdak, bazaryň talabyny göz öňüne tutup çözýär.
Buýruk beriji ykysadyýetinde önünçilik we paýlajylyk hakyndaky hemme
meseleleri dolandyryşyň merkezi organlary (hökümet) tqrapyndan çözülýär.
Bu meseleler döwletiň ykdysady ösüş hakyndaky maksatnamasynda şöhlelenýär.

2. Erkin bazar özüniň üç sany alamaty bilen häsiýetlenýär.

1) Näme etmelidiginiň döwlet tarapyndan sazlamagy (Öndürüjiler haýsy harytlaryň näçeräk möçberde öndürülmelidigini özbaşdak çözýärler.)

2) Haryda bolan islegiň kesgitsizligi (alyjy öz pul serişdelerine baglylykda, nämäni näçeräk satyn almalydygyny özi kesgitleýär.)

3) Bahanyň sazlanylmagyny özi kesgitleýär.)

Şu alamatlaryň bolan ýerinde bazaryň öz-özini sazlamaklygy ýa-da hojalyk işleriniň bazar sazlanyşygy bolup geçýär.

Bahalaryň üýtgemegi önim öndürijiligiň işini täsir edýär egerde baha gymmat bolsa onda girdeji köp, baha arzan bolsa girdeýji az bolýar. Mysal üçin, gök önümiň bahasy gymmatlaýan bolsa, ony ösdürmek peýdaly: bu önümçiligiň giňelmegine getirýär. Ýöne, bazara gök önim sarp ediljeginden köp getirilse, onda baha arzanlaýar, şeýlelikde gök önim öndürmek az bolýar duruberýär. Şeýlelikde, haryt öndürüjiler has peýdaly önümi mümkinçiliklerini gözläp başlaýarlar.

Şeýlelik bilen bazar önümçiligi sazlaýar, ýagny öndirijä bahalaryň üsti bilen nämäni nähili hilde, näçe mukdarda öndürülmelidigini habar berýär. Mysal üçin Tikin febrigi bir kastýum goýberýär. Bu harydy öndürmeklik üçin edilen ähli çykdajylary fabrik şol harydyň bahasyna goşýar we kosýumyň bahasyny kesgitleýär. Mysal üçin harydy satyn alynýan baha 200 mln pul birligi bolsa (manat, dollar, marka, frank we ş.m) olaryň 100 mln çig maly peýdalanmaga sarp edilen bolsa, 50 mln. – işçileriň aýlygyna sarp edilipdir, ýene-de 50 mln kärhananyň girdejisini düzýär.

Eger-de bazardaky isleg harydyň öndürilişinden ýokary bolsa, onda bahalar ýokary galýar şeýlelikde alynýan girdeji hem ýokarlanýar. Bazar ykdysadyýetinde haryt öndürüjileriň biri baýaýar, beýlekisi garyplaşýar, ýene biri bolsa düýbünden garypgalýar, Bu bolsa işiň dogry gurnalyşyna baglydyr.

Biz häzir haryt bazryny häsiýetlendirdik. Ýöne bazar ykdysadyýetide haryt bazaryndan başgada zähmet we kapital bazary bar.

Zähmet bazary hem edil haryt bazarynyňky ýaly 3 alamata eýedir: isleg, ilata hödirlenýän haryt we baha. Bu bazarda näme satylýar we näme satyn alynýar? Biziň ýokarda gürriňini eden harydymyz bu bazarda işçi güýji bolup hyzmat edýär. Egerde kesgitli hünärler boýunça hünärmenler köp bolsa, olara bolan islag hem gaty ýokary bolmaýar, şeýlelikde-olaryň iş haky hem köp bolmaýar, olaryň bir bölegi bolsa işsiz galýar. Tersine zähmet bazarynda belli bir hünär boýunça hünärmenler az bolsa, onda kärhana işçi üçin bähbitli şertlere razy bol=ar.

Kapital bazary hem ýokarda görkezilişi ýaly bar bolan ýagdaýy we islegi aňladýar. Ýöne bu ýerde haryt hökünde gymmat bahasly kagyzlar (aksiýalar, obligasiýalar), walýuta çykyş edýär. Egerde kärhananyň işi gowy gidýän bolsa onuň girdejisi hem ýokary bolýar, şeýlelikde şol kärhananyň aksiýalaryna isleg ýokary bolýar, şeýle hem aksiýalar nominal bahasyndan ýokary satylýar. Mysal üçin: müň dollarlyk aksiýa 1300 dollardan satylýar. Tersine, aksioner kompaniýasy pese düşen bolsa, aksiýalary saklaýjylar olardan dynmak üçin aksiýalaryny onuň nominal bahasyndan arzan satýarlar.

Islendik döwletiň ykdysadyýetine baglylykda, ol ýurduň walýutasynyň (dollar, marka, frank we ş.m) beýleki walýutalar bilen özara çalşygy bolup geçýär. Ylmy-tehniki progres bilimiň bahasyny ölçäp bolmajak ýagdaýda ýokary galdyrdy. Çak edilişine görä örän ýakyn ýyllarda harydyň bahasynyň 95% akyl (intelleky) düzer. Şonuň üçinem maglumatlary, işiň usullary, täze tehnologiýalar we ş.m hakyndaky bilimleri satmak we satyn almak bähbitli bolýar. Şu esasda bolsa maglumatlar bazary ösýär.

Bazarlaryň işlemeginde ýörite edaralar-birzalar uly rol oýnaýar.

Haryt birzasy-bu harydyň uly möçberde satylýan haryt bazarynyň görnüşidir. Fond birzasy gymmat bahaly kagyzlary satmaga we satyn almaga mümkinçilik berýär, walýuta birzasy-daşary ýurt walýutasyny satýar. Zähmet birzasy zähmet bazarynda ara duruş operasiýalaryny amala aşyrýar, işsizleri bellige alýar, olaryň işe ýerleşmegine täsir edýär.

Bazar ykdysadyýetinde banklar aýratyn rol oýnaýar. Bank-bu maýa kärhanasy bolup, ol wagtlaýyn erkin bolan pul serişdesini (goýumlary)jemleýär we karz (zaým, sud) görnüşinde olary wagtlaýyn peýadýalanmaga berýär. Bankyň girdejisi karz üçin tölenýän göterimleriň hasabyna emele gelýär.

Bäsdeşlik (konkurensiýa) we monopoliýa.

Haryt öndürjileriň arasynda "sarp edijiniň puly " ugrunda göreş gidýär. Ol bäsdeşlik (konkurensiýa) diýip atlandyrylýar. Bu göreşde kim zähmediň öndürjiligiň ýokarlandyrlyp, önümçiligi giňeldip, ýokary hilli harytlary öndürip bilse , şol hem ýetiriýär.

Konkurensiýa görnişine köp sanly özbaşdak haryt öndürjileri gatnaşýarlar. Olaryň hersi nämäni, nädip öndürilmelidigini özbaşdak çözýärler. Olar öz harytlaryny mahabatlandyrmak üçin , reklamalardan peýdalanýar.

Bazardaky konkurentler ( bäsdeşleri ýeňmek üçin bäsdeşlerde ýok harytlary yzgiderli ýagdaýda bazara höderläp, täze reklamalary yzgiderli bermeli. Maýda kärhanalara bäsdeşligi götermek kyn bolýar . ir kärhanalaryň ýeňmegine müňkinçilikleri köp, sebäbi olaryň önümçiligi kämilleşdirmäge müňkinçilikleri köp.

Biziň bilişimiz ýaly XIX asyryň ahyrlarynda birnäçe döwletlerde iri haryt öndürjileri soýuzlara ( kartellere, sindikatlara, trestler,) birleşdirdiler . bu saýuzlar kesgitli haryt önümçiligiň uly bölegini jemlediler. Başga söz bilen aýdylanda Manapoliýa boldular. Manapoliýanyň manysy – bu ýokary ýada pes bahalary bellemek ýoly bilen , ýokary

girdeýji almaklygyň ykdysady diktaturasydyr. Ykdysady durmuş özüne konkurensiýa hem manapoliýanyň alamatlaryny birikdirýär. Kapitalitleriň saýuzlaryň döremegi konkurensiýa ýok etmeýar: ol saýuzlaryň öz arasyna we monopolistik soýuzlaryň we monopoliýalaşmadyk kärhanalaryň arasynda bolup geçýär. Ýöne monopoliýa ýokary bahalary döredýär, şeýlelikde bahalar bilen bazardaky satyn alyjylyk ukyby gabat gelmeýär. Şonuň üçin ABŞ-da XIX asyryň ahyrynda döwletiň bazar ulgamyny gowulandyrmak üçin peýdalanan antitrest kanunlary döretdi.

Bazar we döwlet.

Biziň günlerimizde bazar ykdysady durmuşyň ýeke-täk sazlaýjysy däldir. Ykdysady gatnaşyklara döwlet kanunçylykwe ykdysady usullary peýdalanmak bilen täsir edýär

Hukuk sazlaşygy bazar gatnaşyklaryny tertipleşdirmäge gönükdirlendir. Munda esasy orny antimonopal kanunçylyk oýnaýar, bu kanunçylygyň maksady monopolistik birleşmeleriň diktatyny çäklendirmekdir.

Ykdysadyýeti sazlamagyň wajyp sazlaýjysy maliýe-ykdysady sazlaşygydyr. Döwlet ilatdan we telekeçilerden alynýan salgytlary ýokarlandyryp, ýa-da azaldyp bilýär. Şeýlelik bilen ol önümçiligiň giňelmegine ýa-da pese düşmegine täsir edýär. Bazara täsir etmekligiň esasy görnüşleriniň biri hem karz-pul ulgamydyr. Haryt öndürijiler käbir ýagdaýlarda pul karz almaly bolýarlar. Ol karzlary uzak ýagdaýda gysga möhletde banklar berýärler. Döwlet bankalary alynan karzlara göterimini peseldip ýada beýgeldip, karz almak mümkinçiligini giňeldýär hemde peseldýär bu bolsa öz gezeginde ol ýada beýleki harytlaryň önümçiligine täsir edýär.Häzirki zaman bazary erkin konkurensiýa eýýamynda bazarynda hatda xx asyryň başlaryndaky bazardan hem has tapawutlanýar. Ösen döwletlerde “garyşyk ykdysadyýeti” bar,

ýagny ol ýerde görünmeýän bazar mehanizmi we döwlet sazlaşygy hereket edýär.

Häzirkizaman bazar ulgamy- bu haos we anarhia däldir. Bazar ykdysadyýeti- önüm öndürijileriň we sarp erdijileriň işini ugrukdurýan jemgyýet bilen bilelikde ösýän jemgyýetdir. Swilizasiýanyň ösmegi bilen bazar hem ösýär. Dünýäde bazar ulgamy ýagny-dünýä bahalary bar. Halkara ykdysady haryt ylalaşyklary aýry-aýry haryt bazarlarynyň ýagdaýyna täsir edýär.

## Syýasy añyỳet

Syýsy añyỳet syýasy aňyň iň bir täsirli gỏrnủşleriniñ biridir, ol termini syýasatnama girizen fransuz alymy A. de Tresi (XVIII asyr). Bu termin döränden soň şol ruhy hadysa bolan garaýyşlar döreýär. Añyỳet teoriýasynyň düýbini tutujy K. Marks oňa önümçilik gatnaşyklarynyň gapma-garşylygy netijesinde dörän (fantastik) aňyň formasy hökmünde garapdyr, K. Mangeým hem oňa ýalan göz öňüne getirmeleriň jemi hökmünde garapdyr. Ýöne ol ideologiýanyň funksional häsiýetnamasyna köp ünüs beripdir, şonuň bilen birlikde hem ideologiýanyň adamlary birleşdirmek ykbalyna köp ünüs beripdirSyýsy ideologiýa barada alymlaryň arasynda dürli pikirler bar. Ýöne şeýle-de bolsa alymlaryň köp bölegi syýasy ideologiýa ol ýa-da beýleki bir toparyň häkimete golaýlaşmagyny we ony ulanmagynhem-de şeýlelik bilen öz ideýalaryna jemgýetçilik aňynyň boýun egdirmegini aňlaýan, bir kesgitli dektrina diýip baha berýärler. Syýasy ideilogiýa - bu korporatiw aňyň köpdürliligi, ol syýasy we sosial ösüşine haýsam bolsa bir toparyň nukdaý nazaryny aň Syýasy ideologiýanyň artykmaçlygy ol elitalaryň ruhy guraly. Syýasy

ideologiýanyň häkimýete degişlilikdäki real roly onuň jemgyýetçilik aňyna ornaşmagynyň häsiýeti bilen kesgitlenilýär. Şeýlelikde, syýasy ideologiýanyň esasy funksiýalary şu aşakdakylar: jemgyýetçilik aňyny eýelemek, geljegi, häzirki güne, geçmişe baha bermekde hriteriýalaryňy oňa girizmek, jemgyýetiň syýasy ösüş baradaky hödürlän maksatlarynyň, wezipeleriniň öňünde pozitiw obrazy döretmek. Şonuň bilen birlikde syýasy ideologiýa öz maksatlaryny, ideallaryny propogandirlemek bilen köp meşgul bolman, eýsem öňüne goýan maksatlaryna ýetmek üçin graždanlaryň maksadaokgunly hereket etmegini gazanmaga synanyşýar. Ideologiýa syýasy funksiýalaryň nukdaýnazaryndan jemgyýeti haýsydyr bir kesgitli bähbitler esasynda jebisleşdirmäge ýa-da ilatyň konkret bir gatlagyna daýanmaýan maksatlaryna ýetmäge synanyşýar. Mysal üçin anarhizm, faşizm ideologiýalary. Şunuň bilen birlikde hem her bir ideologiýa rosional-teoretik esaslandyrylan ýagdaýlardan başga-da hakykata daş bolan maksatlary, ideallary wagyz edýärler. Ol wagyzlar adamlar tarapyndan ynam bilen kabul edilmäge hödürlenilýär.
Şeýle wagyzlar bilen döwlet syýasatynyň real kursuny ugrukdyrýan resmi ideologiýalar bezelýär. Beýle utonizme köplenç ýagdaýda oppozision güýçleriň ideologiýalary degişlidir, sebäbi olar häkimetden berip biljek zadyndan köp zada garaşýarlar, hem-de owadan idealyň kömegi bilen özlerine köpçülikleýin tarapdarlary çekjek bolýarlar.
Syýasy ideologiýalaryň derejeeleri.
Syýasy ideologiýa graždanlaryň syýasy özüni alyp baryşyndaky maksat we ideýa oriýentasiýalary üçin gönükdirlen ruhy okuwdyr. Şonuň üçinem onuň funksionirlenişiniň aşaky derejelerini tapawutlandyrmak gerekdir. Teoretika-konsentual derejesinde kesgitli klasyň (milletiň, döwletiň ideallary gymmatlyklary açýan esasy düzgünler kemala gelýär. Başga söz bilen aýdylanda bu ýerde ahyr netijede “döwlet

agdarylyşygyna ” getriýän ideýalar we prinsipler göz öňüne tutuýar.
Syýasy – programmalaýyk – munda sosiýal – filosofiki prinsipler we ideallar programmalara, lozunglara we syýasy elitalaryň, talaplaryna öwrülýär, şeýleleik bilen graždanlaryň syýasy özüni alyp barşyna höweslendirmek we dolandyryş çözgütleri kabul etmek üçin normatiw esas döredýärler.
Ähtimallaşdyrlan-berlen ideologiýanyň maksatlarynyň we prinsipleriniň grapedalar tarapyndan özleşdirlişiniň derejesini häsiýetlendirýär. Adamlaryň sosiýal pikirlenşiniň prinsipini kesgitläp bilýän ideologiýa “totaldyr”. (K. Mangeým).
Häzirkizaman dünýädäki ideologik akymlar.
Liberalizm we neoliberalizm.
Gadymy grek akyldarlary Lukresiýanyň we Demokritiň ideýalarynyň mirasdary bolan Liberalizm özbaşdak ideologik akym hökmünde XVII-XVIII asyrda iňlis alymlary Lokkyň, Gobbsyň A. Simitiň syýasy filosofiýasynyň bazasynda kemala gelýär. Liberalizm adam azatlygyny adam hukuklary bilen baglanyşdyryp, öz konsensiýasynyň esasyna azat konkurensiýanyň, bazaryň teleketçiniň ideallarynyň konsensiýalaryny goýupdyr. Liberalizmiň öňde baryjy syýasy idealaryna baglylykda graždanlaryň hukuk deňligi, döwletleriň şertnamalaýyk tebigaty, şeýle hem has soňrak dörän, syýasatda bäsdeşlik edýän peofessional, ykdysady, dini, syýasy assosiasiýalaryň deňhukuklugy liberalizmiň esasy ideýalarydyr.
Liberalizmiň esasy problemasy döwletiň indiwidiň şahsy durmuşuna goşulyşmagynyň derejesi kesgitlemek, demokratiýanyň we azatlygyň bilelikde ulanylşyny, kesgitli Batana wepalylygy we unwersal adam hukuklaryna wepalylygy kesgitlemek.
Şy meseleleri çözmekdäki synanşyklar Liberalizmde birnäçe içki akymlaryň döremegine getirdi. Şeýleleikde XX asyrda tradision Liberalizm bilen bir hatarda döwlet ideologiýasynyň we sosiýal maksatlaryň alamatlaryny güýçlendirýän,

liberalizmiň tradision gymmatlyklaryny XX asyryň ykdysady we syýasy hakykatlyklaryna adantirleşdirýän, liberalizmiň taryhy täzelenen formasy bolan-neoliberalizm ugry ýüze çykýar. Bu ugur moral prinsiplerine we gymmatlyklaryna ormentirlenýän hökümet, adalatlylyk syýasy sistemanyň artykmaçlygy hökmünde seredilýär Neomeberallaryň syýasy programmasynyň esasyna syýasy prosessi köpçüligiň gatnaşmagynyň zerurdygy, dolandyryjy kanunlaryň kabul edimesi prosedurasynyň demokratizasiýalaşdyrylmagy hakyndaky ideýalar düzýär. Dünýäniň döwletleriniň köpüsiniň köpçülikleýin syýasy garaýyşlaryny liberalizmiň esasy gymmatlyklary düýbinden üýtgetdi. Liberalizm bir näçe mlli ideologiýalaryň esasyny düzýär, neokonserwatizmiň we hristiýan- demokratik ideologiýalaryň oriýentasiýalary bolup hyzmat edýär. Liberal esasda bir näçe syýasata gatnaşmak, demokratik emetizim teoriýalary we ş.m. emele geldi. Şu liberal-demokratik gymmatlyklaryň täsiri bilen gazanylan ägirt taryhy üýtgeşmeler, daşary ýurt teoretiklerini (Mysal üçin F. Fukýame ) dünýä bilelişigi graždanlaryň deňligini we azatlygyny amala aşyrýan prinsiplere daýanýan, şonuň üçin hem adamzat bileleşiginiň ähli fundamental problemalaryny çözmäge ukyply döwlet gurmaga tarap ynamly hereket edýändigini belleýärler.

Konserwatizim we neokonserwatizm.

Konserwatizm syýasy ideologiýa hökmünde diňe bir dolandyryş sistemasynyň köne görnüşini goldaman, eýsem sosiýal düzgünlere, syýasata gatnaşmak prinsiplerine, döwlet bilen gatnaşmak prinsiplerine kesgitli prinsiplerinden ugur alýar. Bu düýpli garaýyşlarynyň döremegine 1789 ý. Beýik fransuz rewalýusiýasyndan soňky liberalizmiň "üstünlikeri" sebäp bolýar. Bu garaýysyň ruhy atalary- Ž. de Mestor, L. de Bonald we esasanam E. Berk daglar radikal syýasy täzeden gurmaklygyň synanşyklaryna gahary gelip sosiýal düzgünleri üýtgetmegiň tebigata garaşygy hakyndaky pikiri indäpdirler.

Neokonserwatizm ideologik akym hökmünde 1973-1974 ýylyň syýasy kirizisine, günbatar ýewropada ýaşlaryň köpçülikleýin garşy çykmak hereketine we keýinşan ideýalaryň täsiriniň ýaýradylmagyna öz boluşly jogap hökmünde dörän akym. Neokonserwatorlaryň döwleti moral prinsiplere we jemgiýetiň bütewiliginiň saklanylmagyna esaslanmalydyr, kanungylyk we düzgüniň esasynda durmuş şertleri üçin gerek bolan zatlar bilen indiwidi üpjin etmeli, syýasy assosiasiýalaryň döremegine mümkinçilik bermeli, graždan jemgyýetiniň institutlarynyň Ösdürmeli. Graždanyň we döwletiň gatnaşygynyň şunuň ýaly modeliniň syýasy gurluşy demokratiýa bolsa-da, nekonserwatizmiň teoretikleri (D. Bell, 3. Bžezinskiý, I. Kristall we ş.m.) döwlet doladyrlyşynyň defisitiki (gyt) ýüze çykarýan programmalary düzärler. Nekonserwatizm konserwatiw ideologiýanyň we pikirlenme obrazynyň industrial sistemanyň täze tehnologik şahasynda adamy garap biljek ukyplaryny, syýasatyň sypatyny suratlandyrmagy we jemgiýeti krizisden çykarmaga ukyply sypatlaryny ýüze çykardy. Ondan başgada neokoserwatizm şeýle ideýa esasynda diňe bir luberalizmiň däl, eýsem sosializmiň we başga birnäçe maglumatlaryň gumanistik pikilerine sintes edipdir.

Sosializm

Sosializm ideýalary dünýäde gadymdan bäri belli, ýöne teoretiki esaslandyrmany we ideologik sypaty ol XIX asyrda aldy. Bu konferensiýanyň döremeginde köp rol oýnan alymlar fransuz alymy Ž.Ž. Russo, we onuň döwürdeşi F.Babegfyň garaýyşlarydyr. Umuman indiwidiň ykdysady azatlygyna konkurensiýa we zähmete deň baha bermezligine garşy durýar.

Ilkinji bilen bu jemgiýetçilik gurluşynyň ideýalyny suratlandyrmaga synanşanlar Täze döwrüň akyldarlary T. Mor we T. Kampanella, XVIII asyr ahyrynda XIX asyryň başlarynda bolsa utopiki sosializmiň wekilleri – Sen-Simon, Furýe we Ouen. XIX asyryň ortalarynda K. Marks bilen

F. Engles sosializme teoretik esaslandyrma berýärler. W.I. Lenin bu ineýalary Russiýada işçileriň hereketi bilen baglanyşdyrmak üçin we sosialistik rewolýusiýanyň etaplary “buržuaz döwlet maşnynyň” döwülmegi.“proletariatyň diktaturasy hakyndaky maglumatlary işläpdir”.

Faşizm

Häzirki günde siýasy ylymda faşizm bolan 2-sany garaýyş bar. Alymlaryň bölegi oňa XX asryň 20-30 ýyllarynda Italiýada, Germaniýada, Ispaniýada kemala gelen sýasy ideologiýalaryň görnüşleri diýip düşünýärler. Faşizmiň düýbüni tutujy italýan sosialistleiň çep ganatynyň lideri Mussalinidir. Onuň teoriýasy Platonyň, Gegeliň elitar ideýallaryndan ugur alyp, milletçiligiň iň ahyrky nokadyny, döwletiň “çäklendirilmedik hukuklaryny” we onuň syýasy hökümdarlaryny wagyz edipdir, we basyp alyşy goldapdyr.

Gitleriň nasional-sosiýalizmi hem faşizmiň öz boluşly bir görnüşidir. Faşizimiň nemes warýanty häkimetiň gurnalşyndaky totalitarizmiň ýokary görnüşi we açyk rosizm (jensparazlyk) tapawutlanýar.

A.Gobinonyň I.Fuhtetiň, G.Treýçkeniň A. Şopengaueriň, F. Nisşeniň jynsy artymaçlyklar ideýasyndan ugur alyp, german faşiziminiň teoretikleri aruler (arassa ganly mellet) baradaky ideologiýasyny gurupdyrlar. Faşizimi-taryhy-konkret öwrenilenilende, ýokarda tutulan döwletden başga döwletlerde-de görmek bolýar. Mysal üçin 30-40 ýyllarda Ispaniýada. Ýaponiýada, A.Soalazaryň dolandyran döwründe Portugaliýada, prezident Peronyň (1933-1955) döwründe Argentinada, 60-ýylyň ahyrynda Gresiýada, dolandyrşyň käbir döwürlerinde g.o. Afrikada, Ugande-de, Braziliýada, Çilide.

Milli bütewilikleriniň döreýşi prosesi geýd dowam edýän ýurtlarda uly syýasy roly syýasy ideologiýalar oýnaýarlar. Mysal üçin: Günbatar ýewropada Milli ideologiýalaryň iň ösen döwri XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlary. Umuma milli

ideologiýalar sosiýal statusy ýokary bolan graždanlaryň syýasy talaplaryny aňladýar.
Daşarky şertlere we ilatyň aňyna baglylykda syýasy güýçler milli toparyň medeni özboluşlygynyň garalmagyny (tä özbaşdak dörediýança) ýa-da milletiň ýaşamagy üçin geosyýasy giňişligiň giňeldilmegini, ýa-da tersine, öz territoriýasyny we milli özbaşdaklygyny daşky howuplardan goralmagyny "düýpli milletiň" wekilleri üçin artykmaçlyklaryň döredilmegini, ýa-da internasional gatnaşyklaryň giňeldimegini talap edip bilýärler.
Häzirki wagtda sosiýal durnukly ýurtlarda syýasy ideologiýalaryň jemgiýetçilik aňyna täsiri peselýän bolsa, modernizasiýa prosesini başdan geçirýän geljekki ösüş ýoluny saýlaýan ýurtlarda häkimiýeti eýelemek we ulanmak ugrundaky göreşde ruhy mubilizasiýanyň bu ýaragynyň roly barha artýar.
Bir näçe ideologik akymlaryň real ýaşamagy we mydama bir-biri bilen gatnaşygy syýasy ylymda "diskurs" düşünjesi bilen aňladylýar.
XIX-asyryň 2 ýarymy industrial jemgyýetiň kemala gelmegi we ösmegi özünde sosialistik we liberal ideologiýalaryň ideýa bäsdeşligini aýdyň görkezýän bolsa, XX asyrda tradision we ösýän ýurtlaryň bäsdeşliginde ideýa diskussiýasynyň mazmuny üýtgedi. Ol birnäçe ideologiýalary goldamak bilen esasy bölümini gumanizmiň, adamzadyň we demokratiýanyň ideýallaryny garaýan ideologiýa bilen zorlugy, fiziki mejbur etmegi we terrory öz maksadyňy amala aşyrmaklygyň esasy metodlary hökmünde öňe sürýän ideologik akymlaryň arasyndan geçirdi.
Umuman häzirki döwürde durnukly demokratik döwletlerde ideologik jedelleriň sessizligi häsiýetli.

## Syýasatdaky maksatlar we serişdeler .

Syýasat öz düýp manysy boýunça maksada esaslandyrýan işdir. Bu onün haýsam bolsa bir maksat üçin döräp, şol maksat üçünem amala aşyrylýandygyny aňladýar. Maksat, serişde we netije-syýasy işiňem
ýa-da haysydyr bir başga işiňem esasy komponenleridir. Maksat-adam pikiri bilen işlenen ideýal netijedir, şol maksat üçin iş amala aşyrylýar we ol içki oýandyryjy metiw bolup durýar. Ol syýasy işde gurnaýjy we motiwleýji funksiýany ýerine ýetirýär.

Syň maksatlary içki garşylykly we dürli-dürlidir. Sosial sistemada onuň umumy-maksatlary-içki orifferensirlenen jemgyýeti integrirlemek, grapedanlaryň dawwaly hususy bähbitlerini bütün jemgyýetiň maksatlary bilen birikdirmek. Hususy we umumy maksatlaryň garmoniki sazlaşygynyň garantyna döwlet gulluk edýär.

Platen syýasatyň iň ýokary maksady ýüze çykarypdyr. Özüniň "Syýasatçy" diýen eserinde ol şeýle ýazýar: bu " şa sungaty " akylly, batyr adamlaryň ahlagyny , bir pikirlilik we dosluk bilen gös-göni birikdirýär. Şeýlelik bilen ajaýyp, iň owadan mata döreýär. Syýasatyň serişdesini – maksatlary praktiki durmuşa geçirmekde, ideal matiwleri real herekete, öwürmekde ulanylýan gurallar düzýärler. Syýasatyň "serişdesi" we "metodlary" bir-birine ýakyn düşünjeler Serişde – bu syýasatyň subýektleriniň obýektlere täsir etmegindäki konkret faktorlar: propoganda kompaniýalary, ýaragly hereketler, elektoral göreş we ş.m.

Syýasatyň usullary -adatça serişdäniň täsir ediş usulyny häsiýetlendirýär. Ilki bilen olara zorlukly we zorluksyz metodlar, mejbur etmek we ynandyrmak degişlidir.

Syýasatyň netijesine we onuň nä derejede ahlaklygyna maksadyň we serişdäniň täsiri belki mesele ir döwürlerden bäri

jedelli bolup gelýär. Bu meselä bolan birnäçe garaýyşlaryň içinden üç sanysyny üze çkarmak bolar.

1. Syýasayň ahlak häsiýeti onuň maksady bilen kesgitlenilýär.
2. Syýasatyň ahlakly bolmagyny uly täsir edýän ulanylýan serişdelerdir.
3. Maksat ýaly serişde hem syýasatda gumanizm olar bir-biri bilen deň ölçegli bolmalydyrlar.

   Maksat serişdäni aklaýar.

Birinji "maksadydominirleýji" çemeleşmäniň belli tarapdarlary Makiawelli (teoretik hökmünde) we Lenin (praktik hökmünde) bolupdyr. Olaryň inisem gowy maksatlara ýetmek üçin ahlaksyz serişdeleriň ulanylmagyny goldaýarlar.Ýöne-de şonda-da "maksat serişdäni oklaýar" diýen tezis iýezuitlerde has detallaýyn teoretik esaslandyrma we prakriki amala aşyrylmagyna duçar bolupdyr. 1534 ýylda Parižde döredilen iýezuit ördeni häzirem bar. Bu öz dininiň ykrar edilmegi üçin hemme serişdeleri ulanýan söweşjeň gurama. Orden berk merkezleşdirmekde, polat tertinde gurylandyr.

Köp asyrlaryň dowamynda jemgyýetçilik pikirinde ahlakly, bähbitli maksatlara ýetmek üçin ahlaksyz serişdeleriň ulanylmagy ( mysal üçin ýalan) bolup biler diýen pikirler bar. 1980 ýylda Berlin Akademiýasy tarapyndan gurnalan konkurusda frrederik kastilon ýeňiji bolýar. Ýagny ol "halk üçin ony aldamak peýdalymy, ýa-da ony düşnüksizlige salmak, ýa-da ýalňyş azaşdyrmalarda" diýen soraga "halkyň bar bolan maral we medeni derejesini göz öňüne tutup, onuň aldanylmagy ýa-da düşünüksizlikde galdyrylmagy niýetlere, maksatlara otnasitellikde bir şert bilen häkimetiň hereketi ahlaklydyr, ýagny dogrudanam halkyň bagtynyň sebäbi bolýan bolsa "diýip jogap beripdir. Dünýäde häzirki zaman syýasatda ýalan, informasiýalaryň gizlenilmegi giňden ýaýran, we köp adamlar tarapyndan syýasy garşylygyň mümkin bolan serişdesi hasaplanylýar. Ýöne şonda-da umuman ylym we jemgyýetçilik pikiri häzirki günde muňa otrisiatel baha berýärler.

Serişde maksadyň üstünden dominirleýär.
Ikinji "serişdedominirleýji" çemeleşme ilkinji nobatda syýasatyň zorluksyzlygynyň ideologlary tarapyndan öňe sürünýär. Bu hereketiň iň görnüklileriniň biri, ideýanyň milli – azat edijilik göreşiniň lideri Mahatma Randi (1869-1948), ol jemgiýetiň ösüşiniň derejesi ilki bilen adamlaryň ahlak kämilligi bilen kesgitlenilýär diýip hasaplapdyr. Ahlaklylyk ilki bilen syýasatda ulanylýan serişdeleriň üsti bilen hakykata öwrülýär. Serişdäniň özi adamyň ahlak erkini aňladýar. Serişdäniň maksadyň üstünden artykmaçlyklary bar we adam ölçegleri bilen syýasatyň esasy ahlak kriteriýalary bolup durýar.
Maksatlaryň we serişdäniň deňölçegliligi.
Maksatlaryň we serişdäniň gatnaşygynyň üçünji "komprolissli" çemeleşigi maksadyňam, serişdäniňem ahlak ähmetini göz öňüne tutup olaryň biriniň artykmaçlyk etmeginden gaçýar. Real syýasatda bu komponentleriň hersi özüniň örän wajyp rolyny oýnaýar. Her bir syýasat maksatdan başlaýar. Maksat hemme hereketleri we olaryň netijelerini bir ýeke-täk sistema birikdirýär, syýasy täsiriň obýektlerini, garşydolilary we soýuzdaşlary öňünden kesgitleýär.
Maksat bilen serişdäniň (şeýle hem serişdäni ulanmak metodlarynyň) arasynda özara täsir bar. Bir tarapdan maksat we ony amala aşyrmagyň şertleri köp halatlarda ulanyljak serişdeleri öňünden kesgitleýärler, başga bir tarapdan serişde-gazanylan netijä gös-göni täsir etmek bilen maksadyň realistikdigini ýa-da utopistikdigini, onuň üýtgedilmegini ýa-da maksatdan boýun gaçyrylmagyny kesgitleýär. Syýasatda maksadyň we serişdäniň bileligine has ynandyryjy traktewkaly onuň ahlak nukdaýnazaryndan N.A. Berdýaew berýär ol "maksat uzaklara aýrylyşyp gidýär, serişde gös-göni hakykat bolyp galýar" diýýär.
Kommunistik hereketiň tejribesi syýasatda maksat bilen serişdäniň özara gatnaşygyna şeýle çemeleşmäniň, dogrydgyna

tassyklaýar. Beýik gumanistik maksat-adamlary ezişden we zorlukdan azat etmek, her bir adamyň azat ösüşi, hemme adamlaryň azat ösüşiniň şerti beýan jemgyýet gurmak – netijede häkimiýeti eýeläp kommunistler tarapyndan boýun egmeýän, ylalaşmaýanlaryň garşysyna tutuşlaýyn zorluk ulanylmagy olaryň garşylyklaýyn netijä getiripdir.
Maksat bilen serişdäniň arasyndaky garşylyklary çözmegiň ýollary.
Ahlaksyz hereketleriň syýasata negatiw täsirine seretmezden, kä halatlarda olardan düýpli boýun towlamak has ýaramaz netijelere getirýär. Syýasatyň maksatlarynyň we serişdeleriniň arasyndaky garşylyklar realdyr we olary maksatdan boýun towlamak bilen mydama çözüp bolmaýar. Şeýle garşylyklary syýasatyň maksatlarynyň serişdeleriniň ahlak deňölçegliligi bilen çözüp bolýar. Belli bolşy ýaly ahlak gymmatlyklary iýerarhik gurluşa eýedir. Olaryň biri käbir beýlekisinden has ähmiýetlidir. Mysal üçin: Beýleki adamlary halas etmek üçin janyndan geçmek, garyp adamlar üçin öz girdeýjiň belli bir bölegini geçenden has ahlakly iş. Edil şunuň ýaly ahlaksyz işler hem moral gymmatlyklaryň şkalasynda bes-belli tapawutlanýar. Platon we Makiawelli ýaly geçmişiň hemme akyldarlary syýasatda halas bolmak üçin ýalanyň ulanylmagyny kesgitli goldamandyrlar. Mysal üçin görnükli filosof-gumanist.
Imanuil Kant umuman hemme aldawa otrisatel garaman bilen syýasatda hakykatda garanda ýalanyň ahlakly bolýan ýagdaýlardan gaçmaklyklaryny maslahat berýär.
Häzirkizaman ylmy haýsy serişdeleriň durmuşyň ähli ýagdaýlary üçin ahlaklydygyny we effektlidigini kesgitläp bilenok, ýöne ol käbir syýasy maksatlara ýetmek üçin serişdeleriň ulanylmagynyň çäklerini kesgitleýär. Mesal üçin: Häzirkizaman demokratik döwletlerinde syýasy terroryň ulanylmagy ýa-da toparyň bäbitlerine ýetmek üçin, hatda gowy maksatlara ýetmek üçinem ýaragly gozgalaňlaryň jemgyýetiň öňünde ahlaksyzdygy hatda jenaýatçylyklydygy ylym taýdan

subut edilen, taryh taýdanam praktiki tassyklanandyr. Şonuň ýaly hem, halykara dawwaly meseleleri çözmek üçin ýadra ýada köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň beýleki görnüşlerini ulanmak ahlaksyzlykdyr.

Bu zatlar syýasy maksatlary amala aşyrmakda hemme serişdeleri ulanmak bolmaýandygyň şaýatlyk edýär. Esasanam zorlukly serişdeler ahlak bilen bir ýere sygmaýar.

Syýasatdaky zorluk we zorluksyzlyk.

Syýasat gadymdan bäri zorluk baglanyşdyrylýar. Öň bellenişi ýaly , onuň wajyp tapawutly alamaty guramaçylykly zorlugy ulanmakdyr. Öz territoriýasynda legel syýasy zorlugy diňe döwlet amala aşyrýar, ýöne ony syýasatyň beýleki subýektleri: partiýalar, terrorçy guramalar toparlar ýa-da aýratyn şahsyýetler hem ulanyp biler.

Zorluk – adamy we beýleki janly jandarlary ýok etmäge gönükdirilen, öňünden aňlanan hereketdir. Zorluk fiziki, ykdysady, pisihologik we ş.m. bolup bilýär. Syýasata degişlilikde zorluk barada gürrüň edilende adatça fiziki zorluk göz öňüne tutulýar.

Syýasy zorluk zorlugyň beýleki görnüşlerinden diňe bir fiziki mejbur etmek we adamy azatlykdan ýaşaýyşyndan basym mahrum edip bilmegi bilen tapawutlanmak, eýsem ol ulanylşynyň guramaçylyklygy, giňligi, sestematikligi we effektiwligi bilen hem tapawutlanýar.

Zorluk – bütün adamzat taryhynyň aýyrylmaz bölegidir. Syýasy we jemgyýetçilik pikirinde taryhda zorlugyň roly barada dürli-dürli we gös-göni garşylykly pikirler bar. Ýewgeniý Dýuring zorluga-jemgyýetçilik ösüşiniň aýgytlaýjy roluny degişli edýär. Marksizm hem zorluga şoňa ýakynrak baha berýär. Ol zorluga syýasy jemgyýetiň aýrylmaz atributy hökmünde seredýär.

Her-hili zorlugyň syýasy roluna negatiw bahany poşifistler we zorluksyz hereketleriň tarapdarlary berýärler.

Umuman zorluk diňe bir ahlaksyzlyk bolman, ol jemgyýeti ýumru-jydyr. Ýöne şonda-da entek adamzada zorluksyz ýaşamak başardanok.

Aýratyn döwletlriň içinde we olaryň arasyndaky gatnaşykdaky sosiýal zorluga baha bermäge we ony amala aşyrmagyň formalaryna, ölçeglerine esasy faktor bolan syýasy gurluşyň häsiýeti: awtoritar, totalitar we demokratik täsir edýär.

XX asyryň ahyrynda ýadro we köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň beýleki görnüşleriniň ýaýramagy bilen sosiýal zorlugyň diňe bir antiguman guman manysy ýitileşmän, eýsem ony geljekde çäklendirmek üçin gowy şertler hem döredi. Bu gumanizm ideýallarynyň ýaýradylmagy bilen baglanşykly, häzirkizaman ünýäde parahatçylygy, azatlygy, demokratiýany,adam hukuklaryny we ş.m. yaýratmak, şeýle hem gös-göni zorluga daýanan awtoritar we totalitar režimleriň köpüsiniň ýykylmagy bilen baglanşyklydyr.

Zorluksyzlygyň dini çeşmeleri.

Köp asyrlaryň dowamynda adamzadyň iň gowy akyllary zorlugyň jegyýetçilik we syýasy durmuşda düýbinden aýrylmagy barada alada edýär. Ilkinji zorluk etmezlik ideýalary çuň gadymyýetde dini pikirde- buddizmde, induizmde, kofusiançylykda, iudaizmde, kristiýançylykda we beýleki dinlerde peýda bolupdyr.

Zorluksyzlyk konsepsiýasynda uly goşant-goşandyrlar rus ýazyjylary we filosoflary, aýratynam L.N.Tolstoý şeýle hem F.M. Dostoýewskiý. Amerikada zorluksyzlyk ideýasynyň görnüşli wekili belli ýazyjy we filosof Genri Toro (1817-1862).

Zorlusyzlyk konsesiýasynyň ösüşiniň we ony real hakyky syýasata ornaşdyrmagynyň esasy etapy Mahatma Gandiniň ady bilen baglanşyklydyr.

Zotluksyz syýasatyň aýratynlyklary.

Syýasatda zorluksyzlyk konsepsiýasynyň asyl maysy konflikleri çözmekde we dawwaly meseleleri sazlamakda

gumanizm we ahlagyň esasynda hereket edip, güýç ulanmazlykdadyr.

## Döwlet syýasy ulgamyñ esasy institutydyr.

Döwlet syýasy ulgamyñ möhüm elementidir. Döwletiň üsti bilen öňi bilen häkimiýeti, jemgyýeti dolandyrmak amala aşyrylýar. Häzirki zaman döwleti, halkyň erkini aňlatmak bilen, iş ýüzünde syýasy sistemanyň hemme beýleki institutlarynyň arabaglanşygyny amala aşyrýan syýasy merkez ýagdaýyny /statusyna/ eýe boldy. Döwletiň borjuna jemgyýetiň bitewiligini berkitmek, belli bir düzgüniň saklanylmagyny üpjin etmek girýär. Ol düzgüni üpjin etmek üçin döwlet öz işinde ynandyrmak we terbiýelemek hem-de mejbur etmek metodyny ulanýar. Diňe detiňgaramagynda, beýleki syýasy we jemgyýetçilik guramalaryndan tapawutlykda, zorluk etmek apparaty-goşuň, jemgyýetçilik tertibini saklamak we howpsyzlyk organlary bar. Döwlet syýasy we jemgyýetçilik durmuşynyň dürli meselelerine degişli onuň bütin territoriýasynda hereket edýän kanunlary çykarýar, döwletletiň kadaly ýaşamagyny we işlemegini üpjin edýän salgytlary ýygnaýar. Häzirki zaman döwleti häkimiýet funksiýalary bilen bir hatarda umumy siwilizasion funksiýalara köp ünüs berýär. Olaryň içinde öňi bilen döwlet gurluşygyny guramak, sosiýal-howply konfliktleriň öňüni almak we soňyna çykmak, bütin ýurt üçin umumy bolan ykdysady, maliýe ylmy, medeniwe beýleki sferalara häsiýetli bolan syýasatlary durmuşa geçirmek, beýleki ýurtlar bilen özara peýdaly aragatnaşyklary ýola goýmak, olar bilen demokratik güýçleriň frontuny berkitmek.

Döwletiň iň möhüm häsiýetnamasy özygtyýarlykdyr. Döwlet özygtyýarlygy bolsa ýurduň häkimiýetiniň her bir hili içerki we daşarky häkimiýetlerden ýokardalygyny, bütewiligini,

garaşsyzlygyny aňladýar. Döwlet öz ygtyýarlygyny mynasybýetli ol öz içerki funksiýalaryny-da özbaşdak amala aşyryp bilýär.
Islendik her bir döwletiň öz formasy, ýagny döwlet häkimiýetine laýyk gelýän guramalary bolýar. Öňki döwürlerde döwletiň iň ýaran formasy: I/Monarhiw bolupdyr. Monarhiw formasynda ýokary häkimiýet bir adama/krrola, patyşa, knýaza/degişli bolupdyr we häkimiýet nesilleýin geçýär. Ençeme ýurtlarda, mysal üçin Angliýada, Şwesiýada, Belgiýada, Gollandiýada, Ispaniýada, we ş.m. biziň döwrümizde çenli monarhiýa durmuşy saklanyp gelýär. Ýöne bu ýurtlarda monarhlaryň häkimiýeti eýýäm konsititusiýa we parlament tarapyndan çäklendirilendir, bu ýurtlarda monarha diňe hökümet ýolbaşçysyny bellemek we parlament tarapyndan işlenen kanunlary formal taýdan tassyklamak hukugy berlendir. Monarhlar häzir diňe patyşalyk edýärler, ýöne dolandyrmaýarlar. Dolandyrmak funksiýany parlament we hökümet ýerine ýetirýär.
Häzirki zamanda döwleti dolandyrmagyň respublikan formasy giň ýaýrandyr. Dolandyrmagyň bu formasynda bolsa kanun çykaryjy häkimiýeti saýlawly parlament amala aşyrýar, ýerine yýetiriji häkimiýeti bolsa parlament tarapyndan tassyklanan hökümet ýerine ýetýär. Döwlet häkimiýetiň respublikan formasy parlament, prezident, garyşyk respublikalary formalaryny bölünýär. Olaryň bir-birinden tapawudy prezidenti saýlamagyň usuly we onuň ygtyýarlygynyň möçberi bilen tapawutlanýar. Parlament respublikasy döwletiň baştutany parlament tarapyndan saýlanýar we oňa hasabat bermäge borçly. Bu ýagdaýda prezidente berilýän hukuklar çäkli we ol hukuklary diňe parlamentiň razyçylygy bilen, onuň bilen ylalaşyp durmuşa geçirilýär. Prezidentiň şeýle ýagdaýy Italiýanyň we Hindistanyň konstitusiýalarynda berkidilendir. Parlament respublikalarynda häkimiýetiň ýokary organy parlamentdit. Ol adatça, düzgün boýunça saýlanýar kähalatda

bölekleýin bellenýär. Ösen we uly ýurtlarda parlament iki palataly, kiçi ýurtlarda ol köp halatda bir palataly bolýar. Mesal üçin Angliýada, Fransiýada, Italiýada parlamet iki palataly, Fransiýada bolsa bir palatalydyr.

Parlamente giň hukuklar berlendir. Ol wagtal-wagtal öz işi barada hökümetiň hasabatyny talap edýär, möhüm syýasy çärelere sanksiýa berýär, kanunlary we beýleki kadaly aktlary kabul edýär, ol dokument-leriň proýektleri bolsa öňünden "/predwaritelno/ palatalarda seredilýär. Parlament hökümete ynam bildirmän hem bilýär, şondan soň hökümet iş başyndan aýrylmaly otstawka gitmeli bolýar. Parlamentiň syýasy ugry onuň syýasy partiýalardan durýanlygy, onuň sostawyndaky partiýalaryň köpüsiniň daşary we içeri sostawy kesgitleýändigi bilen bagly. Parlamentiň syýasatyna lobbizm /häkimiýet/ wekillerine gizlen täsir etmek /sistemasy/ hem ep esli täsir edýär. Lobbistler zor salmagyň dürli-dürli metodlaryny we serişdelerini ulanýarlar, hat-da parlamentleri satyn almaga çenli ulanyp, olardan degerli kanunlaryň kabul edilmegini, hökümet zakazlarynyň ýerleşdirilmegini gazanýarlar. Lobbizm ABŞ-da we Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde çuňňur kök urupdyr. Olaryň her birinde parlamentarilere, olaryň pozisiýasyna täsir etmegiň dürli metodlaryny ulanýarlar. Lobbistler-ýokary hak tölenýän gizlin peýdakeşler, bähbitçiler, uly banklaryň, monopoliýalaryň peýdasy üçin aýry-aýry kanunlaryň geçmegini, hökümet zakazlarynyň ýerleşdirilmegini , özlerine "amatly adamlaryň utuşly wezipelere" bellenilmegini gazanýarlar.

Prezident respublikasy döwletiň baştutanynyň prezidentiň parlament tarapyndan saýlanman saýlawçylar kollegiýasy tarapyndan ýada gös-göni ilat tarapyndan aýlanýar. Prezidente giň we köp dürli ygtyýarlyklar berilýär. Prezident respublikasynda hökümet prezidentiň özi terapyndan düzülýär. Ol hökümiýet parlamentiň öňünde däl-de prezidentiň öňünde jogap berýär. Prezident we parlament biri birine garaşsydyr:

parlament prezident hökümetini ynam bildirmezlik bilen iş başyndan aýryp bilmeýär, tersine prezident belli bir şertlerde parlamenti dargadyp bilýär. Prezident respublikasynyň has aýdyň tipi ABŞ-dyr. Amerikanyň prezidenti içerki we daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitleýär, ýurdy dolandyrýar. Ýerine ýetiriji häkimiýetiniň hemme kararlary prezidentiň ygtyýarlygyndadyr. Elbetde, beýle ygtyýarlyklar ABŞ-yň prezidentiniň elinde ägirt uly häkimiýetiň jemlenmegine mümkinçilik berýär. Şol sebäpli ýurtda prezidente garşy güýçler hem hereket edýär: parlament, konstitusion gözegçiligi, sud organlary, metbugat, ýagny saklamak we gapma-garşy durmak sistemasy aktiw hereket edýär.

Garyşyk pespublika. Formasyna parlament dolandyryş formasynyňda, prezident dolandyryş formasynyňda utgaşmagy häsiýet-lidir. Şunuň ýaly respublikada prezident gös-göni halyk tarapyndan sýlanýar, ol hökümeti düzýär we onuň işine kontrollyk edýär. Prezident parlamenti dargadyp bilýär. Garyşyk respublikada parlamentiň çäklendirilen hukuklary bolýar. Garyşyk respublikada premer-ministriň wezipesi ýaly institut bolýar. Häzirki Russiýa Federasiýasy garyşyk respublika ýakyn.

Hukuk döwleti.

Hukuk döwleti ideýasy ir wagtlarda döräpdir. Ol eýýäm gadym akyldarlarynyň işinde aňladylyp, ýagny hemme ýaşaýyşy, döredijiligi kanunu esaslandyrlypdyr. Kanuna deň derejede hemme häkimiýet strukturalaryda jemgyýetiň hemme graždanlarynda boýun egýärler. Ýöne hukuk döwleti ideýasy özüne real durmuşda ýoly örän kynçylyk bilen açardy. Ol uzak wagtolap köp ýurtlarda yrar edilmedi. Sowet Soýuzda ýuridiki ylymda hukuk döwleti ideýasy işlenilmändir, çünki SSSR-de döwlet häkimiýeti hukuga dälde idologiýa daýanýardy. Hukuk döwletiniň esasy prinsipi jemgyýetçilik ýaşaýşynyň hemme sferasynda kanunyň ýokary tutulmagydyr. Bu düzgin döwletiň özüniň, onuň hemme organlarynyň, wezipesi adamlaryň we

graždanlaryň kanun bilen bagly bolmagy şahsyýetiň azatlygynyň, hukugynyň, namysynyň we mertebesiniň mizemezligi, onuň döwlet tarapyndan goralmagy we kepillendirilmegi, kanun esasynda döwletiň we şahsyýetiň ikitaraplaýyn jogapkärçiligi, kanunlaryň we beýleki normatiw hukuk aktlaryň durmuşa geçirilmegine netijeli kotrollyk we gözegçilik, kanunlaryň wedomstwolaýyn instruksiýalar bilen çalşyrylmagyna ýol bermezlik, döwletde häkimiýetleriň bölünmegi, hemme graždanlaryň kanun öňünde deň hukuklylygy ýaly talaplarda durmuşa geçirilýär. Demokratik institutlaryň mundan beýläkde ösmegi üçin häkimiýetiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetlerine bölünmeginiň uly ähmiýeti bar. Häkimiýeti bölmeklik ideýasy Beýik Fransuz rewolýusiýasynyň kanunçylyk aktlarynda we ABŞ-yň konstitusiýasynda aýratyn bir konstitusion prinsipleriniň biri boldy. Nemes filosofy I. Kant öz işinde döwletiň möhüm alamaty hökmünde kanunyň ýokary durýandygyny görkezýär. Ol kanun çykaryjy häkimiýetiň bolmagyny isläpdir. Häkimiýetiň bölmek prinsipiniň mazmuny kanun çykaryjylyk häkimiýetine kanunlary, beýleki normatiw hukuk aktlaryna taýýarlamak we kabul etmek, býudžeti taýynlamak we ş.m. hukuklaryň berilmeginden ybaratdyrÝerine ýetiriji häkimiýet adatça kanun çykaryjy organlar tarapyndan düzülýär, hem-de kanun çykaryjy organlaryň kontrollygynda we hasabat bermeli bolýarlar. Ýerine ýetiriji häkimiýet kanun esasynda we kanunyň çäginde hereket edýär.

Formal taýdan ýerine ýetiriji häkimiýet kanun çykaryjy häkimiýete garaşly ýagdaýda, ýöne iş ýüzünde ýerine ýetiriji häkimiýet özbaşdakdyr we jemgyýetiň syýasy sistemasynyň esasy institutydyr, onda möhüm rol oýnaýar.
Üçünji sud häkimiýeti kanunyň çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýet-lere garaşly däldir. Sud kanunyň goragynda durýar. Ony her hili bozulmalardan goraýar. Şol wezipäni çözende hem kanuny goldaýar.

## Adamyň syýasaty ölçeýşi.

Syýasatyň öwrenilmegi diňe bir ol sfera abstrakt-akyl ýetirme meselesine ähmiýetli bolman, syýasy prosesleriň düýp manysyna düşünmegi, şahlyýetiň intelektual gözýetiminiň giňelmesini üpjün edýär. Şeýle hem häzirkizaman demokratik jemgyýetde ol has uly meseleleri çözmäge-syýasata gumanistik oriýentasiýa bermäge, ony şahsyýetiň jemgyýetiň we bütün adamzadyň bähbitleri üçin ulanmaga hem boýun egdirilendir. Bu näili mümkin? Syýasatyň-“adamkäçilikleşdirilmegi” näme?
Ynsanperwerlik düşünjesi.
Şahsyýetiň syýasata gullygy, jemgyýete, we bütün adamzada ýa-da haýsam bolsa başga bir jemgyýetçilik işi gumanizm prinsipini şöhlelendirýär. Ol prinsip adam iň ýokary gymmatlyk hökmünde garaýar, her bir şahsyýeti, onuň ýaşaýyşa bolan hukuklaryny, azat ösüşini, özüniň ukybyna durmuşa geçirmegi we bagta ymtylyşyny garaýar. Gumanizm adamyň iň esasy hukuklarynyň ykrar edilmegini öňe sürýär, ähli jemgyýetçilik işine baha bermekde şahsyýetiň bähbidini iň ýokary kriteriýa diýip tassyklaýar Bu unwersal, planetar prinsipdir. Ol adamlary milli, synpy, dini, garyndaşlyk we başga bir prinsipler boýunça bölmeýär, hem-de adamzat taýpasynyň, sylagly gatnaşygy, şeýle hem gowak ýa-da betbagytçylyga sataşan adamlara Mysal üçin: gaçgaklara, açlara kömek bermekligi talap edýär.

Syýasatdaky gumanizm onuň guramalarnyň formasynda, maksatlar-ynda we mazmunynda, şeýle hem syýasy işiň serişdelerinde görünýär. Häzirkizaman şertlerde syýasatyň gurmagynyň iň gumannyý formasy  demokrati syýasy sistemadyr. Ol ähli graždanlaryň azatlygynyň we deňhukuklygynyň ykrar edilmeginden, häkimiýetiň halkyň gözegçilik edmeginden, adamyň şahsyýetine we hukuklaryna hormat goýulmagyndan ugur alýar. Gumanizm adam bähbitlerini amala aşyrmakda, adamyň ýaşaýyşynyň we ilatyň durmuş şeritleriniň gowlan-dyrylmagynda, döwlete we bütin planetada sosial adalatlygy we parahatçylygy berkitmekde amala aşyrylýar. Şu nukdaýnazardan ugur almak bilen iň syýasat şahsyýetiň azat ösüşini we isleglerini konagatlandyrmak üçin gowy şertleri üpjin edýän syýasatdyr.

I. Kant tarapyndan öňe sürülen imperatiwde (ahlak kanunlar talaplar) – adam başga adamlar tarapyndan serişde dän-de, maksat hökmünde seredimelidir.

Gumanizm prinsipi içki döwlet şeýle hem halykara mazmuna eýedir. Halykara arenasynda ol parahatçylyk ugrundaky göreş we onuň berkidilmegi, adama, bolan hormata we adalatlylyga esaslanýan halykara gatnaşyklaryna we bütündünýä tertibini ýola gaýmaklyk hökmünde çykyş eýär. Şeýlelikde bu döwlet we jemgyýetçilik gurluşyny saýlap almaga garaşsyzlyga we özbaşdak döwlet döretmäge, döwletleriň deňhukukly gyna, biri-biriniň içki işine goşulyşmazlyga, döwletara dawwaly meseleleri çözmekde güýç ulanmakdan boýun towlamaga, ikitaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge we halyklaryň arasyndaky doslugy berkitmäge we ş.m. azat hukuklarynyň bardygyny öňe sürýär. Döwletleriň içeri we daşary syýasatynyň esasy gumanistik oriýentirleri BMG, OBSZ (ýewropa huwyp we hyzmatdalyk guramasy) tarapyndan kabul edilen birnäçe döküentlerde özleriniň yzygideliligini tapdy, we ýuridik berkidilmegine eýe boldy.

Häzirkizaman şertlerinde gumanizm diňe bir adamlaryň arasyndaky aragatnaşygy häsiýetlendirmän, eýsem adaýň tebigata bolan gatnaşygynam häsiýetlendirýär. Tebigat adam ýaşaýyşynyň iň hökmany şertidir, ol adamlaryň arasyndaky şeýle hem dürli nesilleriň srasyndaky gatnaşyklary aralaşdyrýan n wajyp faktorlaryň biridir. Ýöne geçen asyrlarda adamzadyň işi beýle ýykgynçylykly bolmandyr we global, planetar masştapda bolamandyr. XX asyryň 2-ýarymnda adamzada ekologik kotastrofalar howup saldy. Tebigata akylly-başly, aýawly çemeleşmäge esaslanýan ykdysady syýasat hökmany gumanistik, ahlak talaplarynyň statusyna eýe boldy. Sebäbi ol diňe bir medeniýetiň ösmegi üçin dälde adamzadyň halas boolmagy üçin gerek. Häzirki günde ykdysady syýasatda real ýaşaýan adamlar, şeýle hem geljek nesiller hakynda alada edilýär. Öň diňe graždan jemgyn ünüs berýän, şonuň meşgullanýan “sowal işinde” indi gumanizm döwlet hat-da dünýä syýasatyna öwrüldi. Adamzat jemgyýetiniň başga çykagalsy ýok eger tersine bolan ýagdaýynda bütün adamzadyň heläk bolmak howpy bar. Ýöne syýasat bilen gumanizm bir ýere sygyşyp biljekmikäler!

Gumanizm gadym wagtlardan bäri jemgyýete we syýasata ilki bilen ahklagyň maralyň we hukugyň üstünden täsir edipdir. Gumanizm ideýalary moralyň umumy adamzat mazmunynyň ýadosny düzýär. Ahlak aňyna ornaşyp we položitel baha eýe bolup, olar adamlaryň işini orýentiri we ugrukdyryjysy bolýar, olaryň käbiri bolsa hukukda ýuridik taýdan berkidilýär.

Moral-jemgyýetçilik durmuşynyň aňy adamlaryň real özüni alypbarşyny we normalaryny öz içine alýan aýratyn, spesifik sferasy.

Moral jemgyçilik hadyslaryna indiwidual däl-de, kollektiwleýin ilkinji nobatda umumyadamzat nukdaýnazaryndan baha berýär.

Taryhy tejiribäniň görkezişi ýaly, amaralizm-ýagny ahlaksyzlyk diňe bir şahsyýetiň sandan çykmagyna getirmän eýsem bütün jemgyň zaýalanmagyna getirýär.
Esasy ahlak gymmatlyklary absolýutdyr. Olar haýsam bolsa başga, has ýokary ykdysady syýasy ýa-da başga gymmatlyklardan gelip çykmaýar. Olaryň iň ýokary statusy adamyň özüniň w bütün adamzat ugrunyň gymmatlygy bilen kesgirleilýär. Moralyň täsiri şahsyň içki özüne kontrallygynyň psihologik mehanizimlerine esaslanýar, olaryň iň esasysy bolsa-ynsaply.
Ynsap aklakly syýasy özüňi alyp barmaklygyň iň ýokary sudýasy

hökmünde.
Ynsap-adamyň öz özüniň, beýleki adamlaryň jemgyýetiň ähli adamzadyň, Hudaýyň öňündäki jogapkärçiligidir. Ol adamyň real özüni alyp barşynda we onuň ýüreginiň çuňlugynda gumanizme ýol görkezijidir. Ol-adamyň içki sudýasydyr, ol hemme ýagdaýda, esasanam syýasy we jemgyýetçilik gözegçiliginiň mümkin bolmadyk ýerlerinde şahsyň içki öz-özüne kontrolylygyny üpjün edýär. Ynsap adamy sürüli jandardan ýa-da akylly maşyndan, robotdan Adama öwürýär. Dini akyldarlar ony ýöne ýerden öž-özüňi tanadýan we adamlaryň öňünde jogapkärçiligini duýdurýan adamlaryň ýüregindäki Hudaýyň uçguny diýip atlandyrmandyrlar. Bozulan ahlakly, ynsabyny ýetiren
adam jemgyýet üçin we beýleki adamlar üçin howply jandara öwrülýär. Gitler özüniň adamzady ýygrenmek sýýasatyny milli-sosializmden geçirmek bilen öz soldatlaryny ynsap diýen keselden saplanýandygyna ynandyrypdyr.
Ynsap borç bilen we beýleki adamyň özüni barşyny ugrukdyrýan alak mehanizimleri bilen birleşip, syýasatyň gumaniziminiň iň gowy granty hökmünde çykyş edýär. Şonuň üçin jemgyýetiň ösen ahlak medeniýeti-demokratik syýasy gurluşyň iň hökmany şertidir

Ahlak we syýasat: umumylyklary we aýratynlyklary.

Ahlagyñ we syýasatyň adamlaryň özüni barşyny sazlaýan sektor hökmünde umumy syparlaram bar.
Dürli talaplaryň ösmegi, olary kanagatlandyrmagyň mümkinçiliklerinden öňe geçmegi, Indiwidde başga adamlaryň we tebigatyň hasabyna bähbitler gazanmak islegini döredýär, ol hem aýratyn şahslara şeýle hem ütün adamzada howp salşeýle islegler adamlar örän kän. Bu islegler-baýlyk köpsanly we gymmatbahaly zatlar, beýleki adamlaryň üstünden hökümirowan bolmak islegi, tebigatyň kanunlaryna boýun egmän, onuň üstünden hökmirowan bolmak, we ş.m. islegleri.
Bu islegleriň hemmesi bütün adamzat we aýatynlykda adamlara howp salýar. Munuň şeýledigine Aristotel hem akyl ýetiripdir.
Moral adamy onuň üçin howply bolan isleglerden saklaýar, indiwit bilen jemgyýetçiligiň arasyndak garaşylygy çömäge ýardam edýär.
Siwilizosiýanyň ýaňy dörän wagtynda uly bolmadyk adam kollektiwleri (ugur, taýpa) syýasatsyz ýaşapdyrlar, olar adamlaryň özara gatnaň sazlaşygyny we jemgyýeçilik tertibini adamlaryň , däp-dessurlarynyň kömegi bilen üpjin edipdirler. Wagtyň geçmegi blen çylşyrymly sosiýal umumylyklaryň döremegi bilen adamlaryň özüni alyp barşyny sazlamagyň ritual-ahlak formalary az bolupdyr. Önüçiligiň ösmegi we zähmetiň bölünmegi , sasiýal kodliktiriniň ýitileşmegi jemgyýetiň çylşyrymlaşmagy, şonuň bilen birlikde adamlaryň ganaşygynyň formasynyň hem, sosiýal kontrolyň tradision formalarnyň gawşamagy syýasatyň aýratyn institut hökmünde hem-de adamlaryň özüni alyp barşyny ýörüte mejbur edip annaraty bilen sazlaýan işiň görnüşi hökmünde döremegine getirýär
Şeýlelik bilen moralyň we syň esasy jemgyçilik funksiýalary gabat gelýär.
Syýasat bilen ahlagyñ arasyndaky tapawut.

Umumylyk alamatlaryna seretmezden syýasatyň moraldan prinsipial aýratynlyklaram bar. Olardan iň esasylary syýasy konfiliktdir. Ýokarda elleýşimiž ýaly syýasat ähli jemgyýete täsir edýän we häkimiýet ulanylmagyny talap edýän toparlaýyk sosiýal konfilikleri çözmäge gönükdirilen işdir. Syýasatyň ýene bir has tapawutly tarapy güýje daýanmagydyr, talaplaryň ýerine ýetirilmändigi üçin zorlk sanksiýalarynyň ulanylmagydyr.

Ahlakly syỷasat bolup bilermi?

Ahlak bilen syýasat awtanomdyrlar we bir-biriniň işine goşluşmaly dädirler.

Moral – bu graždan jemgyýetiniň, şahsy jogapkärçilik işdir, syýasat bolsa-ahlakdan azat bolan, toparalaýyk bähbitlariň garşylyk oblasty.

Şeýle garaýyşynyň düýbini tutujy diýip N.Makiawellini hasaplaýarlar. Ol özüniň tanymal "Rosudar" (1532) diýen işinde, syýasatyň jemgyçilik ahlagyň konkret ýagdaýyny, şeýle hem adamlaryň ahlak bozulmalarynam göz öňünde tutmalydygyny aýdýr. Ýagny döwleti we tertibi halas etmek üçin hökimdaryň ähli, şol sanda hem ahlaksyz serişdeleri ulanmaga-da hukugynyň bardygyny aýdýar . Syýasat tarapyndan ahlak gymmatlyklarynyň äsgerilmezligi ony ahlaksyz edýär. Real durmuşda syýasatyň ahlaksyzlygy giň ýaýran hadysadyr.

Anarhizm syýasata has negatiw baha berýär. Rus anarhizminiň atasy M.A. Bakunin syýasaty zorluk, sýtem diýip baha berýär. Häkimiýet diňe bir onuň eýelerini azdyrman, eýsem oňa mejbury boýun egýänlerem ýoldan çykarýar.

Marksizm hem syýasata anarhizme ýakyn naha berýär. Näme üçin adamlaryň köpüsinde syýasata "hapa" , "amoral" iş diýen garaýyş bar? Munuň sebäpleri diňe bir adamlaryň azaşmagynda däp-de, konkret syýasatyň real sypatlarynda şeýle hem syýasatyň aýratynlyklarynda.

Syýasatyň ahlaksyzdygyny düşündirýän sebäpleriň bir näçesini ýüze çykarmak bolýar. Şeýlelik bilen real syýasat köp

halatlarda ahlakdan daşda bolýar, şonuň üçinem syýasat köp adamlar tarapyndan “hapa iş” diýip hasaplanylýar. Ýöne syýasat ahlakdan düýpgöter üzülip bilmeýär, eger şeýle bolan ýagdaýynda jemgyýet zaýalanýar.

## Halkara gatnaşyklary we oňa gatnaşyjylar.

Halkara gatnaşyklary gadym wagtlardan bäri her bir döwletiň, jemgyýetiň, galyberse-de aýry-aýry adamyň durmuşynda uly orun tutupdyr. Milletiň döremegi, döwletara hereketleriniň döremegi, syýasy režimleriň formirlenmegi we üýtgemegi, medeniýetiň baýlaşmagy, sungatyň, ylmyň, tehniki progressiň we ykdysadyýetiň ösmegi halkara gatnaşyklary bilen berk baglanyşyklydyr.

“Sowuk urşuň” gutarmagy “dünýä sosialistik sistemanyň” dargamagy, öňki sosialistik respublikalaryň özbaşdak döwlet hökmünde halkara arena çykmagy, milli bähbitleriň üýtgemegi adamlaryň gündelik durmuşyna, umuman bütin adamzadyň ykbalyna gös-göni täsir edýär. Şu zatlardan belli bolşy ýaly halkara gatnaşyklaryna teoretik akyl ýetirmegiň hökmanydygy belli bolýar.

“Halkara gatnaşyklary” okuw sapagy hökmünde ilkinji gezek birinji jahan urşundan soň ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň uniwersitetlerinde, ilkinji kafedralaryň dörän döwründe döräpdir. Şol wagtda hem ilkinji okuw meýilnamalar ýüze çykýar. Halkara gatnaşyklary öz ösüşinde täze depgini ikinji jahan urşundan soň aldy. Halkara gatnaşyklaryny öwrenmeklik harç edilýän serişdeler ABŞ-ny halkara gatnaşyklaryny we dünýä syýasatyny öwrenýän uly ylmy merkeze öwürdi. Bu ugur boýunça Edward Karryň, Nikolas Spaýkmeniň, Reýnhold Niburyň hem-de Gans Margentauň uly köp sanly işleri bar.G. Mergentau özüniň “Halklaryň arasyndaky syýasy gatnaşyklar.

Häkimiýet we parahatçylyk ugrundaky göreş" diýen uly işini 1948-nji ýylda çap edipdir.
Häzirki gündeki dürli habarlara görä halkara gatnaşyklaryna degişli bütin dünýäde çap edilýän edebiýatlaryň 80% ABŞ-da çap edilýar. Şonuň bilen birlikde soňky döwürde halkara gatnaşyklary Ýewropada, belli bir derejede Angliýada, Fransiýada ösüp ugrady.
GDA döwletlerinde we Russiýada halkara gatnaşyklary akademiki sapak hökmünde 90-njy ýyllardan soň başlandy. Sebäbi ylmyň hem ykbaly beýl;eki syýasy ylymlaryňky bilen meňzeş. Şeýlelikde, Türkmenistan ýokary okuw jaýlarynda hem ýurdumyz Garaşsyzlygyny alanyndan soň halkara gatnaşyklary öwredilip talyby halkara gatnaşyklarynyň esasy düşünjeleri bilen, şeýle hem onuň esasy teoretik ugurlary we onuň wekilleri bilen tanyşdyrmak. Netijede her bir talyp alan bilimleriniň üsti bilen, döwletleriň, Soýuzlaryň, döwletiňki we döwletiňki bolmadyk guramalaryň, köpdürli hususy subýektleriň arasyndaky bulaşyk ýagdaýdan özbaşdak baş çykarmagy öwrenmelidir. Halkara gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň maksatlary, serişdeleri, strategiýalary hakynda özleriniň pikirlerini esaslandyryp bilmelidirler.

## Syýasy medeniýet we syýasy aň

Sosial toparlaryň we indiwidleriň syýasata çekilmegi olaryň sosial ähmiýetli bähbitlerini amala aşyrmaga bolan çemeleşmeleri bilen esaslandyrylýar. Ýöne olaryň bähbitleri gönüden – göni amala aşyrylmaýan, ýagny syýasatyň subýektleriniň aň- pikirleri bilen olaryň häkimýete, syýasy institutlara, elita, liderlere we beýlekilere bolan gatnaşygyň üsti bilen äşgär bolýar. Şol many mazmunlar we ähmiýetler jemgyýetde agalyk edýän syýasy medeniýet tarapyndan

bellenýär, ýagny normatiw gymmatlykly sistema tarapyndan. Şol normatiw gymmatlykly sistema bolsa ilatyň aglabasy boýun bolýar. Bu normatiw gymmatlykly sistema giň ýaýran we düýp tutan (fundamental) özüni alyp barmaklykdan, ösüşi medeniýetiň kesgitleýji täsiri astynda bolup geçýär. Onda adamzat durmuşynyň usuly, adamzadyň toplan tejribesini, däplerini, gymmatlyklaryny we praktikada olary durmuşa geçirmegiň mehanizmlerini subýektiň özleşdirmeginiň ölçegini aňladýar. Jemgyýetiň, adamyň iň howply gahatçyllygy medeniýet gahatçylygydyr. Medeniýetiniň ýagdaýy has häsiýetli we umumy ähmiýetli gymmatlykdyr, onuň derejesi bolsa jemgiýetiň we adamyň progresiniň aýgytlaýjy sertidir. Subýektleriniň syýasy medeniýetiň kemlik etmegi syýasatda uly ýaramaz netijelere getirýändiginden ugur alyp, adamlaryň syýasy medeniýeti, syýasy durmuşda ony düşünjelilik bilen amala aşymagyň mehanizmlerini ele almagyň aýratyn zerurlygy ýüze çykýar.

Syýasy medeniýet raýatlaryň syýasy bilimleriniň, bahalarynyň we hereketleriniň derejesidir hem häsiýesitidir, şonuň ýaly-da syýasy gatnaşyklary düzgünleşdirýän sosial gymmatlyklaryň, däpleriň hem normalarynyň mazmuny we jemidir. Bu kesgitleme syýasy medeniýet ýaly üýtgeşik sosial hadysanyň çylşyrymlygyny şöhlelendirip şu aşakdaky elementleri şz içine alýar:

- Tutuşlygyna syýasat hakyndaky bilimleriň, şol sanda onuň dürli sferasyndaky bilimleriň hem belli bir derejesiniň barlygy;
- Syýasy hadysalara, partiýalara, hereketlere we aýry-aýry şahsyýetlere özbaşdak baha bermegi başarmaklygy;
- Syýasy işe gatnaşmaga, hut öz pozisiýaňy we erk-islegiňi aňlatmaga ukyplydyr;
- Syýasy hereketleriň emosional tarapyny dolandyrmaga obanentleriň hereketlerine- de, hut öz hereketleriňe-de

oýnaşykly hem dury akyl bilen bermegi başarmasklygy öz içine alýar;

Ilkinji bolup «Syýasy medeniýet» diýen termini XXI asyrda nemes magaryfcysy I.Gerder (1744-1803) ulanýar. Elbetde ol syýasy medeniýet diýen konsepsiýanyň syýasy ylma we praktikasyna şeýle täsir eder diýip pikir hem edip bilen däldir.

Syýasy medeniýet umumy ykrar edilen normalary öz içine alyp syýasy tejribäniň kadalaşdyrmak we jemgyýetiň agzalaryny syýasy öz- özüňi alyp barmagyny sazlaşdyrmak bilen gymmatlyklaryň jemini düzýär. Ol özünde diňe syýasy ideýaly, gymmatlyklary, gurluşy jemlemän, eýsem syýasy durmuşa täsirediji bolup durýar.

2. Syýasy medeniýetiň alamatlary:

| |
|---|
| Syýasy oriýentasiýalar, ideýalar, garaýyşlar. bilim, duýgy, ynandyrma we başarjaňlyk. |

| |
|---|
| Syýasy normalar, däpler, dil, dessur, nyşanlar, syýasy durmuşyň steriotipi. |

| |
|---|
| Syýasy özüňi alyp barmak we gatnaşmak. |

| |
|---|
| Jemgyýetdäki syýasy gatnaşyklaryň bir çene barmagy. |

Gymmatlyklaryň, ideýaleryň, nyşanlaryň, däpleriň we normalaryň jemgyýetde umumy ykrar edilen maksatlarynyň daşynda jebis bolmagyna we raýat ylalaşygynyň we

durnuklylygynyň bolmagyna ýardam edýär. (ABŞ- nyň syýasy medeniýetini şeýle gymmatlyk ýagny watansöýjilik, Amerikanyň konstitusiýasyna we baýdagyna bolan hormat ýaly gymmatlyklarsyz göz öňünde getirmek örän kyn). Amerikan politologlary G.Almon we S.Werba «Graždan medeniýeti» diýen kitapda Angliýa, Italiýa, FRG, ABŞ we Meksika ýaly döwletiň syýasy sistamasynyň komponentleri we funksionirleýşiniň görnüşlerini subut edip we deňeşdirip, syýasy medeniýetiň 3 tiplerini tapawutlandyrypdyrlar:

- Patriarhal syýasy medeniýetleri ýerli gymmatlyklaryň oriýentasiýasy bilen häsiýetlendirilýär, ýagny tiräniň, taýpanyň gymmatlyklary, ýerli watansöýjilik, maldarçylyk, korrupsiýa. Indiwid esasy syýasy medeniýetliligi az kabul edýär, ýagny konkret bolan syýasy roluny ýerine ýetirmeýär. Meselem saýlowçy hökmünde;
- Boýun egiji syýasy medeniýet- indiwid passiw bolýar we onuň syýasy sistema bolan gatnaşygy çetleşen bolýar. Syýasy taýdan aňly düşünjeli bolsa- da däplere, dessurlara uýýar. Häkimýete boýun bolýar, ondan dürli abadançylyklara garaşýar (sosial posobiýalary, posobiýalary, kepillenme (garantiýa we ş.m)), häkimýetiň güýjünden gorkýar.
- Gatnaşyk medeniýeti syýasy aktiwlilik bilen tapawutlanýar, goşuluşma we rasionallyk häsiýetlidir. Raýarlar syýasy sistema täsir etmegi başarýarlar (saýlawlar, demonstrasiýalar we ş.m).

Emma syýasy medeniýetiň şu 3 görnüşi praktikada ýeke-täk görnüşünde duşmaýar, olar arkalaşykly hereket edýärler we biri birini gysyp çykarmaýarlar.

1. Syýasy aň –bu umumy düşünje bolup syýasy durmuşyň subýektiw tarapyny häsiýetlendirýär. Ol mazmuny boýunça öz içinde raýatlaryň ahli garaýyşlaryny,

duýgularyny we teoretiki gymmatlyklaryny, rasional we içki duýgularyny we teoretiki gymmatlyklaryny, rasional we içki duýgylaryny, bir söz aýdanyňda – raýatlaryň ähli göz öňünde tutup, dolandyryş guramalary bilen özara hereketini häsiýetlendirýär.

Başga söz bilen aýdanyňda syýasy aň- adamyň belli bir topara degişli bolan aňynyň emele gelýär, şeýle hem şoňa görä- de belli bir özüne degişli bolan syýasy pozisiýany saýlap almagy esasynda emele gelýär. Syýasy aňyň açyk we ýapyk görnüşleri bar. Açyk tipi bolanda- bu kesekiniň durmuş tejribelerini, başga medeni gymmatlyklary we dap – dessurlary kabul edýär. Öz ýerli toparlaýyn gymmatlyklarynyň we maksatlarynyň esasynda adamyň çakli syýasy garaýyşlary bolsa aňyň ýapyk tipini aňladýar.

Syýasy aň birnäçe işleri (funksiýalary) ýerine ýetirýär. Şu işler (funksiýalar) aşakdakylardan ybarat:

- Köpçülükleýin funksiýasy - ýagny adamyň we jemgyýetiň islegini amala aşyrýar;
- Ideologik gunksiýasy- belli bir topara ýa-da bütewi jemgyýetiň bähbidini goramagy talap edýär;
- Kommunikatiw funksiýasy- subýektler bilen häkimýetiň institutlarynyň özara gatnaşygyny üpjün edýär;
- Terbiýeçilik funksiýasy – adamyň syýasy işjeňliligini mümkin boldugyça jemgyýet üçin (ugrukdyrylan) synpyň, milletiň, döwletiň taglymatyna laýyk gelmegini ugrukdyrmak wezipesini ýerine ýetirýär.

Öňem belläp geçişimiz ýaly jemgyýetiň ösüşi şol jemgyýetdäki ähli raýatlaryň syýasy aňa we syýasy medeniýete bagly bolup durýar.

Syýasy institutlar göz öňünde tutulan durmuş maksatlaryny, häkimýet bilen şahsyýetiň aragatnaşyk ýollaryny jemgyýetdäki bar bolan syýasy medeniýet we syýasy aň häsiýetlendirýär.

## Halkara syýasty we dünýä wajyp (global) meseleleri.

Häzirki döwürde dünýä syýasaty düýp göter üýrgedi. Dünýä döweletleri diplomatik gatnaşyklaryň netijesinde ösýärler wwe biri- birlerine ýakynlaşýarlar. Bize mälim bolşy ýaly hiç bir döwlet hem dünýä bileleşiginden rugsatsyň ýadro, himiki we bakteriologik ýaraglaryny öndürip bilmeýär. Sebäbi bular adamzadyň ýaşamagynda howly serişde bolup durýarlar. XX asyryň ahyrlarynda dünýä bileleşikleri muňa göz ýetirdiler. Olar dünýä syýasatyny diňe umumy adamzat gymmatlyklaryna daýanyp gurmaly diýip netijä gelýärler. Şu wagta çenli bolan uruşlar adamzadyň gazanan gymmatlyklaryna uly zyýan ýetirdi. Dünýä taryhynda 5,5 müň ýylyň içnde diňe 3 asyr parahatçylyk bolupdyr diýip alymlar kesgitleýärler. Mysal üçin şol uruşlaryň netijesinde XVII-asyrda 3 million , XVIII – asyrda 5mln, XIX – asyrda 6 mln, XX asyryň içinde bolsa 70-mln- dan gowrak adam Ýewropada ölüpdir.

Häzirki döwürde dünýä syýasaty doly öwrenilenok. Emma dünýä syýasaty barha çylşyrymlaşýar. Gatnaşyklarda daşary syýasat termini bilen bilelikde «Halkara syýasaty» termini hem ulanylýar. Bu bolsa halkara gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň subýektiniň giňelmegi bilen düşündirilýär. Görnükli fransuz sosiology R.Aronyň aýtmagyna görä; «Halkara gatnaşyk – bu syýasy birlikleriň gatnaşygydyr» diýýär. Halkara gatnaşygynyň jedelsiz formasy şertnamalar bolup çykyş edýär. Amerikan gözlegçisi

D. Rozenaunyň aýtmagyna görä halkara gatnaşykşyklaryny ugrukdyryjy adam bolup çykyş edýär. Halkara gatnaşyklaryna mysal bolup Ýewropa hyzmatdaşlyk guramasy çykyş edýär. Olar bileleşip daşarky dünýä bilen gatnaşygy alyp barýarlar.

Şolaryň netijesinde hem öz ekologik we syýasy bähbitlerini gorap çykyş edýärler.

ÝHG-sy bütin adamzadyň hukuklaryny gorap çykyş edýärler we BMG-ä ýakyndan kömek berýärler. Ýewropa ýurtlarynda we ÝHG-nyň alyp barýan syýasaty urnuklylygy emele getirýär. Birnäçe awtorlaryň aýtmagyna görä içeri we daşary syýasat halkara gatnaşyklarynda esasy mesele bolup durýar. Morgentaonyň pikiriçe halkara syýasat – bu güýje garşy göreşdir diýýär. Amerikan sosiology P.Gurewiç içerki jemgyýetçilik gatnaşyklaryny 4 faktora bölýär:

1. Harby interwensiýa
2. Goşylmak.
3. Halkara gatnaşyk.
4. Halkara ulgamy.

L. Gumplowiçiň pikiriçe Halkara durmuşynda esasy göreş 2 döwletiň arasynda serhet ygrunda göreş bolup durýar diýýär. Islendik döwlet öz güýjüni artdyrmaga ymtylýar. Geliň şu ýerde bar zady belläp geçeliň islendik milli döwlet adamzat jemgiýetiniň bir bölegini düzýär we beýleki ýurtlar, halklar bilen aragatnaşyk etmän ösüp bilmeýär. Döwletleriň özara gatnaşygy bolsa dünýä derejesinde alanyňda halkara gatnaşyklaryny emele getirýär.

Halkara gatnaşyklarynyň mazmunyny düzýän 2 sany mesele bar. Olar gapma- garşylyk we hyzmatdaşlyklar. Halkara gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň her biri kesgitli maksatlara eýerýärler. Özboluşly bähbitleri amala aşyrmaga şunuň bilen baglylykda halkara syýasatyna täsir etmäge çalyşýarlar. Içerki syýasatyň ýagdaýyndan tapawutlylykda halkara syýasy durmuşy köp merkezli we merkezleşdirilendir. Bu ýerde esasy orny şertnamaalr, hyzmatdaşlyklar we şundan gelip çykýan kompromisler ornaýar.

Syýasatda dünýä tertibi diýlen düşünje hem bar. Dünýä tertibi- bu halkara gatnaşyklarynyň biri bolup milli syýasy ulgamlaryň we halkara mümkinçilikleriň özara hereketleridir.

Syýasat ylmynda daşary we içeri syýasatyň arabaglanyşyk meselesi çylşyrymly meseleleriň biri bolup durýar. Olar esasan:

1. Tradisionalizm
2. Syýasy ideolizm
3. Modernizm.

Alym Morgentanyň aýtmagyna görä häzirki zaman daşary we içeri syýasatyň arabaglanşygynyň esasyny milli bähbit düzýär. Milli bähbit obýektiw hadysadyr. Sebäbi ol adamzadyň tebigaty, jemgyýetiň ösüşi, geografik ýerleşişi, taryhy däp – dessurlary bilen baglanşyklydyr.

Häzirki döwürde Halkara gatnaşyklarynda neorealizm taglymaty bar. Olar içerki we daşarky syýasaty geo syýasat bilen baglanyşdyrýarlar. Olaryň pikiriçe içerki syýasaryň esasynda daşarky syýasatyň zorlugy durýar diýýärler. Wel Timanyň pikiriçe güýçli döwlet islese islemese daşary syýasata güýçli täsir edýän bolup durýar.

Parahatçylykly ýagdaýyň üpjün edilmegi halkara gatnaşyklarynda deňagramlylygy saklaýar. Morgentaonyň pikiriçe halkara gatnaşyklarynda 2 sany ýol bar. Onuň iň esasyny döwletleriň häkimýetlerini çäklendirmeli ýagny halkara hukuk bolmaly we ahlak gymmatlyklary bolmaly. Öňki döwüre garanyňda häzirki döwürde kiçi döwletler uly mümkinçiliklerden peýdalanýar. Ž.S.Naýmuny 4 topara bölýär.

1. Transport we tehnologik gatnaşyklaryň üýtgemegi. Transport arzanlady, kommunikasiýa geçirmek bularyň hemmesi transnasional korporasiýasynyň ösmegini çaltlaşdyrdy. Mundan başga- da dünýä önümçiligini çalt ösdürýär.

2. Moderniýasiýanyň,urbonizasiýa, kommunikasiýanyň ösmegi.
3. Dünýä derejesindäki häkimýeti bölmek. Bu tendensiýa ösüp barýan döwletlere degişlidir.
4. Beýik döwletleriň daşky sreda gözegçiligini azaltmak.

Ähli döwletleriň daşary syýasatynyň esasy meselesi onuň içki ösüşini doldurýar.

Bir döwlete özüň güýç görkezmek häzirki döwürde örän howply bolup durýar. Bu adamzadyň ýitmegine howp salýar. Şonuň üçin döwletler öz aralaryndaky gatnaşyklaryny güýç görkezmek däl-de hoşmeýilli esaslarda alyp barmalydyr.

Geliň indi häzirki zaman global meselesi barada gürrüňimizi dowam edeliň. Global sözi Fransuz sözünden gelip çykyp Global –umumy latyn sözünde Globus – şar diýmekligi aňladýar. Globus şar ýagny ýer ýüzüni gurşap alýan diýmekligi bildirýär. Global meselesi bolnda dünýä degişli meselelere düşünilýär. Şol meseleleri çözmek üçin bütin döwletler bolup birleşip göreş alyp barmaly. Olaryň arasynda termoýadorly uruşlaryň öňüni almak, tebigaty goramak, döwletlerdäki garyplygyň öňüni almak, dünýäniň ilatyny energetik we ähli resurslar bilen üpjün etmek meselesi hem global meselelere geçirýär. Global meseleler global jagaplary – olaryň çözülmegi üçin giň halkara hyzmatdaşlygyny talap edýär.Öz häsiýeti boýunça global problemalar dürli – dürlidir we olaryň hemmesiniň içnden adamzadyň geografik birligi, adamzadyň sag – aman galmak we parahatçylyk ideýalary eriş – argaç bolup geçýär. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly Global meseleleri gaty köp emma olar esasan 7 sanydyr.

1. Ýaragsyzlanmak we ýer ýüzünde parahatçylygy saklamak.

2. Tebigy sredanyň weýran bolmazlygy üçin ekologik mesele.
3. Ösýän ýurtlarda ilatyň sanynyň çalt ösmeginiň döreden demografik meseleleri.
4. Ençeme gowşak ösen ýurtlarda millionlarça adamlara kä ýyllar iýmit ýetmeýänligi we açlyk mynasybetli döreýän azyk meselesi.
5. Planetalaryň mineral çiň mal we beýleki resurslaryň çäkliligi sebäpli emele gelýän energetiki we çig mal we beýleki resurslaryň meselesi.
6. Ozalky koloniýalaryň yza galaklygyny ýeňip geçmek meselesi.
7. Dünýä okeanynyň meselesi. Ol birinji nobatda onuň biologik önümleriniň azalmagy we onuň hapalanmagy bilen baglanşykly meselelerdir.

Geliň indi global meseleleriň kä birleriniň üstünde durup geçeliň.

Ekologik problema. Bu mesele jemgiýet bilen tebigetyň özara gatnaşyklaryndaky ösüş bilen baglanşyklydyr. Ekologik mesele- jemgyýet bilen tebigetyň özara aragatnaşygyny töweregindäki sredany saklamak meselesidir. Adam özüniň tehniki mümkinçiliklerini artdyrdy, tebigata gatnaşygyny güýçli artdyrdy. Şol bir sanda hem adam tebigata biologik, ekalogik deňagramlylygy saklamagy ýatdan çykardy.

Aýratynda XX asyryň II ýarymyndan bäri olaň – töweregi gurşap alýan sreda zor salmak has artdy. Ilat sanynyň artmagy we industializasiýalaşmagyň, şäherleşmegiň çaltlanmagy netijesinde biziň planetamyzyň hojalyk taýdan ýüki artdy. Bu bolsa häzirki adamlaryň we geljekki nesliň saglygyna howp abandyrýar.

Ekologik mesele dünýä boýunça ýiti meseledir. Ol maddy önümçiliginiň ähli pudaklarynda: oba gojalygynda, himiýa senagatynda, metallurgiýa, atom energetikasynda köp ýüze çykýar.

Daş töweregi zaýalaýan maddalaryň möäberi 40mlrd tonna goloýlaşýar. Sredanyň zaýalanmagy adamlaryň jan saglygyna, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýaşamagyna howp salýar. Häzirki dünýäde topragyň şorlanmagy, ýeriň arryklamagy giň germe eýe boldy. Munuň esasy sebäbi adamlaryň öz hojalyk işlerinde göýberýän ýalňyşlyklarydyr.

Ýer resurslaryny gorap saklamak usullarynyň has giň ýaýrany şu aşakdakylardan ybarat:

1. Toprak eroziýasynyň garşy göreş.
2. Ýerleriň şorlamagyna we zeýlemegine garşy göreş.
3. Oba – hojalygyny kämilleşdirmekde ýerleriň himiki elementler bilen hapalanmagyna garşy göreş.
4. Tewbigy ýagdaýy bozulan ýerleriň gaýtadan dikeldilmegi.
5. Çägeleri berkitmek we özgertmek.

Häzirki wagtda çöle öwrülen ýerler 35million kw.km. ýetdi. Efiopiýada gurakçylyk zerarly, açlyk zerarly 1 million adam heläk boldy (1968-1973). 1984 –nji ýylda Afrikanyň 34 ýurdunda, Aziýanyň, Latyn Amerikanyň 10 ýurdunda örän güýçli gurakçylyk boldy, bu bolsa oba – hojalyk ýerleriniň iňňän giň territoriýasynyň çöllüge öwrülmegine alyp bardy.

Atmosfera – bu kislarodyň ýeketäk çeşmesidir we bu elmydama arassa saklanmalydyr. Emma şäherleriň, senagatyň, ýangyç energetikasynyň, awtomobil transportynyň ösmegi howanyň ep- esli derejede hapalanmagyna getirdi.

Eger - de 1950- nji ýylda senagat kärhanalary atmosfera 70million tonna kükürt dioksidini goşan bolsa, onda 1980 – nji ýylda ol 151 million tonna boldy we 2000-nji ýylda 280mln tonna ýetdi.

Awtomobiller hem howany zaýalaýarlar. Atmosferanyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagynyň howsalasy, adamzat jemgyýetini soňky on ýyllygyň içinde howanyň arassalygy ugrunda göreşmek barada ençeme çäreleri görmäge mejbur etdi.

Adamzat jemgyýetini maddy resurslar bilen üpjün etmekde dünýä okeanlarynyň aýratyn orny bar. Ýer üstünden (gury ýerden deňze hapa akdyrmak) we deňziň öz içindäki deňiz transporty, deňiz düýbünden nebit çykaryjy promyslar deňizleriň suwlaryny hapalaýarlar.
Eýýam dünýäsiniň birentek ýerlerinde arassa, süýji suw ýetmezçilik edýär. GFR, Gollandiýa, Daniýa içer ýaly suw almak üçin Şwesiýa bilen gepleşikler alyp barýar.
Tebigat we tebigy resurslary goramagyň halkara soýuzynyň maglumatlaryna görä, orta hsasp bilen dher ýylda haýwanlaryň bir görnüşi ýok bolýar. Munuň esasy sebäbi haýwanlaryň hemişelik ýaşaýan ýerleriniň weýran bolmagydyr.
Ýabany haýwanlaryň ýok bolmagynyň we olaryň seýrek duş gelýän hemde ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşleriniň azalmagynyň esasy sebäpleri şu aşakdakylardan ybarat:

1. Haýwanlary awlamak.
2. Haýwanlaryň ýaşaýan ýeriniň özleşdirilmegi.
3. Ýerli haýwanlaryň ýaşaýan ýerlerine başga haýwanlaryň getirilip ýaýradylmagy.
4. Töwerekdäki sredanyň hapalanmagy.

   Ýene- de global mesele Demografik meseledir. Ýagny ýer ýüzüniň ilat sany çalt artýar. 2000- nji ýyldan başlap dünýäniň ilaty 6mlrd boldy. BMG-nyň çaklamagy boýunça 2050-nji ýý çenli bu san 10mlrd çenli ýeter.

   Şonuň bilen birlikde möhüm meseleler hem ýüze çykýar. Olaryň esasysy «Azyk meselesidir» Häzir dünýäde 1mlrd adamdan köprägi wagtal wagtal açlykdan we iýmit ýetmezçiliginden heläk bolýar. Şoňa görä- de hemişe köpelýän ilaty azyk bilen üpjün etmek – iň möhüm global meseleleriň biridir. ABŞ, Kanada we Gunbatar Ýewropada azyk artykmaç öndürilýär. Emma ony ýeterlik satyn almaga ösýän ýurtlaryň köpüsiniň serişdeleri ýetmeýär.

Energatika we çig mal meselesi hem global meselä öwrüldi. Senagat taýdan ösen ýurtlaryň energetik we çig mal islegleri esasan hem dünýä ýurtlarynyň hasabyna kanagatlandyrylýar.
Häzirki döwürde halkara gatnaşyklarynda terrorçylyk uly global meselä öwrüldi. Bu barada dünýäniň uly guramalary iş alyp barýarlar. Mundan başgada Raketalaryň uçurylmagy aýa çykylmagy, senagat pudaklarynynyň zäherli himikatlary azon gatlagyny barha ýukaldýar. Bu bolsa dünýä adamlaryny hosala salýar. Howanyň ýyl geçdigiçe gyzmagyna Azon (O3) gatlagynyň deşilmegine getirdi. Bu hem halkara global meseleleriň biri bolup durýar. Galyberse-de birnäçe keselçilikler hem adamzady zäherleýär. Olaryň esasysy SPID keselidir. Häzir bu barada we muňa garşy dünýä bileleşikleri yzygiderli işleri alyp barýarlar.
Türkmenistan döwletimiz özüniň garaşsyzlygyny alandan soň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy işjeň daşary syýasaty işläp düzdi we ýola goýdy.
Biziň halkara gatnaşyklaryndaky syýasatymyz hyzmatdaşlyk, dostlyk, parahatçylyk syýasatydyr. Biziň ylalaşýan şertnamalarymyz 2 tarapa hem bähbitli şertnamalardyr.
Türkmenistan hem dünýä syýasy ulgamyna gatnaşmak bilen dünýä bileleşikleri bilen hem hyzmatdaşlygy ýola goýdy. Türkmenistan BMG-äň agzalaryna 1992- nji ýylyň 2-nji mart aýynda kabyl edildi.
Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy hem global meseleleriň çözülmegindäki bileleşikleriň (aýratyn hem BMG) işlerine uly ähmiýet berýär.
Häzirki döwürde Aral meselsei global meselä öwrüldi. Bu barada birnäçe işler alynyp barylýar. Türkmenistan BMG-ň ÝUNISEF, ÝUNESKO ýaly guramalary bilen işjeň gatnaşýar.

1992 –nji ýylda ÝUNISEF bilen Türkmenistanyň arasynda hyzmatdaşlyga gol çekildi. Çagalara adatdan daşary kömek gaznasy – diýmekligi aňladýar. Bu gurama enäniň we çaganyň sagdyn ösmegi, ýaşlaryň hal ýagdaýyny hasda gowylandyrmak we beýlekiler barada iş alyp barýarlar. Ýaşlaryň arasynda SPID- iň neşekeşligiň öňüni almaga gönükdirlen okuw – maslahatalary öz degerli netijelerini berýär.

Umuman sözümizi jemläp aýdanymyzda dünýä syýasatynda Global meseleleri aýry – aýry döwletler çözüp bilmeýärler. Olary çözmek üçin ähli ýurtlar hyzmatdaşlygyny we parahatçylygyny berkitmelidir.

## Şahsyỳet we syỳasat

Delfidäki Apollonyň buthanasynyň sütünleriniň birinde “Öz-özüňi tana” diỳilip ỳazylypdyr. Bu gadymdan gelỳän adamyň öz tebigatyna bilen arabaglanyşygyna akyl ỳetirmekligiň zerurly häzirki gün hem wajypdyr.

Adamyň aỳratynlygy, ol diňe jemgyỳetçilik durmuşy şertlerinde ỳaşap bilỳändir. Şahsyỳetiň kämilleşmegi we jemgyỳetde öz ornuny tapmagy onuň jemgyỳetçilik gatnaşyklarynyň dürli taraplary bilen baglanşygyna baglydyr. Şeỳlelikde, Aristoteliň adama tebigat taỳdan jemgyỳetde ỳaşamak üçin döredilen, syỳasy jandar” diỳip berilen bahasy wajyplygyna häzirki günem ỳitirmeỳär.

Ösen medeniỳetli jemgyỳetlerde syỳasat adam ücin we adamlaryň üsti bilen amala aşyrylỳar. Sosial toparlar, syỳasy partiỳalar, köpçülikleỳin jemgyỳetçilik hereketler nähili derejede ähmiỳetli rol oỳnasalaram, syỳasatyň esasy subỳekti hököminde şahsyỳet çykyş edỳär, galyberse-de şol guramalar hem real şahsyỳetlerden düzülỳär.

Syỳasatyň subỳekti höküminde adamyň uly roly syỳasy pikiriň taryhynda giňden ykrar edilendir. Platon özüniň “Respublika” diỳen işinde adam tebigatynyň “görnüşine” görä birnäçe syỳasy garaỳyşlary ỳüze çykarỳar. Aristotel bolsa özüniň “syỳasat” diỳen işinde adama tebigaty boỳunça syỳasy jandar diỳip baha berỳär. Gumanistik Marksizimiň garaỳyşy boỳunça adama bütin jemgyỳetiň hemme işiniň şol sanda hem syỳasy işiniň merkezidir diỳip baha berỳär.

Şahsyỳetiň syỳasata gatnaşmak problemasynyň köp taraplary bar.

Birinjiden. Syỳasata aktiw gatnaşmak bilan adam özüniň mümkinçilikklerini giňeldỳär, özüniň jemgyỳetçilik problemalaryny has täsirli çözüp bilỳär. Durmuşyny hemme taraplaỳyn gowulandyrỳar.

Ikinjiden. Adamyň syỳasatyň subỳekti höküminde ähli umumy ösüşine syỳasy institutlar bilen graždan jemgyỳetiniň ỳakyn gatnaşygy hem uly täsie edỳär, ondan başga-da halk tarapyndan syỳasy – dolandyryş gurluşlaryň işine gözegçilik edilmegi hem-de dolandyryş funksiỳalarynyň jemgyỳetden bölünip aỳrylmagy. Mysal üçin: Awtolitar we administratiw – buỳruk beriji ỳolbaşçylyk adamlary häkimỳetden daşlaşdyrỳar, halkdan dolandyryş apparatyny daşlaşdyrỳar. Dolandyryş bu görnüşi peỳdaly däldir. Dolandyryşyň demokratik görnüşi adamyň syỳasy pozisiỳasyna, pikirine hormat goỳmak esasynda dolandyryş jemgyỳet üçin peỳdalydyr.

Üçünjiden. Demokratiỳanyň ösmegi bilen jemgyỳet öz agzalarynyň döwlet işine gatnaşmak isleglerini kanagatlandyrỳar. Şahsyỳetiň demokratik syỳasy prosese gatnaşmagy adamyň kemala gelmeginiň, dolandyryş we öz-özüňi dolandyryş işinde medeniỳetiniň, endikleriniň kemala gelmeginiň usulydyr.

Hemmetaraplaỳyn kämil adam – şol bir wagtda hem aktiw jemgyỳet işgäridir.

Şahsyỳetiň syỳasy prosesi aktiw gatnaşmagynyň belli bir yzygiderli bolỳar. Olary üç topara bölmek bolỳar:

1. Maddy.
2. Sosial-medeni.
3. Syỳasy-hukuk.

Taryhy tejribäniň görkezişi ỳaly adamyň syỳasy işiniň gowy bolmagy üçin onuň ilki bilen maddy isleglerini kanagatlandyrmaly.

Daşary ỳurt politologik barlaglara görä, jemgyỳetiň baỳlygy bilen syỳasy ulgamyň baglanyşygy 3 döwür boỳunça öwrenilỳär.

Birinjiden**:** Jemgyỳet näçe baỳ boldugyça, ol demokratik dolandyryş formalary üçin açyk bolỳar. Amerikan syỳasaty öwrenijisi S.M.Lipsetiň ỳazmagyna görä “Halk nähili derejede gülläp ösen bolsa, şonça-da ol demokratiỳany goldar” diỳỳär. Ösen ykdysadyỳetli jemgyỳetlerde köpçüligi hem-de täsiri boỳunça esasy sosial toparlar örän garyp gatlaga-da, ertekilerdäki ỳaly baỳ gatlaga-da degişli däldir. Bu ỳerde iki polỳusly emläk gatnaşyklary ỳitip, güỳçli “orta gatlak” emele gelỳär. Şolar hem özleriniň jemgyỳetdäki ỳagdaỳy we bähbitleri boỳunça demokratik režimi goldaỳar.

Ikinjiden: Adamyň maddy ỳagdaỳy onuň syỳasy ynamlaryna we uguryna uly täsir edỳär.

Üçünjiden: Ỳokary milli baỳlyk akylly graždan gulluguň bazasyny kemala getirỳär. Döwlet gullugyna, syỳasy işe gara maksatlarynyňy amala aşyrmagyň serişdesi, çalt baỳamagyň usuly hököminde seretmek, dolandyryş ulgamy üçin örän agyr netijeleri berỳär.

Birnäçe syỳasatnamaçylygyň pikirine görä şahsyỳetiň syỳasy aňyna we özüni alyp barşyna medenỳetiň factory bolan, bilim uly täsir edỳär. Leniniň aỳtmagyna görä sowatsyz adamlar syỳasata hiç hili gatnaşyp bilmazler. Tersina özleriniň bilimsizligi, sowatsyzlygy sebäpli, olar syỳasy täsiriň obỳekti

bolarlar. Sowatsyz adam syỳasy hereketleriniň subỳekti däl-de, obỳekti bolỳandyr.
2. Syỳasy sosializasiỳa – bu adamyň syỳasy aňynyň we özüni alyp barşynyň kemala gelip we ösüş prosesidir.

Syỳasy sosializasiỳanyň häzirkizaman görnüşleri täze zamanyň akyldarlarynyň pikirleri güỳçli täsir edipdir.

Umuman adamyň syỳasy gatnaşyklara goşuluşmagyny iki görnüşe, ỳagny iki modele syrykdyrmak bolar.

Biranji model – "boỳun egmek" – bu T.Gobbsyň taglymatynda has kämildir.

T.Gobbsyň pikirine adamyň tebigatynyň – iň ilkinji häsiỳetnamasy onuň mydama, çäksiz häkimỳete ymtylmagy, adamyň akylsyzlygy, egoistligi we onuň öz isleglerine erk edip bilmeỳänligidir, şonuň üçin hem onuň ỳeke-täk häkimiỳete boỳun egdirilmegi, "hemmeleriň garşysyna hemmeleriň urşunyň" öňüni alynmaklygynyň ỳeke-täk çykalgasydyr.

Ikinji model – "bähbit" – bu A.Smitiň, G.Spenseriň, Ỳ.Godwiniň atlary bilan baglanyşyklydyr. Ỳagny bähbit syỳasaty herekete getirỳän soial-syỳasy mehanizimdir. Şunlukdan adam öz bähbidi bar bolan işini edỳär. Şonuň üçin, birnäçe şahsy bähbitleriň gabatlaşmagy bilen sosial we syỳasy tertibiň döremegi mümkindir. Jemgyỳetiň ösüşi boỳun egdirmek ỳoly bilen amala aşỳar.

Birinji modeli öwreniji häzirki zaman alymlary adamyň bähbidi syỳasatyň işjeň subỳekti etmek bilen syỳasy prosesi öňe hereketlendirỳär. Şunuň bilen birlikde häkimiỳetiň köpdürli mehanizimleri adamyň azatlygyna abaỳan howp höküminde seredilỳär. Şonuň üçin liberal, neokonserwatiw syỳasatçylar kolletiwiň dürli görnüşlerine, häkimỳetiň merkezleşdirilmegine we oňa adamyň boỳun egdirilmegine otrisatel garaỳarlar.

Birnäçe alymlar syỳasy sosializasiỳa "syỳasy goldaw" gowy tertip-düzgüniň kemala gelmegi, syỳasy ulgamda bar bolan syỳasy maksatlary we gymmatlyklary raỳatlaryň meỳletin Kabul edimegi diỳip seredỳärler. Şeỳlelikde,

D.Istonyň we J.Dennisiň pikirine görä, syỳasy sosializasiỳa – bu şahsyỳetiň öz syỳasy uguryny Kabul edỳän ösüş prosesidir. Bu nukdaỳnazar birňäçe sowet sosiologlary we politoloklary tarapyndan hem goldanylỳar (E.Ỳa. Batalow, Ỳe.B. Şestopal, W.A. Şegorsew).

Barlaglaryň netijesine görä, çaganyň syỳasy dünỳäsi eỳỳäm mekdebe çenli bolan döwürde kemala gelỳär, 11-13 ỳaşlar aralygynda çaga has kämil ösüşler bolup geçỳär, çaganyň syỳasy "meni" 18 ỳaşlarynda kemala gelỳär, şhsyỳetiň syỳasy partiỳalar we hereketler bilen gatnaşyklary 20-30 ỳaşa çenli berkeỳär, ondan soňra ol ösüş has hem kämilleşỳär ỳa-da ỳuwaş-ỳuwaşdan pese gaçỳar.

Eger-de syỳasy sosializasiỳa adamyň syỳasy aňynyň we özüni alyp barşynyň ösüşiniň prosesi bolỳan bolsa, onda ol prosesiň birňäçe döwürleri öz içine alỳandygyny öz-özündenem düşnüklidir. Ilkinji döwürde indiwid sosial-syỳasy bilimleriň kesgitli toplumuny Kabul edỳär hem-de öwrenỳär. Soňra bu bilimler jemgyỳetçilik-syỳasy tejribe netijesinde durmuşa ukuplylyk barlagyny geçỳär we ỳalanlygy ỳa-da dogrulygy bilen adamyň ynamayna girỳär.

Syỳasy göz ỳetirmeleriň we öz tejribäňi seljermegiň esasyna şahsyỳetiň syỳasy ugry kemala gelỳär. Ol diňe bir syỳasat bolan gatnaşygy kesgitlemän, eỳsem ondaky hereket edỳän güỳçlere, ilki bilen dolandyryjy partiỳa we hökümete bolan gatnaşygy hem şöhlelendirỳär.

Syỳasy ugur köp derejede adamyň syỳasy özüni alyp barşyny kesgitleỳär.

Şahsyỳet syỳasy sosializasiỳalaşmagynyň yzygiderligi ine şu ỳokarda seredişimiz ỳaly. Indi şu prosese nähili faktorlaryň täsir edỳändigine seredip deçeliň.

Birinjiden. Umumy jemgyỳetiň ahlak we ideỳa-syỳasy täsiri (syỳasy ulgam, sosial-synpy gurluş, syỳasy medeniỳet, köpçülikleỳin habar beriş serişdeleri, medeniỳet we sungat we ş.m.)

Ikinjiden. Indiwidiň biopsihologik aỳratynlyklary (temperamenti, intellekti, erki we ş.m.)

Üçünjiden. Şahsyỳetiň sosial tejribesi adamyň sosial tejribesi näçe baỳ bolsa şonçada onuň syỳasy ugruny üỳtgetmekligi çylşyrymly bolup geçỳär. Käbir halatlarda ol düỳbünden üỳtgemän galỳar.

Dördünjiden. Şahsyỳetiň sosial derejesi.

Egerde köp wagtyň dowamynda şahsyỳetiň pozitiw derejesi üỳtgemän galsa, onda onuň syỳasy ugrunyň düỳpgöter üỳtgemegi hem mümkindir. Syỳasy ugry üỳtgetmek şahsyỳetiň syỳasy sosializasialaşmagynyň irki döwürde has täsirlidir, sebäbi ol döwürde şahsyỳetiň syỳasy bilimleri we göz ỳetirmeleri doly kämil däl.

3. Syỳasy sosializasiỳa prosesinde şahsyỳetde syỳasy aňyň we özüňi alyp barmaklygyň kesgitli görnüşleri kemala gelỳär.

Syỳasy aň – bu adamlaryň döwlete we partiỳalara, syỳasy gymmatlyklara we ösüş maksatlaryna, däp-dessurlara we syỳasy durmuşuň normalaryna gatnaşyklara beỳan edỳän, ynamlaryň we garaỳyşlaryň jemidir.

Syỳasy aňyň esasyny syỳasy bilimler düzỳär. Şonuň üçin onuň akyl ỳetiriş funksiỳasy mydama ilkinjidir. Ỳöne aň – bu diňe bar bilim bolman, eỳsem nukdaỳnazardyr, garaỳyşdyr, gatnaşykdyr. Bütewi aňyň iki sany düzüm böleginiň: ideologiỳanyň we psihologiỳanyň bolşy ỳaly, syỳasy aň hem syỳasy ideologiỳadan we syỳasy psihologiỳadan düzülỳar.

Adamlary syỳasy işe garaỳyşy boỳunça şu aşakdaky görnüşlere bölỳärler:

1. Aktiwistler (işjeň adamlar). Olar syỳasat özleriniň gatnaşmagyna položitel seredỳärler, has doly syỳasy maglumatlary bilmäge çalyşỳarlar, özleriniň daşyna pikirdeş adamlaryny ỳygnaỳarlar.

2. Ygtyỳarlykly synçy. Özüniň syỳasata gatnaşygyna neỳtral garaỳar, syỳasata uly gyzyklanma bilen çemeleşỳär, syỳasatdan gowy habarly.

3. Ygtyỳarlykly tankynçy. Özüniň syỳasata gatnaşmagyna otrisatel garaỳar, ỳöne syỳasata uly gyzyklanma bar, maglumatlardan habarly, häkimiỳetiň wekillerine tankydy garaỳar.

4. Passiw raỳat. Syỳasata gatnaşmaga neỳtral ỳa-da otrisatel garaỳar, syỳasat bilen gyzyklanmasy gowşak şeỳle hem syỳasy maglumatlardan habarsyz.

5. Syỳasy däl adam. Özüniň syỳasata gatnaşmagyna otrisatel seredỳär, syỳasat bilen gyzyklanmaỳar, syỳasy maglumatlardan habarsyz.

## Dỏwlet we hảkimiỷet.

Döwlet syýasy ulgamynda merkezleşdirilen institut bolup, onuň işinde syýasatyň esasy mazmuny beýan edilýär. "Döwlet" termini iki manyda ulanylýar. Giň manyda "döwlet" – ýurt, jemgyýet, halk hökmünde belli territoriýada ýerleşen hem-de ýokary häkimiýet organy tarapyndan hödürlenilýär. Beýleki bir manysynda "döwlet" kesgitli territoriýada ýokary häkimiýet tarapyndan ykrar edilip dolandyrylýan gurama hökmünde ulanylýar. Döwleti häsiýetlendirýän esasy alamatlar;

- Döwlete häsiýetli bolan garaşsyzlyk ýa-da belli bir territoriýada ýokary häkimiýetlilik;
- Dölwet tarapyndan serhetleşdirilen territoriýa;
- Legal güýç ulanmaklyga bolan Mongoliýa; goşunyň, polisiýanyñ, howpsyzlyk gullygynyň, suduň we prokuraturalaryň kömegi bilen fiziki (tabynlygy) boýun egdirmekligi;
- Ilata degişli kanunlary we düzgünleri çykarmagy, şeýlede paç we salgyt ýygnamagy;

Döwletiň döremegine we ösmegine dürli faktorlar täsir edýärler. Meselem: Jemgyýetçilik zähmeti bölünişiginiň ösüşi, esasy zähmetiň ýörite pudak bolup bölünmegi;

Jemgyýetde dolandyryş funksiýasynyň güýjemegi we oňa degişli döwletiň döremegi;

Jemgyýetçilik önümçiliginde hususy emlägiň, synplaryň we ekspluatasiýanyň döremegi;

Bir halky beýleki halkyň basyp almagy;

Halkar çarwaçylykdan oturymly durmuşa geçmegi, ilatyň sanynyň we jebisleşmeginiň artmagy;

Geografiki ýerleşişi, tebigy şertleri we ş.m.

Adamlar tarapyndan döwletiň guramasynyň esasy sebäbi, olaryň beýleki adamlar tarapyndan gorky duýgusynyň agdyklyk edip, ýaşaýyş barada, azatlyk we baýlyk barada aladalanmagydyr. /T.TOBBS/. Başga bir akyldar-D. Lokk: "döwlet-adam aňynyň miwesi bolup, onuň netijesinde ýörite organyň döremeginiň zerurlygyny döredýär. Döwlet adamlaryň tebigy hukuklaryny üpjin etmäge ukyplydyr" diýip belleýär.

Döwletiň funksiýasy barada aýtsak, onda aşakdakylary bellemek zerur: syýasy ugry, gurama – hojalygy, daşary howpdan goranyşy, medeni – ideologiki, milli integrasiýany, hukuk düzgün-tertibi üpjin etmek, terbileýji we beýlekileri.

Her bir döwlet häzirki döwürde spesiofiki häsiýeti we aýratynlygy bilen tapawutlandyrylýar. Umumy görnüşde olary 2 görnüşe (tipe) – monarhiýa we respublika bölmek mümkin. Dolandyrma formasy klassifikasiýanyň esasy kriteriýasy bolup çykyş edýär.

Monarhiýada döwletiň formal çeşmesi bolup bir adam çykyş edýär. Ol nesilme-nesil geçýär. Dolandyryşyň monarhiki formasy dürli görnüşlerden ybarat:

Absolýut monarhiýa dölwet baştutanlygynyň hemme zada häkimiýetçilik edip bilýär. Edara etmeklik monarh tarapyndan bellenip, onuň islegi berjaý edilýär. Bu hili

dolandyryş öň köp döwletlerde (şol sanda Prusiýada) gabat gelýärdi, indi bu dolandyryş seýrekleýär (Saud Arabystanda).

Konstitusion monarhiýa dualistika bölünýär, ýagny ikä bölünýär. Haçanda monarh döwleti edara edýär, ýöne kanunçykaryjy we parlamenti işine az gatnaşdyrylýar ýogsa ol döwlet baştutany hasaplanýar. Şeýlede bolsa ol görünäýjek we käbir ýerine ýetirijilik işleri bitirýär, häzirki demokratik monarhiýalaryň köpüsi-parlamentmonarhiýalardan (Welikobritaniýa, Niderlandlar, Delgiýa, Şwesiýa, Norwegiýa, Daniýa, Ispaniýa, Ỳaponiýa we beýlekiler).

Respublika-häzirki döwründe dolandyryşyň giň ýaýran görnüşidir.

Häkimiýetiň çeşmesi, gözbaşy halk bolup durýar, döwletiň ýokary organlygyna raýatlar saýlanylýar. Parlamenti, prezidentli we ýarym prezidentli respublikalar bolýar (taryhda beýleki respublikalara-da gabat gelinýär: gulçylykly, aristokratik, sowet, teokratiki we ş.m.).

Şol ýa beýleki döwletiň tebigatyna düşünmek üçin territorýal gurluşy, syýasy-hukuk statusy, merkezi, sebit we ýerli häkimiýetleriň aragatnaşyk prinsipleriniň täsiri uludyr. Şulara laýyklykda döwletiň aşakdaky tipleri tapawutlandyrylýar: unitar, federatiw, konfederatiw.

Unitar döwlet-bu bütewi, syýasy birleşdirilen bolup, özbaşdak döwletiň medik administratiw-territorýal birliklerden düzülendir. Bu döwletde bütewi döwlet häkimiýet ulgamy, dolandyrma, hukuk bolup, onda konstitusiýasyda we raýatlykda birlik bar (sentrlizaw--: Welobritaniýa, Şwesiýa, Daniýe) desentr: Fransiýa, Italiýa, Ispaniýa).

Federasiýa-döwlet gurluşynyň formasy bolup, ýuridiki syýasy özbaşdaklyga eýe bolan birnäçe döwlet bir döwleti, soýuz döwleti emele getirýärler. Unitar döwletden tapawutlylykda federasiýada häkimiýetbaşyny döwlet özbaşdaklygynyň subýektleri bolup iri territorial birleşmeleri

(ştatlar, ýerler, kantonlar we beýlekiler) bilen birlikde hemme halk, deňhukukly raýatlardan düzülen halkam dolandyrýar.

Federasiýa subýektleriň hem merkeziň arasyndaky funksiýalaryň esasynda gurulýar. Federasiýalaryň hatarynda Awstriýa, Awstriýa, Argentina, Braziliýa, Kanada, Malaziýa, Meksika, Rossiýa, SŞA, GFR we beýlekiler görkezmek bolar.

Konfederasiýa-özbaşdak döwletleriň hemişelik soýuzy bolup, anyk özara maksatlary amala aşyrmak üçin döredilipdir. Konfederasiýanyň her bir agzasy, döwlet özbaşdaklygyny saklap, beýleki döwletler bilen meýletin birleşip, merkeze çäklendirilen ygtyýarlylykda boýun bolýar, köplenç goranşy daşary syýasatda, trasportda we aragatnaşykda.

Konfederasiýa mysal bolup 1776-1787-njy ýyllarda ABŞ, 1848-nji ýyla çenli Şwesariýa, Germaniýa 1815-1867-nji ýyllarda beýleki döwletler.

Raýatlyk jemgyýetiniň döremegi adam hukugy we raýatlyk hukugy bilen häsiýetlendirilýär. Şonda adam hukugy raýatdan jemgyýeti bilen, raýatyň hukugy-döwlet bilen üpjin edilýär. Birinjiden şahsyýet hukugy aýratyn adamyň ýaşaýşa, azatlyga, bagta bolan ymtylyş bilen, ikinjiden-onuň syýasy hukuklary bilen şertlendirilendir.

Hukuk döwletiniň esasy alamatlary:

- raýat jemgyýetiniň ösüş aýratynlygy;
- hojalyk işiniň asuda şertlerde ýöredilmegi, döwletiň işiniň şahsy azatlygynyň we hukuk goranşynyň çäklendirilmegi;
- hemme raýatlaryň deňhukuklylygy, döwlet kanunlaryna, adam hukuklarynyň deň bolmagy;
- halkyň özbaşdaklygy;
- döwletiň kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetlerine bölünmegi;

Şular bilen birlikde hukuk döwleti şahsyýetiň absolýut azatlygyny kepillendirmeýär. Her kimiň azatlygy beýleki biriniň azatlylygyny bozan ýagdaýynda tamamlanýar. Bu

hukuk döwletinde “kanun tarapyndan gadagan edilmedik zatlar, rugsat berilýär” diýen prinsipiň hereket edýändigini görkezýär. Hukuk döwleti hemmä bir bolan we hemme raýatlara hökmany bolan hukuk düzgünlerini kesgitleýär.

Syýasat öwreniş ylymynda häkimiýetiň birnäçe tipi bellenilýär. Häkimiýet gurluşlaryna baglylykda: kanun çykaryjy, sud, döwlet we syýasy häkimiýet. Soňky ikisi biri-beýlekisini doldurýany üçin, olary deň hasaplamak mümkin.

Syýasy döwlet häkimiýetiň ýüze çykmasynyň bir görnüş bolup, bar bolan synplaryň, gurplaryň, indiwidiň syýasat bolan erkini döwlet düşünjesinden giň düşünjä eýedir. Belli bolşy ýaly syýasat diňe döwlet çäginde amala aşyrylman, eýsem durmuş-syýasy ulgamynyň beýleki düzümlerinde-de: partiýa, profsoýuz, halkara guramalarynyň çäklerinde amala aşyrylýar.

- Dölwet häkimiýeti syýasy häkimiýetden tapawutlylykda ýörite apparat arkaly düzülendir. Munda ideologiki, ykdysady we beýleki täsir etme metodlary ulanylýar. Şol bir wagtda döwlet häkimiýeti jemgyýetiň agzalaryny öz bähbitleri üçin güýç ulanyp, Monopoliýa.

Döwlet häkimiýeti-bu syýasy jemgyýetiniň görnüşi bolup, kanunda, düzgünlerde, normalarda, gadagan etmelerde, görkezmelerde we kanuny ýerine ýetiriji we düzüji serişde hökmünde ýörite apparata daýanýan erk hem-de emosional hereketlerde beýan edilmegidir. Tipologiýa nukdaý nazaryndan döwletler aşakdaky tapawutlanylýar.

1)institusion-dürli kärhanalaryň ýolbaşçylaryň we oňa tabyn bolanlaryň gurluşlary derejerinde.

2)funksionirleme häkimiýetler, ýagny islese islemese syýasat bilen baglanşykly häkimiýetler-bu ykdysady, hukuk, ideologiki häkimiýetler.

3)Subýekt boýunça-parlament, döwlet, sud, ýörite (monarhiýa, prezidentlik), kolleksileýin (partiýaly, kollegiýaly, ýolbaşçylyk edýän gurppalaryň häkimiýeti, halky, synpy).

4)ýolbaşçy subüektiň gurluşy boýunça ýeke-täk ýa-da ýeke başlangyçly (diktatorlyk, direktorlyk) we syýasy gruppa esasynda dörän-aşgarhiý, hunkt;

5)ulanýan metodlaryna görä, döwletler; hökümsürmek, güýç ulanmak, boýun egdirmek, awtoriýat;

6)dolandyrma reźimi boýunça: demokratiki, awtotar, despotiki, totlitar, býurokratiki;

7)durmuş alamaty boýunça; feodal, burźuaz; häkimiýet birnäçe prinsiplerini tapawutlandyralyň;

a)döwlet häkimiýeti hukuga we kanundan başga hiç bir zada boýun bolmaýar. Kanun hemişe-de häkimiýetden güýçlidir.

b)döwlet häkimiýeti her bir syýasy birleşigiň çäginde bölünen bolsa ýeke-täk bolmalydyr.

w)Döwlet häkimiýeti iň gowy adamlar tarapyndan dolandyrylmalydyr. Abraýyny ýitiren döwlet döwletsizlikden beterdir.

g)syýasy maksatnama umumy gyzyklanmalary, jemgyýet bähbitli çäreleri öz içine almalydyr.

d)döwlet häkimiýeti bölünişikde adalatly bolmalydyr. E)jemgyýetiň jebisligini duşmanyyňa ýigrenç esasynda däl-de, ýaşaýşa, durmuşa laýyk adalatlylyk ideologiýanyň bazasynda amala aşyrmaly.

## Rederendum gös-göni demokratiýanyň bir görnüş hökmünde.

Demokratiýanyň esasy alamaty saýlawlardyr. Saýlawlaryň üsti bilen köpçülikleýin hemişeligiň dürli guramalary parlamentler, döwletiň baştutanlary, käwagtlarda hökümet, sud organlary ýerli öz-özüňi dolandyryş organlary döredilýär. Saýlawlar jemgyýetçilik birleşmeleriniň guramalaryny, syýasy partiýalary döretmekde hem giňden

ulanylýar. Döwlet baştutanyny ýa-da häkimiýet başyndaky partiýany çalyşmak bilen saýlawlaryň netijeleri bütin döwletiň syýasatyny üýtgedip bilýär.

Saýlawlar syýasy elitalary saýlawlar we kemala getirýärler, liderleri umumydöwlet we ýerli möçberdäki syýasy işgärleri terbiýeleýär. Saýlawlaryň ulgamlaýyn geçirilmegi ilatyň syýasy we hukuk medeniýetini ýokarlandyrýar. Saýlawçylaryň saýlawlara gatnaşmagy olara ol ýa-da beýleki partiýanyň şygarlaryna we hakyky işine baha bermegi, söz bermeleri we hakykaty deňeşdirmegi öwredýär.

Ähliumumy saýlaw instituty demokratik syýasy ulgamlaryň iň esasy alamatlarynyň biridir hut saýlaw institutynyň roly hereket edýän ulgamy kanunylaşdyrmagyň we durnuklylaşdyrmagyň guralydyr, şonuň üçin häzirki wagta ýurtlaryň absolýut köpçüliginde ählumumy saýlaw hukugy hereket edýär. Ỳöne onuň ykrar edilmegi üçin demokratik güýçleriň iki asyrdan gowrak wagtyň dowamynda yzygiderli göreniş gerek boldy.

Saýlaw düşünjesi we saýlawlaryň durmuş wezipesi.

Saýlawlar mydama ýurduň syýasy durmuşynda esasy orny eýeleýär, olaryň netijesi köphalatda döwletiň birnäçe ýylyň dowamyndaky ösüşini kesgitleýär. Saýlawlar jemgyýetiň demokratik gurnalmagynyň hökmany normalarynyň biri bolup durýar. Saýlawlaryň üsti bilen halk öz wekillerini kesgitleýär we olaryň özbaşdak hukuklaryny amala aşyrmaga hukuk berýär. Şonuň bilen adamyň we raýatyň esasy hukuklarynyň biri amala aşýar. Adamyň we raýatyň hukuklarynyň ählumumy demokratiýasynda (1948) berkidilişi ýaly;

Halkyň erki hökümetiň häkimiýetiniň esasy bolmalydyr. Bu erk döwürleryin we ýasama bolmadyk ýagny gizlin ses bermek arklay ýa-da beýleki dürli görnüşlerde, ählumumy deň saýlaw hukugynda geçirilýän saýlawlarda öz beýnayny tapmalydyr.

“Saýlaw” adalgasy bilen ses bermek arklay döwlet organyny emele getirmek işi, ýa-da wezipeli adama ygtyýarlyklar bermeklik aňladylýar. Saýlaw arkaly bellenilýän wezipeleriň sanawy köpdir. Saýlawlar wezipeleriň giň köpçuliginiň ýerini çalyşmaklygyň mehanizmi hökmünde döwletliligiň hemme derejelerini öz içine laýar, ýagny merkezden ýerli häkimiýete çenli, prezident ýa-da hökermediň baştutanlygyndan başlap tä ýerli öz özüňi dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylaryna çenli mysal üçin ABŞ-da ýurduň prezidenti we wise prezidentini ABŞ-nyň kongresiniň wekiller palatasynyň we senatyň agzalaryny saýlamaklyk üçin her dört ýyldan umumymilli saýlawlar geçirilýär, şeýle hem ştatlaryň derejesinde gubernatorlary, kanunçykaryjy ýygnagyň agzalaryny baş prokrory we beýleki wezipeli adamlary saýlamaklyk üçin saýlawlar geçirilýär.

Şonuň bilen birlikde hem ýerli häkimiýetleriň saýlawly wezipelerine yzygiderli saýlalwar geçirilýär.

Saýlawy wezipä bellemeklik bilen tapawutlandyrmak zerurdyr. Wezipä bellemeklik kollegial ýa-da bir adam tarapyndan şol wezipä diňe bir adamyň kondidaturasy hödürlenilýän bolsa onda, wezipä bellenilýär, saýlawlarda bolsa birnäçe kandidatyň içinden biri saýlanylýar. Kähalatlarda birnäçe kandidatlaryň içinden wezipä bellemeklik hem bolýar. Ol haçanda bir organ ýa-da prezident tarapyndan döretmeklikde amala aşyrylýar. Saýlawlar kanunlaşdyryjy häkimiýetdir. Saýlawlaryň üsti bilen halk öz wekillerini kesgitleýär we olara özbaşdaklyk hukugyny berýän mandaty gowşurýar. Saýlawlaryň üsti bilen halkyň eldegirmesiz bolan özbaşdaklygynyň özi däl-de, eýsem halkyň özbaşdaklygyny amala aşyrmak hukugy berilýär. Ỳöne şeýle-de bolsa häkimiýetiň kanunylaşdyrlmagy diňe bir saýlawlaryň üsti bilen amala aşyrylmaýandygyny bellemelidir. Köp halatlarda sud häkimiýetiniň organlary döwletiň baştutany tarapyndan, döredilýär, ýerine ýetiriji häkimiýetiň organlary döwletiň

baştutany ýa-da parlament tarapyndan döredilýär, bu bolsa, eger wezipä bellemeklik konstitusiýa laýyklykda amala aşyrylan bolsa, onuň kanunylygyny inkär edilmeýär. Saýlawlar-syýasy durmuşyň barometridir. Saýlawlary geçirmeklik işinde birnäçe syýasy güýçleriň, dürli garaýyşlaryň, platformalaryň bähbitleri çaknyşýarlar. Saýlawlaryň netijeleri bolsa olaryň täsiriniň derejesine obýektiw baha berýärler, saýlawçylaryň pikirini, syýasy durmuşyň akymyny görkezýär. Şol bir wagtyň özünde saýlawlar syýasy işgärleriň seleksiýasynyň serişdesidir, ol raýatlara dolandyryşa işine mynasyp adamlara gowşurmaklyga mümkinçilik berýär. Gönümel we gytaklaýyn saýlalwar. Gönümle saýlalwar saýlamak meselesini raýatlaryň çözmekligi bilen häsiýetlendirilýär.

Gönümel saýlalwar bilen parlamentleriň aşaky ýa-da ýeke-täk palatasy, prezident ýa-da garyşyk respublikalarynda prezident, (örän seýrek halatlarda) beýleki wezipeli adamlar saýlanylýar. Gytaklaýyn saýlawlar üçin bolsa saýlamak meselesini raýatlar däl-de alýar tarapyndan saýlanan saýlawçylar, deputatlar çözýärler. Gytaklaýyn saýlawlar bilen köp halatlarda parlamentleriň ýokarky palatasy, pezidentler (mysal üçin ABŞ-da), hökümet, sudýalar we ş.m., saýlanylýarlar. Gytaklaýyn saýlawlaryň birnäçe derejeleri ýa-da döwürleri bolup bilýär.

Ähl umumy (umumy) we bölekleýin saýlawlar.

Haçanda saýlawa ýurduň hemme saýlawçylary çagyrylsa ol saýlawlara ähl umumy saýlawlar diýilýär. Bölekleýin saýlawlar haçanda parlamentiň palatasynyň düzümini käbir wagtdan öň çykyp giden deputatlaryň ýerini dolandyrmak üçin geçirilýär. Şeýle saýlawlara käwagtlarda goşmaça saýlawlar hem diýilýär. Nobatdaky we nobatdaky däl saýlawlar. Adatça şeýle bölmeklik parlament saýlawlaryna degişlidir. Nobatdaky saýlawlar konstitusiýadaky ýa-da kanundaky görkezilen möhlet boýunça geçirilýär, ýa-da parlamentiň ygtyýarlyk möhletiniň dolmagy bilen bellenilýär.

Nobatdaky däl saýlawlar parlamentiň we palatanyň wagtyndan öň dargadylmagy bilen bellenilýär.

Saýlawlaryň saýlaw organlarynyň ygtyýarlyk möhleti bilen kesgitlenilýän kesgitli döwri bolýar. Ol saýlawçylara saýlawy organlaryň düzümini yzygiderli täzelemäge mümkinçilik berýär.

Saýlawly organyň ygtyýarlygynyň möhletiniň dowamlylygynyň uly ähmiýeti bardyr. Ỳöne amatly möhleti kesgitlemek ýönekeý işi däldir. Bu meselede birnäçe faktorlary we ýagdaýlary, milli we taryhy däp-dessurlary göz öňüne tutulmaly bolýar. Dünýä tejribesiniň görkezilişi ýaly parlamentleriň ygtyýarlyk möhleti adatça 4-5 ýyl, prezidentleriniňki –4-7 ýyl bolýar. Ygtyýarlygyň gysgaça möhleti hem, edil uzak möhleti ýaly birnäçe artykmaçlyklara we ýetmezçiliklere eýedir. Gysga möhlet üýtgeşiklikleri taryh şöhlelendirmäge mümkinçilik berýär, ýöne saýlanan adamlara doly özüni görkezmäge, öňde goýulan maksatlara etmäge doly mümkinçilik bermeýär.

Uzak möhletli ygtyýarlyk barada aýdanymyzda, bu saýlanan adamyň saýlaw korpusundan, onuň talaplaryndan, arzuw-isleglerinden daşlaşmagyna getirýär. Eger ygtyýarlyk möhleti uzak bolsa onda möhletiň ahyryna çenli saýlanan adamlaryň elektoratyň öňündäki jogapkärçilik duýgusynyň kütekleşmegine getirýär.

Saýlaw döwri

Saýlaw döwri döwlet we ýeri guramalara saýlawlara indiwidleriň, guramalaryň we toparlaryň işini kanunlar bilen we beýleki durmuş normalar bilen sazlaşdyrmagy göz öňüne tutýar.

Saýlawyň bellenmegi. Bu döwürde ses beriljek --- belme edilýär.

Saýlaw okruglary. Bu raýatlary ses bermek üçin ýygnaýan territorial birlikler. Olar ýörite döredilip hem

bilinýär, ýöne köp ýagdaýlarda federasiýanyň subýektleriniň territoriýalary okrug bolup hyzmat edýärler.

Kandidaty öňe sürmek. Bu saýlaw döwrüniň iň esasy döwridir, sebäbi bu döwürde wezipeli adamyň saýlanjak kandidatlarynyň topary belli bolýar. Kandidatlary öňe sürmekligiň şu aşakdaky görnüşleri bar: öz-özüni öňe sürmek, saýlawçylar topary tarapyndan öňe sürmek, syýasy partiýalar ýa-da beýleki jemgyýetçilik birleşmeleri tarapyndan öňe sürmek. Köp ýurtlarda öňe sürülýän kandidatyň belli bir derejede jemgyýetçilik goldawy bolmaly. Bu ýagdaý birnäçe tötänleýin, hiç-hili tanalmaýan kandidatlaryň ýüze çykmagynyň öňüni alýar.

Ählumumy saýlaw hukugy. Bu prinsip ähli ýaşy ýeten we psihiki taýdan sagdyn adamlaryň saýlaw hukugyny göz öňüne tutýar.

Işjeň (aktiw) saýlaw hukugy. Kesgitleýji ses bilen çykyş etmek, hukugy.

Saýlaw kompaniýasy. Bu wagyz-nesihat işleri alnyp barylýan kanun taýdan berkidilen döwürdir. Şeýle hem aýry-aýry kandidatlar tarapyndan geçirilýän, guramaçylyk wagyz-nesihat çäreleriniň toplumydyr. Dürli ýurtlarda saýlaw kompaniýasynyň gurnalyşynyň we geçirilişiniň birnäçe aýratynlyklary bar.

Resmi görkezilenlerinden soň kandidatlar saýlaw komissiýalary tarapyndan bellige alynýarlar. Diňe şondan soň kandidatlaryň ady ýörite saýlaw býulletenlerine girizilýär.

Saýlaw kompaniýasynyň esasy meselesi saýlaw kompaniýasyny finansirlemekdir. Köp ýurtlaryň saýlaw kanunçylygynda saýlawlary finansirlemegiň normalary görkezilmedik, ýöne döwlet hökmany ýagdaýda saýlawy finansirleýär.

Şeýle hem saýlawy finansirlemegiň we beýleki goldawlaryň çäkleri bar. Mysal üçin Ỳaponiýanyň kanunçylygy saýlawçylara sowgat etmeklige, olara wezipe söz bermekligi,

olaryň bergilerini geçmekligi we ş.m. gadagan edýär. ABŞ-da kandidatlaryň alan pul möçberi hökmany deklarirlenmelidir.

Saýlaw kompaniýasynda esasy ünsi K.X.Ser-de reklamalara berilýär, esasanam telewideniýede we radioda.

## Demokratik syýasy ulgamlarda saýlawlaryň roly.

Syýasy ulgamlarda iň ýokary institutlar bolup, referendumlar we azat saýlawlar çykyş edýärler. Bu institular olaryň hukuk özenleri ýaly birnäçe ýüzýyllyklaryň dowamynda döreýärler.

Halk hukugy baradaky jemgyýetiň ylalaşygyny özenini ilkinji bolup, J.Gobbs özüniň “Raýat barada” we “Lewiatan” diýen işlerinde beýan edipdir. (1651 ý). Onuň pikirleri fransuz syýasy akyldary Ź.Ź.Russo tarapyndan XVIII asyryň II ýarymynda börmirlenipdir.

XX asyrda häkimiýetiň saýlawly organlarynyň bolmagyny jemgyýetiň durmuşynda tebigy hadysa hasaplap başlapdyrlar. Ỳöne bu gün hem hemme saýlaw ulgamlaryny erkin demokratiklere degişli edip bolmaz.

Raýat jemgyýeti we döwlet ulgamy deň agramlaşan parlamentar döwletleri demokratiki saýlawlar diňe bir simwolili häsiýete eýe däldir diýip ABŞ-nyň BMG-daky öňki ilçisi Dźin Krikpatrik aýdýar. Demokratik saýlawlar (döwürleýin) bolmaly. Demokratik döwletlerde diktatorlar ýa-da prezidentler ömürlik saýlanmaýar. Saýlanan adamlar belli bir (döwre) döwürden soň saýlawçylara ýüz tutp, içini dowam etdirmek barada mandat soramaly. Bu diýmekislendik saýlanan tarap saýlawçylaryň öz pikirini üýtgedip biljekdigi bilen ylalaşmaly. Ỳöne ---- döwletlerde saýlawlar düýbünden başgaça bolýar.

Munda ýekeje kandidat hödürlenýär we saýlaw spektakly oýnalynýar.

Saýlaw sözüniň özi juda gadymydyr. Ilkinji gezek bu termin antik Spartada ulanylýar. Bu ýerde umumyşäher saýlawlarynda belli adamlardan we ugurlardan häkimiýet häkimiýetiň iň ýokary organy (gerusiýa) saýlanypdyr. Saýlawlar ses, gygyrmak arkaly geçirilipdir. Kime gaty gygyrsalar şol saýlanypdyr.

"Urna" düşünjesi beýleki bir grek şäheri bolan Afinadan gelipdir. Eklessiýanyň gatnaşyjylary (halk ýygnagy) kanunlary kabul edilende, saýlawlarda, uruş yglan edilende ak ýa-da gara daşlary mina atypdyrlar. Gara daş gaýylygyň, ak daş bolsa razylygyň alamaty bolupdyr.

Ses hukugy – bu iň esasy hukukdyr. Onsuz raýatlaryň syýasy durmuşda hemme beýleki hukuklary bir köpükdir.

Demokratik döwletleriň konstitusiýalaryndan umumy halk saýlawlary prinsipi berkidilendir. Bu diýmek hemme adamlaryň saýlamaga hukuklary bar diýmekdir. Diňe sud tarapyndan ykrar edilen (psihiki nä saglar lum akly) adamlar we tussaglyklardaky adamlar saýlamaga we saýlanmaga hukukdan mahrum edilendir. Biziň döwletimiz 18 ýaşyna ýeten raýatlara saýlaw hukugy berilýär. Saýlaw hukugy raýatlaryň döwlet organlaryna saýlamaga we saýlanmaga bolan hukugydyr. Saýlaw hukkugy aktiw we passiw bolup bilýär. Aktiw saýlaw hukugy bolanda raýatlar saýlap we deputatlary saýlawa gatnaşmazlyga çagyryp bilýär. Passiw saýlaw hukugy bolanda raýatyň özi saýlanýar ýa-da parlamentde ýa-da beýleki bir wekilçilikli aganda dun eýeleýär.

Kimiň saýlaw hukugyndan peýdalanyp bilýändigi baradaky sowal hem wajypdyr. Şu ýönekeýje we düşünikli prinsipler döwletleriň demokratik döwletleriň ymtylýan maksatlaryna öwrüldi. Ỳöne onda-da saýlaw dürli bahanalar bilen kanun tarapyndan çäklendirilipdir. Şeýle bahanalara Senźler diýilýär. Senź – bu saýlawça we saýlanýana bildirilýän

goşmaça talaplar. Iň köp, giňden ýaýrany raýatlyk senzi, ýaş sezi ýaşaýyş möhletiniň senzi, olardan az ýaýranlary bolsa emläk, bilim we jyns senzilileridir.

Ỳaş senzi-bu saýlamak ýa-da saýlanmak hukugy belli bir ýaşdan berilýär. Bu kanun taýdan tassyklan. Raýat senzi bunda saýlawa gatnaşýan döwletiň raýaty bolmaklyk hökmany talap edilýär (Kanada bilen Awstraliýada bu senzi ýok).

Ỳaşaýyş dowamlylyk senzi-bunda saýlawa we saýlanmaga hukugy diňe belli möhletiň dowamynda şol döwletde ýaşaýan raýatlara berilýän. Hemme şu we beýleki senzler ählumumylygy we saýlawçylaryň sanyny çäklendirýär.

Saýlaw hukuklarynyň birnäçe prinsipleri bar. Olaryň biri deňlik prinsipi. Bu prinsip özüne iň bolmanda iki sany şerti alýar. Birinjiden, her bir saýlawçyda sesleriň deň köplügi bolmaly. Köplenç bir ses bolmaly. Ikinjiden hemme saýlawçylar deň şerlerde ses berýärler. Bu prinsip baýlaryň we garyplaryň ses agramlaryny deňleşdirýär.

Saýlawlaryň syry – bu prinsip raýatlara saýlawlaryň erkinligini kepil geçýär. Munda saýlawçy saýlaw bilýutenlerinden erkin bellik edip öz islän adamlaryny saýlap bilýärler. Gizlin saýlawlaryň ýerine ýetirilişine üns bermeli. Ỳöne bu ýerde hilegärlikler köp bolýar. Şonuň üçin häzirki döwürde köp ýurtlarda saýlawçy aýratyn kabinada öz pikirini şol bada kompýutora geçirýär.

Saýlaw şertnamasy hat-da ählumumy, deňlik we gizlin ses bermek prinsiplerinde-de absolýut erkinligini gazanyp bolmaýar.

Saýlawdan öň saýlawça köp pikirler we platformalar hödürlenýär. Ol özüne has ýakyn, göwnüne jaý saýanyny saýlap bilýär. Ỳöne saýlawçyň şahsy pikiri işiň diňe bir tarapy. Ahyrky netije diňe bir saýlawçylaryň islegine bagly bolman, eýsem sesleriň köplügine hem baglydyr. Saýlawyň adalatly geçmegi hem saýlawçylaryň pikirlerini adalatly diňlemek bilen hatarada, sesleri adalatly sanamaga hem baglydyr.

Prosedurada käbir üýtgeşmeleriň bolmagy garaşylmadyk netijelere getirip biler.

Kyn bolmadyk meselä seredeli. Mesem bizde üç sany saýlawçylaryň topary bar. Şertli 1,2,3, diýip belläli olara nähilidir. Bir soragyň üç wariant çözgüdi A,B,W hödürlenilen. Şeýlelikde birinji toparyň A warianty, bolmadyk ýagdaýynda B warianty, has bolmadyk ýagdaýynda bolmadyk bolsa, W wariarrt, saýlaýandygy belli. Ikinji topar bolsa, B warianty, bolmasa W warianty, olam bolmasa, A warianty, saýlaýar. Üçünji topar bolsa, W warianty, soň A, bolmadyk ýagdaýynda bolsa, W warianty saýlaýar.

| 1 topar | 2 topar | 3 topar |
|---|---|---|
| A | B | W |
| B | W | A |
| W | A | B |

Haşy wariant kabul edilerkä? Asyl hemme zat wariantlaryň tertibine bagly bolýan eken. Eger birinji edilip A wariant çykarylsa, onda oňa 1-3 toparlar ses bererler. Ikinji topar bolsa azlykda galar B wariantynyňky “şowuna” bolsa, onda 1-2 toparlar ýeňiji bolup, üçünji topar azlykda galar, W wariant bolsa, 3-2 toparlar tarapyndan goldanar. Şundan bolsa proseduranyň tehniki tarapy hem syýasy bäsdeşlikler hem däldigi bolup çykýar.

Syýasy nazaryýet üns bilen saýlaw ulgamyny öwrenýär we onuň artyk we kem taraplaryny gözleýär. Saýlaw ulgamynyň iki sany esasy topary bar. Olar – maźoritar we proporsional wekilçiligiň ulgamy ýa-da sistemasy.

Maźoritar ulgam-öz adyny bu ulgam fransuz alypdyr (maźoritar-köpçülik). Şonuň bilen baglanylyşykda her okrukdan bir deputat saýlanýar. Elbetde bu wezipä birnäçe kandidat (dalaşgär) bir bada dalaş edip biler. Saýlawlar-da iň köp ses alan dalaşgär bolsa, ýeňiji diýilip hasap ediler. Şunda köpçilik diýen düşünlje kesgitlenen bpolmaly. Sesleriň absolýut köpligi bolanda berilen sesleriň 50% we goşmak 1%. Otnositel

köplügi bolanda bolsa,  beýleki dalaşgärleriňkä garanda sesleriň köplügi.

Maźoritar ulgamy ýönekeý we az wagtyň sarp edilmegini talap edýär. Haçanda sesleriň köplügini gazanan dalaşgär ýeňiji diýilip hasap edilende.

Elbetde sesleriň obsolýut köplügini almagyň kynlygy düşnükli zat. Haçanda dalaşgärleriň birem sesleriň obsolýut köplügini gazanyp bilmeseler, saýlaw ulgamy bolsa, şony talap edýän bolsa, näme etmeli diýen sorag ýüze çykýar. Çykalga bar: iň köp ses alan dalaşgärleriň ikisini täzeden çykarýarlar we saýlawlaryň ikinji tapgyryny şolaryň arasyna geçirýärler. Şol dalaşgärleriň haýsysy sesleriň otnositel köplügini gazansa, şony ýeňiji diýip hasap edýärler.

Elbetde Maźoritar ulgamyn hem özüne ýetik kemçilikleri bar. Şolaryň hem iň esasysy saýlawda ýeňilen dalaşgäre ses beren saýlawçylar öz gyzyklanmalaryny, pikirlerini öňe sürmek mümkinçiliklrinden mahrum edilärler. Şol bir wagtda-da bu ulgam saýlaw edaralarynda bir syýasy pozisiýada (ýagdaýda) bolan saýlawçylaryň köpçiligini döretmäge mümkinçilik berýär. Şolar hem öz gezeginde durnukly syýasy hökümeti döredýärler.

Proporsional wekilçiligiň ulgamy.

Bu ulgam maźoritar ulgamdan kynyrak görünýär. Bu ulgam diňe jemgiýetde birnäçe partiýa çykyş edýän wagtynda mümkin. Her bir partiýa öz dalaşgärleriniň sanawyny (olary belli tertipde goýup) düzýär. Saýlawçy saýlawlara gelip belli adama dälde partiýa ses berýär. Şol wagt hem saýlaw kwotosy dikeldilär.

Bu diýildigi parlamentde bir ýeri almak üçin gerek bolan sesleriň belli bir sanawy, köpçüligi. Şol ýa-da beýlekipartiýanyň näçe ýer alandygyny bilmek, sanamak üçin, berlen partiýa berilen sesleriň sanawyny alyp, ony saýlap kwotasyna bölmeli. Alnan san parlamentdäki berlen partiýanyň gazanan orny, ýeri bolar.

Bu saýlaw ulgamy barada şeýle sowal gelip çykýar. Beýle saýlaw juda kyn däldir ? Maźoritar ulgamy ondan has ýeňil ýaly bolup görünýär. Bir göräýmäge bu dogrudan hem şeýle. Ỳöne proporsionla ulgamyň özüniň artykmyşlyklary hem bar. Ol parlamentde partiýalaryň ýagdaýlaryny we raýatlaryň partiýalaryň bolan höweslerini, garaýyşlaryny görkezýär. Olardan başga-da onuň çäklerinde hatda uly bolmadyk partiýalar hem kanun çykaryjy edara öz tarapdarlarynyň pikirlerini çykaryp bilýärler. Şonuň bilen birlikde-de syýasy güýçleriň köp taraplary syýasy bäsdeşlige mümkinçilik gazanýarlar.

Şular bilen bir hatarda proporsional ulgamyň birnäçe ýetmezçilikleri, kemçilikleri bar. Ỳönekeý ýagdaý rýadowaý raýat üçin ol diýseň çylşyrymly kyn görünýär. Saýlawlaryň özleriniň hem belli bir adam üçin däl-de partiýa üçin bolmagy hem saýlawlary “ananim” görnüşinde edýär. Adamlaryň ol ýa-da beýleki syýasatçy işgäri bolan ynamlary kamatlary, gyzyklanmalary obalaryň degişli bolan partiýalary bilen gabat gelmänem biler şeýle ýagdaýda saýlawçy ýeňil bolmadyk saýlawy etmeli bolýar. Ahyrynda bolsa özi närazy galýar.

Garyşyk warianty, syýasy tejribede garşylyk diýilip atlandyrylýan saýlaw ulgamynyň wariantlary hem gabat gelýär. Olarda bir saýlaw ulgamynyň elementleri beýlekileriňki bilen gabat gelýär. Meselem: deputatlaryň bir bölegi partiýalardan, beýleki bir bölegi bolsa “öz-özlerinde” Maźoritar ulgam boýunça saýlanyp bilýär. Şeýle ýagdaýlarda saýlawçy iki gezek ses berýär. Bir gezek berilen okrugyň ýaşaýyjysy hökmünde, şol okrugyň adyndan çykyş edip, ikinji gezek bolsa, bütin ýurduň elektrotynyň wekili hökmünde, şol ýa-da beýleki bir partiýasy ses berip.

Şeýle ulgam mysal üçin Rossiýada ýöreýär, dowam edýär. Maźoritar ulgamda we prporsional ulgamda saýlanýan deputatlaryň mümkinçiligi diňe bir 50/50 bolman, eýsem deňlige 60/40, 75/25 we ş.m. bolup biler. Ol ýa-da beýleki

saýlaw ulgamynyň saýlanmagy ýagdaýlaryň köplügine bagly. Bu hem dowam edýän syýasy ýagdaý, hem partiýalaryň köplügi, hem syýasy däp-dessurlar.

Her bir döwlet öz saýlaw ulgamyny bormirleýär. Gowy işleýän saýlaw ulgamy, onuň saýlaw erkinligini, azatlygyny we optimallygyny üpjin edýär.

## Saýlaw prosesiniň esasy döwürleri.

Saýlawlar-häzirki zaman syýasatyň iň wajyp alamatydyr. Olar – raýatlaryň syýasy islegini kesgitli düzgünler üsti bilen häkimiýet we dolandyryş edaralaryny kemala getirmegiň usuly. Saýlawlaryň netijesinde saýlanan kandidatlar. Saýlawlar dürli demokartik guramalarda: partiýalarda, profsoýuzlarda, meýletin assosasiýalarda, kooperatirlerde, aksioner jemgyyetinde we ş.m. ulanylýarlar. Biziň meselämizde gürrün esasan döwlet masştabyndaky saýlawlar barada.

Saýlaw prosesi kesgitli hukuk normalary we düzgünleri boýunça amala aşyrylýar, olar bolsa konstitusiýada hem-de saýlaw kanunynda bar. Saýlaw ulgamynyň esasy regulýatory saýlaw ulgamy bolup durýar, ol saýlawlary guramaklygyň umumy prinsiplerini kesgitleýär. Saýlaw ulgamlarynyň 2 esasy görnüşleri bar: maźoritar (alfermatiw) we proporsional (wekilçilikli). Maźoritar ulgamynda saýlanmak üçin kandidat ýa-da partiýa ülüşiň ýa-da tutuş ýurduň saýlawçylarynyň ses köplügini almalydyr, az ses alanlar bolsa hiç hili mandatlara eýe bolmaýarlar. Proporsional ulgamyň manysy-mandatlary partiýalaryň ýa-da saýlaw birleşmeleriniň (koalisiýalarynyň) alan seslerini proporsional ýerleşdirmek.

Saýlawlary bellemek. Bu döwürde ses bermekligiň senesi bellenilýär. Gezekli saýlawlar geçirilende konstitusiýalar we kanunlar kesgitli düsündirişler berýärler. Mysal üçin ABŞ-da prezident saýlawlarynyň senesi ýeňil hasaplanylýar, saýlaw prosesi öň bellenilen möhletden başlanýar.

Saýlaw ülüşleri. Bu ýörite territorial birlikler, döwletiň wekilçilikli edaralaryna we ýerli öz-özüňi dolandyryşa deputatlary saýlamak üçin raýatlary birleşdirýän. Olar ýörite döredilip bilinýär, ýöne kämahallar saýlaw ülüşleri hökmünde federasiýanyň subýektleriniň territoriýalary, ýa-da administratiw territorial bölünşigiň birlikleri hyzmat edip bilerler.

Territoriýalary saýlaw ülüşlerine bolmak tertibi möhüm syýasy ähmiýete eýedir, sebäbi saýlawyň netijeleri oňa bagly bolup biler. Saýlaw ülüşlerinde saýlanylýanlaryň sanyna baglylykda saýlaw ülüşleri birmandatly we köpmandatly görnüşlere bölünýärler. Saýlawçylaryň sesleriniň deňagramly ýaýradylmagyny üpjin etmek üçin birmandatly saýlaw ülüşleri ýaşaýyjylary deňeçerräk samlylaryndan döredilýär. Köpmandatly saýlawülüşlerinde mandatlaryň sany deň bolsa, olar hem ýaşaýyjylarynyň sany boýunça deň bolmaly. Eger-de mandatlaryň sany dürli bolsa, şonda-da hem ol ülüşiň ilatynyň sanyna gabat gelmelidir.

Saýlaw edaralary. Bu edaralar tutuş saýlaw proseslerine guramaçylykly ýolbaşçylyk etmeklik wezipesi goýulýar. Olara şulardegişlidir.

- territorial, şeýle hem merkezi, olaryň ulgamy döwletiň syýasy-territorial gurluşynyň düzümine esaslanýar;
- ülüş edaralary, saýlaw ülüşlerinde hereket edýärler;
- ýerlerde edaralary, saýlaw ýerlerinde ses bermekligiň umumy ýeri boýunça saýlawçylary birleşdirýän territorial birlikler.

Saýlaw ýerleri (uçastokda) edaralary adatça saýlawlaryň bellige almagyny üpjin edýärler, ses bermekligi goraýarlar hem-de saýlaw ýerleri boýunça onuň netijelerini kesgitleýärler.

Saýlawlaryň bellige alynmaklygy.

Saýlawçy tarapynda özüňi bermek hukugyny amala aşyrmagyň zerur şerti bolupdurýar, hem-de şahsyň saýlawçylaryň sanawyna girizilendigi aňladýar, şonuň esasynda ol ses bermeklige göýberilip biliner. Köp ýurtlarda saýlawçylaryň sanawy ýerli häkimiýet edaralary tarapyndan düzülýär.

Bellige almaklygy kimiň amala aşyrýandygyna baglylykda ol köpçilikleýin (hökmany) ýa-da hususy (meýletin) hasaplanylýar.

Wagt yzygiderligi we çözülýän meseleleriň aýratynlygyna baglylykda saýlaw prosesi birnäçe tapgyrlara döwürlere bölünýär: a)taýarlyk döwri; şol syýasy meýdany häsiýetlendirýär, ýagny onda saýlawlar, şeýle hem saýlawyň geçirilişini mümkin edýär guramaçylykly çäreler "ösüp ýetirşýär"; b)kandidatlaryň öňe sürülmegi, olaryň hasaba alynmagy bilen gutarýar; ç)agitasion-propogandistik kompaniýa; d)ses bermek we saýlawlaryň netijesini jemlemek. Soňky üç döwri saýlaw prosesini göni häsiýetlendirýärler. Emma taýýarlyk döwri hem onuň ähli döwülrerine uly täsir edýär.

Saýlaw hemişe takyk jemgyýetçilik-syýasy sreda amala aşyrylýar, ol hem onuň demokratiki we manipulýatiw häsiýetini kesgitleýär. Bu gurşaw öz içine birnäçe parametrleri alýar, onuň syýasy prosesi täsirini şöhlelendirýär. Olar şulara degişlidir:

- jemgyýetde gymmatlyk konsepsisyň, ynam atmosferasynyň bolmagy, raýat köpçüliginiň syýasy partiýalarynyň saýlawlaryň netijelerine hormat goýmaga taýýarlygynyň bolmagy hususan-da şonuň üçin, syýasy elitalary we esasy jemgyýetçilik toparlary saýlawlary ýaraşdyrmagyň we syýasy täsiriň balansyny tapmagyň serişdesi hökmünde däl-de, öz agalygyny berkitmegiň guraly hökmünde

seredýän ýurtlarda erkin saýlawlar asla mümkin däl, ýa-da manipulirlemegiň guralyna öwrülýär;

- döwletde adam hukuklarynyň hormatlanmagy.

Bu saýlawçylar we kandidatlar özüni erkin duýmaklary üçin gerek, dürli hilli gorkuzmalar däl-de, jemgyýetde şahsyýeti hormatlamagyň, köpçüligiň isleginiň we azlygyň hukuklarynyň atmosferasy bolmaly;

- saýlawçylaryň elektrol (raýat) bilimliligi. Ol şu zatlary göz öňünde tutýan-saýlawyň wezipesini we prosedurasyny, esasy syýasy partiýalary, olaryň maksatnamalaryny we kandidatlaryny bilmek, informirlenen we ş.m. Raýat bilimliligi çözgütleriň aňlylygyny we kompetentligini üpjin edýär;
- saýlawlaryň bellige alnyşynyň demokratik häsiýeti. Bu islendik häsiýet boýunça: millet, jynsy, emläk we beýleki alamatlar boýunça diskrimnasiýasynyň gyratlatmak ýoklugyny aňladýar. Dünýäniň köp demokratik ýurtlarynda saýlawçylaryň sanawyny düzmek işi bilen ýerli häkimiýet edaralary meşgullanýarlar. ABŞ-da saýlawlara gatnaşmak örän şahsy iş hökmünde seredilýär, hem-de bellige almak barada ses berýäniň özi aladalanmaly, saýlawçylaryň sanawynyň takyklygy we dolulygy, şeýle hem resminamalaryň bolmagy (her adamy tanamaga kömek edýän) bir adamy saýlawhukugyndan mahrum edip, we beýlekiniň köp gezek ses bermegiň kömegi bilen edilýän falsifikasiýanyň mümkinçiliginiň öňüni alýar; partiýalaryň bellige alynyşynyň we özara gatnaşygynyň demokratik tertibi. Partiýalar-raýatlaryň elektoral işjeňliginiň, syýasy gatnaşygynyň, guramaçylygynyň we gönükdirmeginiň esasy subýektidir. Olar – parlamenti we häkimiýeti kemala getirmek esasy

parlament bolup durýar. Ähli berk demokratik döwletlerde partiýalaryň arasyndaky gatnaşyklaryň häsiýeti saýlawlaryň umumy atnosferasyny kesgitleýär. Partiýalary kanuny we ahlak kadaly möçberi (normalary) bozmakdan we şunuň bilen ynamyň umumy atnosferasyny berkitmäge kömek edýär;

- partiýalaryň özüni alyp barşy hakyndaky kodeksiň partiýalara ylalaşygy. Olara gözegçilik etmek üçin adatça ýörite komissiýalar döredilýär;
- saýlaw prosesini dolandyrýan garaşsyz, kompetent edaralary kemala getirmek. Olara ilkinji nobatda saýlaw komissiýasy degişlidir. Dürli ýurtlarda onuň ýerine ýetirýän işi dürlidir we birmeňzeş däldir. Adatça bu: saýlaw kanunyň düşündirilmegi; saýlawlary geçirmegiň düzgünlerini we proseduralaryny kesgitlemek, saýlaw ýerleriniň gurnalşy, kandidaty goldaýan gollaryň hakykylygyny barlamak, saýlawçylary we kandidatlary saýlamak, saýlawdan öňki materiallary saýlamak we saýlawlary geçirmäge zerur bolan güýji saýlamak, ýüze çykýan jedelleri çözmek, raýatlaryň elektoral bilimligi babatda çäreleri geçirmek, saýlawlaryň netijelerini jemlemek we olary yglan etmek, saýlaw prosesiniň üstünden umumy gözegçilik. Saýlaw komissiýalary saýlawlaryň geçişine we häsiýetine uly täsir edip bilýär, şol sanda olaryň falsifikasiýasynyň guraly bolup hyzmat edip bilýär. Olardan başga-da saýlawlary guramakda wajyp ýerine ýetirýän işlerini ýerli häkimiýet edaralary hem ýörite ýetirýärler;
- saýlaw kanununyň elektoral prosesiniň ähli gatnaşyjylary, şol sanda saýlaw komissiýalary tarapyndan ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän

täsirli we garaşsyz edaralaryň bolmagy. Bu edaralar ýörite (saýlaw tribunalary) ýa-da umumy sudlar, käbir ýurtlarda – saýlaw prokuraturasy degişlidir.

Şeýle prokuratura mysal üçin saýlaw özgertmesi döwründe 1994-nji ýylda Meksikada elektoral jenaýatkärler jezalandyrmak üçin. Hukuga garşy hereketler üçin saýlawlaryň hut gözegçiligiň täsirligi ýowuz sanksiýalary göz öňünde tutýar: türme basmaly, jerimeler, kandidatlaryň ýa-da partiýalaryň bellige akyşyny gadagan etmek.

b)kandidatlary öňe sürmek. Taýýarlyk çäreleri geçirilenden soň we saýlawyň möhleti resmi bellenilenden soň saýlaw kompaniýasy başlanýar. Bu adalga tutuş döwlete, şeýle hem aýratyn kandidatlary ýa-da partiýalara degişlilikde ulanylýar. Birinji ýagdaýda saýlaw kompaniýasy döwletde saýlaw prosesini üpjin etmek boýunça guramaçylykly, syýasy, informasion-habar we wagyz nesihat çäreleriň umumylygy ikinji ýagdaýda-takyk bir kandidatyň ýa-da partiýanyň üstünligine gönükdirilen çäreler ulgamy.

Saýlaw kompaniýasynyň ilkinji ädimi – kandidatlary we (ýa-da) partiýalary öňe sürmek. Olary öňe sürmegiň hem-de bellige almagyň dürli usullary bar: 1)kandidatyň ýa-da partiýanyň goldawyna gollary ýygnamak; 2)bellige alnyşygynyň we pul goýumynyň hödürlenmegi, şeýle hem kandidatyň kesgitli goldawyny şaýatlyk edýän resminamalary hödürlemek; 3)geljekdäki saýlawda wezipeleri eýelejek kandidatlaryň awtomatik bellige alnyşy.

Kandidatlaryň partiýalar, jemgyýetçilik hereketleriwe guramalary, we olary goldamak üçin gollaryň kesgitli möçberini ýygnan raýat toparlary tarapyndan öňe çözülmegi giň ýaýrandyr. Kandidatyň bellige alnyşygy üçin gollaryň sany saýlawlaryň derejesine (prezident, parlament, sebit we ş.m.) baglydyr, şeýle hem ýurduň saýlaw kanuna baglydyr. Käbir döwletlerde myş üçin million we köp gollar gerek, başgalarda mysal üçin, ---- ýa-da kandidat hökmünde formal bellige almak

üçin birnäçe saýlawçylar tarapyndan gol çekilen şahsy arzaňy bermek ýeterlikdir. Gollaryň köp sany, şeýle hem olary ýygnamaklygyň gysga möhleti latyn az üpjinçilikli gatlagyna wekilçilik edýän pretendentler ücin uly kynçylyk bolar, olarda köp finans (pul), informasion (HBS) we guramaçylykly resuslary ýok. Şonuň üçin saýlawlaryň demokratizmini üpjin etmek üçin kandidatlary öňe sürmek prosedurany çakdanaşa kyn bolmaly däldir we gymmat bolmaly däldir. Pretendentleriň we deputatlaryň örän köp sany saýlawlaryň geçirilişini kynlaşdyryp biler, saýlawçylary dezorientirläp bilen, we döwlet tarapyndan uly pul çykdajylary talap eder. Erkin saýlawlaryň halkara ykrar edilen normalary kandidatlyga ballatirowka üçin çäklendirmeleri diňe – raýatlyk, ýaş, ýurtda ýaşamagynyň möhleti, jenaýatlary boýunça sud edilenligi; psihiki we fiziki ýetmezçiligi alamatlary boýunça bolup biler.

Kandidatlary öňe sürmek fadýany elektoral saýlawynyň diapazonyny we mümkinçiligini kesgitleýär. Takyk, şol sanda SSSR-iň territoryasynda dörän täze döwletleriň taryhy bilýär, haçanda häkimiýet eýeleri özlerine ýaramaýan kandidatlary olaryň öňe sürülýän döwründe aýyrypdyrlar, ses bermek sanawynda diňe “öz adamlaryny” galdyrypdyrlar. Beýle ýagdaýlara saýlawyň illiýuziýasy döreýär, halkyň öz islegi bolsa ýalana öwrülýär. Kandidatlary öňe sürmek olaryň bellige alnyşy bilen tamamlanýar. Şondan soň öwüt-nesihat (saýlawlardan öňki) kompaniýa başlanýar. Bu döwürde bäsleşýän partiýalaryň we kandidatlaryň iň ýokary işjeňligi görünýär, olar saýlawçylaryny öz mümkinçilikleri barada ynandyrmaga giňişleýin mümkinçiliklere eýe bolýarlar-HBS-iň üsti bilen, Mahawotlanmaň, öwüt-nesihatyň üsti bilen, kandidatlaryň we olaryň ynamly adamlarynyň ýurdy ýa-da elektoral ülüşi aýlanyp, raýatlar bilen ýüzme-ýüz habarlaşmagy. Öwüt-nesihat kompaniýasy saýlawçylaryň çözgütlerine uly täsir edýärler. Köp derejede prefendentler şowlugyny ýa-da şowsuzlygyny kesgitleýär. Saýlaw

kompaniýasynyň girizilmeginiň, esasan hem onuň öwüt-nesihat tapgyry üçin ýörite ştab döredilýär, oňa adatça baş dolandyryjy, agenti, ress-sekretar, syýasy guramasy, kompaniýasynyň grafiginiň kandidatory, tehniki sekeretar we kömekçiler görýär. Bu ştaba ynamly adamlar, kandidaty goldaýan topar, durmuş-syýasat öwreniji üpjinçilik topary professional syýasat öwrenijiler, sosialoglar, psihologlar, ýuristler, ---- şeýle hem meýletinçi aktiwstler we öwüt-nesihatçylar kompaniýasynyň sanawlary we birnäçe onuň işjeň gatnaşyjylary degişli bolup oturýar.

Häzirki zaman öwüt-nesihat kompaniýalar adatça ylmy rekomendasiýalara laýyklykda, anyk işlenen plan boýunça alnyp barylýar, olar şu esasy elementlerden durýarlar-syýasy ýagdaýyň we kandidatyň ejiz ýerlerine analiz, baha berilşi, strategiýa, kompaniýasynyň taksikasy we grafigi, ony dolandyryş gurluşy we onuň býujedi.

Islendik saýlawlar köpsanly material (pullar, otaglar we ş.m.), wagt (saýlalwary taýýarlamak we geçirmek üçin gerek bolan wagt, apparaty üçin, býulletenleri we saýlawdan öňki materiallary çap etmek üçin, maksatnamanyň we saýlaw strategiýasynyň işläp düzülmegi üçin, serişdeleri ýygnamak üçin gerek bolan ilat) hem-de adam (saýlaw kompaniýasyna gatnaşýan adamlar) resuslaryny talap edýär. Şeýle resuslar bolmasa saýlawlar ýa düýbünden bolmaýar, ýa-da uly mümkinçilikleri elektoral resuslaryň eýelerine: dolandyryjy topary wekilleri, iri kapitalyň, HBS-iň eýelerine we ş.m. berýär.

Agzalan kompaniýanyň demokratik häsiýetiniň esasy şert – onuň resuslarynyň esasy bäsdeşleriň arasynda adalatly ýaýradylmagy ýa-da deňligi. Bu sany göz öňüne tutýar, ýagny saýlaw fondlarynyň döwlet finansirlemeginiň kömegi bilen, hususy ----- çäklendirilmegi bilen deňlenilmegini; HBS-ne esasan hem elektoral deň elýeterligi ---- ýetmek – şonsuz saýlawlara manipulirlenmegiň guralyna öwrülýärler; döwlet

serişdelerini saýlawlarda uly mümkinçilik eýelemek üçin ulanmaga berk gadaganlyk.

Ses bermek we saýlawlaryň netijelerini getirmek.

Agtasion kompaniýa ses berişlige çenli bir ýa-da birnäçe gün galanda saýlawçylara özbaşdak, daşardan zorluksyz öz saýlawyny oýlanşmaga we ahyrky çögüdini kabul etmäge mümkinçilik goýar. Ses bermeklik kulmansion döwürdir. Şu döwürde raýatlaryň häkimiýet edaralarynyň düzümini kesgitleýän islegi beýan edilýär.

Biziň günlerimizde ses bermeklik ýa ýörite saýlawmaçynlarynyň kömegi bilen (olaryň ilkinji nusgalary eýýäm XIX asyryň ahyrynda ABŞ-da ulanylyp başlandy), ýa-da saýlaw býulletleriniň kömegi bilen amala aşyrylýar. Ses bermegiň şol soňky usuly has giň ýaýrandyr. Ses berişligiň esasy ýeri bolup saýlaw ýerleri hyzmat edýärler, ýöne käbir ýurtlarda, mysal üçin Şwesiýada öýde we poçtanyň üsti bilen ses bermäge rugsat edilýär. Başga bir ýurtlarda (Awstriýa, Awstraliýa, Belgiýa, Italiýa FRG we başgalar) ses bermeklik diňe bir hukuk däl-de, eýsem raýatlaryň borjy hasaplanylýar, gatnaşmazlyk üsti bolsa pul jerimeleri, ýa-da beýleki jemgyýetçilik jezalary göz öňüne tutulýar. Beýleki bir ýurtlarda (ABŞ) ses bermeklik meýletin iş.

Ses bermeklik gutarandan soň, derrew saýlaw komissiýasy ýa-da beýleki bir saýlaw edaralary onuň netijelerini sanap başlaýar. Ses bermeklik bilen sesleri sanamaklygyň arasynda arakesme ýa-da saklamaklyk bolmaýar, sebäbi şeýle bolsa ol salsifikasiýanyň dürli görnüşlerini ulanmaga getirip biler. Halkara tejribesinde ses bermekligiň we hasaplamaklygyň şeýle düzgüni köp duş gelýär, ýagny artykmaç saýlaw býulletenleriň taýýarlanylmagy we hasaba alynmagy, sesleriň deputatlaryň birine göni ýazylmagy, oňaýly däl kandidat üçin berilen býulletenleriň yzyna alynmagy, we ş.m.

Şeýle görnüşli toparlaryň özüni alamak üçin hem-de raýatlaryň saýlawlaryň netijesine ynamlylygyny üpjin etmek üçin ses bermeklige we onuň netijelerini ýygnamaklyga berk gözegçilik gere. Bu bäsleşýän partiýalaryň ynamyndan peýdalanýan saýlaw komissiýasynyň döredilmegi, garaşsyz, şol sanda halkara gözegçileriniň ulanylmaga; ses bermekligiň netijeleriniň garaşsyz parallel getirilmegi üpjin edip biler, ony bolsa bilelikde ýa-da aýrylykda partiýalaryň wekilleri, HBS, buthanalar, abraýly öz ýurduňdaky ýa-da halkara gözegçiler amala aşyryp bilerler. Saýlawlaryň gidişine we netijelerine gözegçiligiň ýoklugy olary manipulirlemegiň guralyna öwrüp biler, olary raýatlaryň gözleginiň öňünde erbet edip görkezip biler, kopsobklaýyn garşydaşlary döredip, syýasy ýagdaýy çuňlaşdyryp biler. Şonuň üçin saýlawlaryň aşyklylygy (gözegçilik hem-de jemgyýetçilik tarapyndan kontrol üçin), syýasy bäsdeşleriň özleriniň we garaşsyz gözegçileriň aşyklylygy – olaryň demokratikliginiň möhüm şerti.
Türkmenistanyň saýlaw ulgamy hakynda ýurdyň konstitusiýasy 5-nji bölüminde getirilýär.

91 -nji madda-saýlawlar göni saýalwlardyr, deputatlar we beýleki adamlar raýatlar tarapyndan gös-göni saýlanylýar.

92-nji madda-saýlawlarda ses bermek gizlindir, ses berilende saýlawçylaryň öz erk-islegini beýan edişine gözegçilik edilmegine ýol berilmeýär.

97-nji madda sala salyşlyklar ähliumumy deň, göni we gizlin ses bermek arkaly geçirilýär…

98-nji madda saýlawlary ähli halk we ýerli sala salyşlyklary geçirmegiň tertibi kanun bilen kesgitlenýär.

## Syýasy proses we syýasy dolandyryş.

Subýektleriň syýasy işjeňligiň we olaryň özara gatnaşygynyň dürli görnüşleri syyasy prosesleri emele getirýärler. Proses bu prosedura bolup, prosedura – işiň barşy;

ol ýa-da beýleki dowamly, yzygiderli iş, düzgün, dessur syýasy proses – bu syýasy wakalaryň dowamly, biri – biri bilen bagly zynjyrydyr, şeýle hem jemgyýetde syýasy häkimiýeti basyp almaga, elde saklama, berkitmäge we peýdalanmaga gönükdirilen, syýasatyň subýektleriň dowamly hereketleriniň ýygyndysydyr. Umuman aýdylanda, syýasy prosesi – kesgitli ugrukdyrylmasy bolan syýasy durmuşyň dowamly üýtgewi, hereketi, ösüşi hökmünde kesgitläp bolar. Syýasy proses barada aýdylanda birnäçe manylar almak bolýar. Birinjiden, syýasy proses – bu jemgyýetiň syýasy ulgamynyň ýaşamaklygynyň (işleýji), onuň ewolýusiýasynyň (haýal ösüşiniň) görnüşidir. Ikinjiden, syýasy proses – bu hukuk, ykdysady, aňyýet we beýleki proseslerden tapawutlanýan jemgyýetçilik prosesleriniň biridir. Üçünjiden, syýasy proses hökmünde kesgitli masştably prosesiň ahyrky netijesinde düşünýärler. “Proses” düşünjesi sözlüklerde iki manyda berilýär: a)haýsyhem bolsa bir zadyň ösmeginde, kemala gelmeginde hadysalaryň, ýagdaýlaryň dowamly üýtgewi; b)ol ýa-da beýleki netijä ýetmek üçin dowamly hereketleriň ýygyndysy. Syýasy proses – bu durmuş – taryhy prosesleriň aýratyn görnüşi.Onuň häsiýetli alamaty – häkimiýeti degişlilikdäki hukuk normalarynyň peýdalanyp syýasy subýektleriň umumy maksatlara ýetmekligidir. Syýasy prosesiň mehanizm jemgyýetçilik institutlarynyň we durmuş toparlaryň aragatnaşyklaryny düzýär. “Syýasy proses” düşünjesi – syýasatnamada däp bolan we giňden ulanylýan düşünjedir. Syýasy proses syýasy hakykatyň aýrylmaz bölegi bolup durýar we jemgyýetçilik durmuşynyň şu oblastynyň häsiýetli alamatlary we çäkleri açylyp görkezilýär.

Syýasy proses özbaşdaklygy bilen tapawutlandyrylýar, ýöne ahyrky derejede ol ykdysady gurluş, döwlet dolandyryşy, jemgyýetdäki ykdysady – syýasy gatnaşyklarynyň häsiýeti bilen şertlendirilýär.

Syýasy prosesiň gatnaşyjylar, onuň hereket ediji şahsyýetleri we güýçleri bolup aýratyn raýatlar öňe çykýarlar,

olaryň syýasy we jemgyýetçilik guramalary we birleşmeleri, durmuş – synpy, etniki we adamlaryň beýleki umumylyklary hem şoňa degişlidir. Syýasy prosesiň her bir gatnaşyjysynyň, ýagny, onuň subýektiniň strategiki we taktiki maksatlary we meseleleri bar. Olar hem syýasy güýçleriň işjeňliginiň görnüşini, düzümini, metodlaryny, olaryň arasyndaky aragatnaşyklarynyň häsiýetini we ş.m. kesgitleýärler. Syýasy prosesiniň birnäçe gatnaşyjylary üçin maksat – häkimiýeti eýelemek, beýleki birleri üçin bolsa – ony elde saklamak we peýdalanmak bolup durýar. Şulara baglylykda hem syýasy prosesiň subýektleriň arasynda aragatnaşyklar kemala gelýär. Olar hyzmatdaşlyk, bäsdeşlik, göreş, konflikt, antogonizm, konsensus we ş.m. häsiýetlerde bolup bilerler.

Syýasy prosesiň şu aşakdaky (döwri) tapawutlandyrýarlar: konstituirlenme, syýasy ulgamyň emele gelmegi; berlen ulgamyň (komponentleriniň) we alamatlarynyň täze öndürmeleri; syýasy – dolandyryş sözgütleriniň kabul edilmegi we ýerine ýetirilmegi; syýasy ulgamyň ösüşiniň ugrukdyrylmasynyň we (işleýşiniň) üstünden gözegçilik. Biri-biri bilen bagly bolsalar-da, bu (döwülreriň) hersi özüne mahsus aýratynlyklary saklaýarlar, öz şahsy esaslanmasyny ýerine ýetirýärler.

Syýasy prosesiň esasy (döwürleri) syýasy ulgamyň ösüşiniň dinamikasyny ýuze çykarýarlar. Şonuň üçin her bir täze (döwürde) syýasy ulgam öňküsini gaýtalamaýarda, täze taraplar we häsiýetler bilen baýlaşýar (mysal üçin: saýlaw ulgamynyň ýa-da täze kanun çykaryjylygyň döremegi, syýasy bloklaryň, partiýalaryň we ş.m. kemala gelmegi), onda syýasy özgerişler bolup geçýär.

Alamatlaryň tutuş hataryna baglylykda syýasy prosesiň dürli görnüşleri we tipleri hereket edýärler. Syyasy erkin ýüze çykarylmagyndaky obýekte baglylykda olar içeri syýasy we daşary syýasy proseslere bölünýärler. Syýasy gatnaşygyň

häsiýeti nukdaýnazaryndan syýasy prosesler angozirlenenlere we angazirlendiklere bölünýärler.

Angazirlenmedik syýasy prosesler döwlete we döwletiň, häkimiýetiň beýleki institutlary bilen gatnaşykda raýatlaryň azat, erkin syýasy gatnaşygyny göz öňünde tutýarlar. Angazirlenen syýasy proseslerde raýatlaryň boýnuna dakylan syýasy gatnaşyklaryň görnüşleri we dolandyryş çözgütleri kabul etmekligiň berk merkezleşdirilen metodlary agalyk edýär. Syýasy prosesiň angazirlenmedik demokratik görnüşleriniň öz gezeginde aşakdaky görnüşler boýunça toparlara bölmek bolýar:

a)gönüden-göni demokratiýa

b)wekilçilikli demokratiýa

w)plýuralistik demokratiýa

Syýasy prosesiň gatnaşyjylarynyň öz funksiýalarynyň köpçülikleýin amala aşyrylmagy, döwletiň öz ygtyýarlyklarynyň we borçlaryny açyk ýa-da düşnüksiz durmuşa geçirmegi nukdaýnazaryndan syýasy prosesiň açyk we ýapyk (gizlin) görnüşlerini tapawutlandyrmak bolýar. Açyk syýasy proses ilki bilen toparlaryň we raýatlaryň syýasy bähbitleriniň partiýalaryň we hereketleriň maksatnamalarynda, beýleki köpçülikleýin beýan etmelerde häsiýetlendirilýär. Muňa garşylykda ýapyk proses jemgyýetiň gadagan ede, bikanun we ykrar etmedik gurluşlarynyň rolunda öňe çykyp bilýän, köpçülikleýin ykrar edilmedik syýasy institutlara we häkimiýetiň merkezlerine daýanýar.

Syýasy prosesleriň görnüşleri.

Dinamik deňagramlyga ýetmek usullary boýunça, syýasy özgerişleriň kesgitli dowamlylygyny göz öňünde tutýan syýasy ulgamyň özgermeginiň barşynda syýasy prosesleriň 3 görnüşini tapawutlandyrmak bolar: tehnokratik, ideokratik, harizmatik.

Tehnokratik tipli syýasy proses – syýasy özgerişleriň faktorlarynyň arasynda syýasy tehnologiýalara we

proseduralara: kanunlara, däp-dessurlara, syýasy çözgütleri kabul etmegiň proseduralaryna, häkimiýete kanunçylygyň berilmeginiň usullaryna uly ähmiýet berilýär. Gatnaşyjylar özlerine kanuny, syýasy dessurlar tarapyndan berlen syýasy rollary we işleri berk tutýarlar. Berlen görnüş medeni gurşawynyň örän ýokary birsydyrgynlygy bolan ýurtlarda – anglosakson ýurtlarynda kemala gelýär. Ilatyň aglabasynyň däp-dessurlara ýykgyn etmesi syýasy ulgamyň durnuklygyny, onuň syýasy institutlarynyň ýokary täsirliginiň saklanyp galmagyny üpjin edýär.

Ideokratik görnüşli syýasy proses – awtonom şahsyýetligiň, kämilleşmegiň, ösmegiň ilkinji basgançaklarynda duran syýasy rollaryň we işleriniň ösen bölünmeginiň ýok bolan tradision jemgyýetlerine mahusu. Etnomedeni we durmuş-ykdysady gatnaşyklarda dürli ugurlary eýeleýän jemgyýeti umumy milli ideýalaryň esasynda birleşdirmek mümkin.

Harizmatik görnüşli syýasy proses – bu görnüş syýasy lideriň rolunyň we derejesiniň absolýutirlenmeginiň, kä halatda hudaýlaşdyrmagynyň çäklerindäki gündogar medeni dessurlaryna mahsus. Ỳöne syýasy lider mydama wezipesi boýunça lider bolmaýar, resmi däl liderleriň bolmagy hem mümkin. Syýasy özgerişleriň harizmatik görnüşi tehnokratik we ideokratik syýasy prosesler bilen üsti dolandurmak şertinde has täsirli bolýar. Raýat jemgyýetiniň we syýasy infrastrukturanyň yzagalak, pes ýagdaýynda, pes hukuk medeniýeti we islenilýän jemgyýetiň häsiýetleri we alamatlary boýunça umumy milli ylalaşygyň bolmazlygy halatynda şahsyýete esaslanmaly bolýar. Lideriň harazmalygy ýa wezipelik derejesine esaslanmaly, ýa-da närazylygy, garşylygy peýdalanyp we ýagdaýy hökman gowulyga üýtgemegi wada berip, jemgyýetiň agzalarynyň aglaba köplüginiň isleglerini, talaplaryny beýan etmek ukybyna daýanmalydyr.

Syýasy prosesleriň esasy görnüşleri:

a) syýasy ulgamyň edaralaryň kemala gelmegi; onuň barşyna ozal ýok bolan, döredilmedik syýasy birleşmeler döredilýär we olaryň arasynda ýörite normalar arkaly kadalaşdyrylýan gatnaşyklar ýola goýulýar;

b) işleýji prosesinde syýasy ulgamyň alamatlarynyň we alamatlarynyň gaýtadan dikeldilmegi: syýasy durmuş diňe üznüksiz täzelenmekden, öň ýok bolan syýasy gatnaşyklaryň we institularyň döredilmeginden durman, eýsem, şol gatnaşyklaryň däp-dessur, prosedura, ýurdiki we ideologiki bölekler arkaly durnukly ýagdaýda saklamak ugrundaky hereketlerden hem duryar;

ç) meseleleri we olary çözüliş usullaryny kesgitleýän syýasy maksatlara ýetmegiň serişdeleriniň saýlawyny amala aşyrýan syýasy hereketleriň ugruny belleýän syyasy çözgütleriň kabul edilmegi we ýerine ýetirilmegi.

Bu prosesleriň arabaglanşygy hemişeli üpjin etmäge gönükdirilen, syýasy gatnaşyklaryň we olaryň üýtgemesiniň ýagdaýlaryny, olara dinamika, özgerme berilmegine ugrukdyrylan hereketleriň çylşyrymly ýygyndysyny döredýär.

Sýyasy prosesiň ekstremal görnüşleri.

a) Gozgalaň – taryhy döwre, gozgalaňa gatnaşyjylaryň durmuş düzümine baglylykda dürli-dürli häsiýetlendirilýär. Olary intensiwligi, dowamlylgy, üstünlige mümkinçiligi boýunça, guramaçylyk derejesi gatnaşyjylaryny ruhlandyrýan. Ruhy we psihologik impulslar boýunça tapawutlandyrýarlar. Hemme gozgalaňlara käbir guramaçylyk derejeleri degişlidir, kesgitli maksatlary öňe sürýän ýolbaşçylar bu ýerde uly rol oýnaýarlar.

b)Bunt – örän ýokary derejeli intensiwligi, gatnaşyjylarynyň aktiwi bolan ýöne geçişiniň çäkli möhleti, şeýle hem ony döreden meseläniň, sebäbiň örän möhümligi bolan köpçülikleýin hereket. Bunt – bu elmydama diýen ýaly agalyk edýän syýasy toparlaryň, döwlet edaralarynyň haýsydyr bir ekstraordinar hereketine jogap hökmünde ýüze çykýar.

ç)Pitne özüniň intensiwliginiň, emosional dartgynlygynyň derejesi boýunça bunta ýakyn, ýöne ondan tapawutlykda gatnaşyjylaryň sany has çäklendirilen. Kesgitli toparyň şahsyýetleriniň örän wagt oňat pikirlenilip, maksada gönükdirilen taýýarlygynyň netijesi hökmünde döreýär. Ýaraglanmak häsiýeti göterýär, harby güýje bil baglanýar we pitneçileriň esasy ýadrosynyň adatça armiýa düzýär.

d)Putç – eger köpçülik pitneçilere goşulmaýan bolsa emele gelýär, ýagny giňişleýin goldawa, ýagdaýyň göz öňünde tutulmagyna, işlenip düzülen maksatnama daýanmaýan harby hereketlerde ýüze çykýar.

Döwlet dolandyryş düşünjesiniň beýan edilmeginde, onuň esasynda bolsa degişlilikdäki ylmy-bilimleriň ähli baýlygynyň açylmagy, onuň iki düzüjisiniňem - “döwlet” we “dolandyryş” düşünjeleriniň beýan edilmegine baglydyr. Bu iki düşünjä köpdürli manylar, kesgitlemeler bilen dolandyrylan soň, kä wagtlar näme barada gürrüň gitýändigine hem düşünmek kyn. Aýratyda “dolandyryş” düşünjesine köp kesgitlemeler berlip, ol dürli hilli ýagdaýlaryň, gatnaşyklarynyň we prosesleriň sanýetmez köplügini özünde jemleýär.

Dolandyryş adamzadyň taryhy dowamatynda, asyrlar boýy wagtyň geçmegiňde döräpdir. Ol adamzat tarapyndan özleriniň durmuşyny pikirli, aň-paýhaslydolandyrmak we olaryň bähbitlerini goramak üçin döredilipdir. Dolandyryş öz gezeginde maşgala, eýeçilik, ahlak, hukuk, önüçilik, döwlet, habarlaýyş ýaly jemgyýetçilik institutlary bilen bir hatarda tutulýar. Dolandyryş – latynça – “regere”, iňlisçe – “control”, “management”, fransuzça – “administration”, nemesçe – “regiorung” sözleri bilen aňladylýar. Dolandyryşyň esasynda arabaglanşyk, gatnaşyk hadysasy, bähbit we bilim, maksat we ukyp, adamyň özüni alyp barşy durýar. Şunuň bilen dolandyryş derejesi adamyň güýji, ösüşi bilen baglanşyklydyr. Jemgyýetiň

durkunyň esasynda onuň usuly, arzuwlary, gymmatlyklary, kanunalaýyklary durýar.

Dolandyryş – munuň özi adamlaryň intellektual we pratiki işjeňliginiň iň bir çylşyrymly we jogapkärçilik gurşawlarynyň biridir. Dolandyryşda jemgyýetiň ýagdaýy we adamyň ykbaly kesgitlenýändir. Esasan dolandyryşyň üsti bilen adamlar biri-biri bilen gatnaşyklara girýärler, birleşip-bileleşip köpçülikleýin jemgyýetçilik durmuşyny emele getirýärler. Adamlaryň arasyndaky maddy we tehniki serişdeler, hukuk, kanun borçnamalary, tehnologik prosesler, jemgyýetçilik gymmatlyklar, ruhy önümler dolandyryşy döredýän dersi bolup durýar. Adamlar dolandyryş ulgamynyň esasy özeni, mazmuny bolup durýarlar. Dolandyryşda hemme zat adamdan gelip çykýar, özem soň şol adama gönükdirilýär. Mümkin bolan ähli zatlaryň hemmesi dolandyryşyň esasy guraly bolup durýar. Ol esasan adamlaryň, energiýasyna, hyjuwyna, guramaçylygyna bagly bolup durýar. Häzirki zaman nazaryýetinde dolandyryş mehanizmleriniň, iş ösüşleriniň iň gymmatlysy saýlawlar ulgamydyr.

Ylmy edebiýatda dolandyryşa dürli ugurlarda seredilýär:

1)Dolandyryş adamlaryň işi bilen berk baglanşyklydyr. Esasy özeni buýruk bermek mümkinçiligi (administrawit) bilen bagly bolan dürli usullaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Kanunlary berjaý etmeklige gönükdirilen hukuk aktlarynyň döredilmegi guramaçylyk tagallalary bilen baglanşyklydyr. Bu görnüşde býurokratiýa gülläp ösüp, obýektiw baha berijilik pese gaçýar. Adamlaryň işjeňligi belli bir derejede zorluga, gorka, taýaga daýanylyp, dolandyryşy amala aşyrmakda peýdalanylýar.

2)Dolandyryş gatnaşyk hökmünde suratlandyrylýar. Ol jemgyýetçilik gatnaşyklaryna syrykýar. Adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar belli bir derejede dolandyryş bolup durýar. Ol

gatnaşyklaryň üsti bilen dolandyryşyň kämilligi, ösüşe emele gelýär.

3)Dolandyryş adamlaryň aňyna, terbiýesine, işine täsir etmäge esaslanýar. Dolandyryşda uly täsir ýetirýän zatlaryň biri-de maksat we okgunlyk bolup durýar. Dolandyryşda hiç hili zat maksatsyz bolmaýar. Maksatlaryň özenini isleg, arzuw, hyýal düzýär. Dolandyryşyň esasyny öwrenmek we amaly ýerine ýetirmekde ylmy nukdaýnazardan ykdysady barlaglar ulanylýar.

Pelsepe edebiýatynda (K.Popper, K.Ỳaspers we beýl.) dolandyryş jemgyýetiň öz-özüniň dolandyryşynyň düypli alamatlarynyň ýüze çykmagy nukdaýnazardan analizlenýär. Ol özünde jemgyýetiň, tebigatyň we akyl ýetirşiň köp jedelli kanunalaýyklaryny özüňde jemleýän taryhy fenomen diýip ykrar edildi.

Dolandyryşyň möhüm aspektleri sosiologik pikir açýar (K.Marks, M.Weber, T.Weblen, D.Beenhem we beýl) ylymda “dolanryşyň sosiologiýasy” diýen akym döredi. Onuň çäklerinde dolandyryş synplaryň, gatlaklaryň, durmuş toparlaryň we gatlaklaryň, professional toparlaryň, halkyň dürli wekilleriniň arasyndaky aragatnaşyklaryň çylşyrymly mehanizm hökmünde suratlandyrylýar.

Dolandyryşyň psihologik aspektlerinde Z.Freýdiň psihoanaliz ideýalarynyň döremegi we ösdürilmegi, dolandyryşa adamlaryň arasyndaky psihologik gatnaşyklarynyň iň çylşyrymly we aktual mehanizmi hökmünde seredilmegine we akyl ýetirmäge girişilmegine mümkinçilik berdi. Indiwidual, kollektiw we umumy agdyklyk ediji erkiň çeşmeleri we formalary açylypdyr.

Şeýle hem dolandyryş medeni hadysa hökmünde köplenç etiki, estetiki we pedagogik nukdaýnazardan hem häsiýetlendirilýär. Dolandyryşda gürrüňsiz adamlaryň ahlakly häsiýetleri kemala gelýär we onuň özi ahlak kategoriýalarynyň esasynda analizlenip we baha berlip bilinýär. Örän haýallyk we

uly kynlyk bilen bolsa-da, dolandyryşyň etikasy (D.Karnegi) durmuşa girýär. Çeper edebiýat, kino, teatr, hatda suratkeşlik we arhitektura adamlaryň dolandyryşa bolan ahlak häsiýetiniň emele gelmeginde örän möhüm rol oýnaýar.

Ondan başga-da dolandyryşyň syýasy, hukuk, prakseologik aspektleri bar.

Dolandyryş amaly we nazaryýet bilimleriň mazmunyndan emele gelýär. Dolandyryşy köpsanly, basgançakly adamzat siwilizasiýasynda görmek bolýar. Dolandyryş barada köp oýlanmalary, özleriniň şahsy tejribeleri barada patyşalar, hanlar, begler, serkerdeler gadymy döwründe ýazyp geçipdirler. Şu zatlaryň hemmesi göz öňünde tutulyp, umumylaşdyrylanda, dolandyryşa anyk subutnama berip bolýar. Dolandyryş – dürli taryhy döwürlerde, dürli milli medeniýetlerde tapawutly, özboluşly, çylşyrymly häsiýete eýedir.

## Halkara syýasaty we dünýä wajyp (global) meseleleri.

Häzikri döwürde dünýä syýasaty düýp göter üýtgedi. Dünýä döwletleri diplomatik gatnaşyklary netijesinde ösýärler we biri-birinden ýakynlaşýarlar. Bize mälim bolşy yaly hiç bir döwlet hem dünýä bileleşiginden rugsatsyz ýadro, himiki we baktriologik ýaraglaryny öndürip bilmeýärler. Sebäbi bular adamzadyň ýaşamagynda howply serişde bolup durýarlar. XX asyryň ahyrlarynda dünýä bileleşikleri muňa magat göz ýetirýärler. Olar dünýä syýasatyny diňe umumy adamzat gymmatlyklaryna daýanyp gurmaly diýip netijä gelýärler. Şu wagtda çenli bolan uruşlar adamzadyň gazanan gymmatlyklaryna uly zyýan getirdi. Dünýä taryhynda 5,5 müň ýylyň içinde diňe III asyr parahatçylyk bolupdyr diýip alymlar

kesgitleýärler. Mysal üçin şol uruşlaryň netijesinde XVII asyrda 3 mln, XVIII asyrda 5 mln, XIX asyrda 6 mln, XX asyryň içinde bolsa 70 mln gowrak adam Ỳewropada ölüpdir.

Häzirki döwürde dünýä syýasaty doly öwrenilenok. Emma dünýä syýasaty barha çylşrymlaşýar. Gatnaşyklarda daşary syýasat termini bilen bilelikde “Halkara syýasaty” termini hem ulanylýar. Bu bolsa halkara gatnaşyjylaryň subýektiniň giňelmegi bilen düşüňdirilýär. Görnükli fransuz sosiology R.Aronyň aýtmagyna görä: “Halkara gatnaşyk – bu syýasy birlikleriň gatnaşygydyr” diýýär. Halkara gatnaşygynyň jedelsiz formasy şertnamalar bolup çykyş edýär. Amerikan gözlegçisi D.Rozenanyň aýtmagyna görä halkara gatnaşyklaryny ugrukdyryjy adam bolup çykyş edýär. Halkara gatnaşyklaryna mysal bolup Ỳewropa hyzmatdaslyk guramasy çykyş edýär. Olar bileleşik daşarky dünýä bilen gatnaşygy alyp barýarlar. Şolaryň netijesinde hem ekologik syýasy ähmiýetlerini gorap çykyş edýärler.

ỲHG-sy bütin adamzadyň hukuklaryny gorap çykyş edýärler we MG-ä ýakyndaş kömek berýärler. Ỳewropa ýurtlarynada we YHG alyp barýan syýasatyny durnuklygyny emele getirýän.

Birnäçe awtorlaryň aytmagyna görä içeri we daşary syýasat halkara gatnaşyklarynda esasy mesele bolup durýar.

Morgentaonyň pikiriçe halkara syýasat – bu güýje garşy göreşdir diýýär. Amerikan sosiology P.Gurewiç içerki jemgyýetçilik gatnaşyklaryny 4 faktora bölýär: 1)harby interwensiýa, 2)goşulmak, 3)halkara gatnaşyk, 4)halkara ulgamy.

Z.Gumplaýewiçiň pikiriçe halkara durmuşynda esasy göreş iki döwletiň arasynda serhet ugrunda göreş bolup durýar diýýär. Islendik döwlet öz güýjüni artdyrmaga ymtylýar. Geliň şu ýerde bir zady belläp geçeliň. Islendik milli döwlet adamzat jemgyýetiniň bir bölegini düzýär we beýleki ýurtlar, halkara bilen aragatnaşyk etmän ösüp bilmeýär. Döwletleriň özara

gatnaşygy bolsa dünýä derejesinde alanyňda halkara gatnaşyklaryny emele getirýär.

Halkara gatnaşyklarynyň mowzugyny düzýän iki sany mesele bar. Olar gapma-garşylyk we hyzmatdaşlykdyr.

Halkara gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň her biri kesgitli maksatlara eýerýärler. Özboluşly bähbitleri amala aşyrmaga şunuň bilen baglylykda halkara syýasatyna täsir etmäge çalyşýarlar. Içerki syýasatyň ýagdaýyndan tapawutlykda halkara syýasy durmuşy köp merkezli we merkezleşdirilendir. Bu ýerde esasy orny şertnamalar, hyzmatdaşlyklar we şundan gelip çykýan kompromisler oýnaýar.

Syýasatda dünýä tertibi diýlen düşünje hem bar. Dünýä tertibi – Bu halkara gatnaşyklarynyň biri bolup milli syýasy ulgamlaryň we halkara mümkinçilikleriň özara hereketleridir.

Syýasat ylmynda daşary we içeri syýasatyň arabaglanyşyk meselesi çylşyrymly meseleleriň biri bolup durýar.

Olar esasan: Iradisionalizm, 2.syýasy ideolizm, 3.modernizm.

Alym morgentaonyň aýtmagyna görä häzirkizaman daşary we içeri syýasatyň arabaglanşygynyň esasyny milli bähbit düzýär. Milli bähbit obýektiw hadysadyr. Sebäbi ol adamzadyň tebigaty, jemgyýetiň ösüşi, geografik ýerleşişi, taryhy däp-dessurlary bilen baglanşyklydyr.

Häzirki döwürde halkara gatnaşyklarynda neorealizm taglymaty bar. Olar içerki we daşarky syýasaty geo syýasat bilen baglanyşdyrýarlar.

Olaryň pikiriçe içerki syýasatyň esasynda daşarky syýasatyň zorlugy durýar diýýärler. Wel Timanyň pikiriçe güýçli döwlet islese daşary syýasata güýçli täsir edýän bolup durýar.

Parahatçylyk ýagdaýyň üpjin edilmegi halkara gatnaşyklarynda deňagramlylygy saklaýar. Morgentaonyň pikiriçe halkara gatnaşyklarynda iki sany ýol bar. Onuň iň

esasysy döwletleriň häkimiýetlerini çäklendirmeli ýokary ýagny halkara hukuk bolmaly we ahlak gymmatlyklary bolmaly.

Öňki döwüre goranyňda häzirki döwürde kiçi döwletler uly mümkinçiliklerinden peýdalanýarlar. Ź.S. Naý muny 4 topara bölýär.

1.Transport we tehnologik gatnaşyklaryň üýtgemegi. Transport arzanlady, kommunikasiýa geçirmek bularyň hemmesi transporasiýanyň ösmegini çaltlaşdyrdy. Mundan başga-da dünýä önümçiligini çalt ösdürýär.

2.Modernozasiýanyň, urbanizasiýa, kommunikasiýanyň ösmegi.

3.Dünýä derejesindäki häkimiýeti bölmek. Bu tendensiýa ösüp barýan döwletlere degişlidir.

4.Beýik döwletleriň daşky sreda gözegçiligini azaltmak.

Ähli döwletleriň daşary syýasatynyň esasy meselesi onuň içki ösüşini doldurýar.

Bir döwlete özüň güýç görkezmek häzirki döwürde örän howply bolup durýar. Bu adamzadyň ýitmegine howp salýar. Şonuň üçin döwletler öz aralaryndaky gatnaşyklary güýç görkezmek däl-de hoşmeýilli esaslarda alyp barmalydyr.

Geliň indi häzirkizaman global meselesi barada gürrüňimizi dowam edeliň. Global sözi Fransuz sözünden gelip çykyp Global-umumy, latyn sözünde Globus-şar diýmekligi aňladýar. Globus-şar ýgany ýer ýüzüni gurşap alýan diýmekligi bildirýär. Global meselesi bolanda dünýä degişli meselelere düşünilýär. Şol meseleleri çözmek üçin bütin döwletler bolup birleşip göreş alyp barmaly.

Olaryň arasynda termoýadorly uruşlaryň özüňi almak, tebigaty goramak, döwletlerdäki garyplygyň öňüni almak, dünýäniň ilatyny energetik we ähli resuslar bilen üpjin etmek meselesi hem Global meselelere girýär. Global meseleler global jogaplary – olaryň çözülmegi üçin giň halkara hyzmatdaşlygyny talap edýär.

Öz häsiýeti boýunça global meseleleri dürli – dürlidir we olaryň hemmesiniň içinden adamzadyň geografik birligi, adamzadyň sag-aman galmak we parahatçylyk ideýalary eriş-argaç bolup geçýär. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly Global meseleleri gaty köp emma olar esasan ýedi sanydyr.

1. Ýaragsyzlanmak we ýer ýüzünde parahatçylygy saklamak.
2. Tebigy sredanyň weýran we berbat bolmazlygy üçin ekologik mesele.
3. Osýän ýurtlarda ilatyň sanynyň çalt ösmeginiň döreden demografik meseleleri.
4. Ençeme gowşak ösen ýurtlarda millionlarça adamlara kä ýyllar iýmit ýetmeýänligi we açlyk mynasybetli döreýän azyk meselesi.
5. Planetalaryň mineral çig mal we beýleki resuslaryň çäkliligi sebäpli emele gelýän energetiki we çig mal we beýleki resuslaryň meselesi.
6. Ozalky koloniýalaryň yza galaklagynyň ýeňip geçmek meseleleri.
7. Dünýä oklanynyň meseleleri. Ol birinji nobatda onuň biologik önümleriniň azalmagy we onuň hapalanmagy bilen baglanşykly meselelerdir.

Geliň indi global meseleleriň kä birleriniň üstünden durup geçeliň. Ekologik mesele. Bu mesele jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşyklaryndaky ösüş bilen baglanyşyklydyr. Ekalogik mesele – jemgyýet bilen tebigatyň özara aragatnaşygyny töweregindäki sredany saklamak meselesidir. Adam özüniň tehniki mümkinçiliklerini artdyrdy, tebigata gatnaşygyny güýçli artdyrdy. Şol bir sanda hem adam tebigata biologik, ekalogik deň agramlylygy saklamagy ýurtdan çykardy.

Aýratynda XX asyryň II ýarymyndan bäri daş-töwregi gurşap alýan sreda zor salmak has artdy. Ilatyň sanynyň artmagy we industrali zasiýalaşmagyň, şäherleşmegiň

çaltlanmagy netijesinde biziň planetamyzyň hojalyk taýdan ýüki artdy. Bu bolsa häzirki adamlaryň we geljekki nesliň saglygyna howp abandyrýar.

Ekalogik mesele dünýä boýunça ýiti meseledir. Ol maddy önümçiligiň ähli pudaklarynda: oba hojalygynda, himiýa senagatynda, metallurgiýada, atom energetikasynda köp ýüze çykýar.

Daş töweregi zaýalaýan maddalaryň möçberi 40 mlrd tonna golaýlaşýar. Sredanyň zaýalanmagy adamlaryň jan saglygyna, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýaşamagyna howp salýar. Häzirki dünýäde topragyň şorlamagy, ýeriň arryklamagy giň germe eýe boldy. Munuň esasy sebäbi adamlaryň öz hojalyk işlerinde goýberýän ýalňyşlyklarydyr.

Ỳer resuslaryny gorap saklamak usullarynyň has giň ýaýrany şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Toprak eroziýasyna garşy göreş.
2. Ỳerleriň şorlamagyna we eýelemegine garşy göreş.
3. Oba – hojalygyny kämilleşdirmekde ýerleriň himiki elementler bilen hapalanmagyna garşy göreş.
4. Tebigy ýagdaýy bozulan ýerleriň gaýtadan dikeldilmegi.
5. Çägeleri berkitmek we özgertmek.

Häzirki wagtda çöle öwrülen ýerler 35 mln kw.km ýetdi. Epipopiýada gurakçylyk zerarly. Açyk zerarly 1 mln adam heläk boldy (1968-1973). 1984-nji ýylda Afrikanyň 34 ýurdunda, Aziýanyň, latyn Amerikasynyň 10 ýurdunda örän güýçli gurakçylyk boldy, bu bolsa oba-hojalyk ýerleriniň iňňän giň territoriýasynyň çöllüge öwrülmegine alyp bardy.

Atmosfera – bu kislarodyň ýeke-täk gezmesidir we bu elmydama arassa saklanmalydyr. Emma şäherleriň, senagatyň, ýangyç energetikasynyň awtomobil transportynyň ösmegi howanyň ep-esli derejede hapalanmagyna getirdi.

Eger-de 1950-nji ýylda senagat kärhanalary atmosfera 70 mln tonna kükürt dioksidini goşan bolsa, onda 1980-nji

ýylda ol 151 mln tonna boldy we 2000-nji ýylda ol 280 mln tonna ýetdi.

Awtomobiller hem howany zaýalaýar. Awtosferanyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagynyň howsalasy, adamzat jemgyýetini soňky on ýyllygyň içinde howanyň arassalygy ugrunda göreşmek barada ençeme çäreleri görmäge mejbur etdi.

Adamzat jemgyýetini maddy resurslar bilen üpjin etmekde dünýä okeanlarynyň aýratyn orny bar. Ỳer üstünden (gury ýerden deňze hapa akdyrmak) we deňziň öz içindäki deňiz transporty, deňiz düýbünden we bit çykatyjy promysytlar deňizleriň suwlaryny hapalaýarlar.

Eýýäm dünýäniň birentek ýerleriň-de arassa, süýji suw ýitmezçilik edýär. GFR, Gollandiýa, Daniýa içer ýaly suw almak üçin Şwesiýa bilen gepleşikler alyp barýar.

Tebigat we tebigaty resurslary goramagyň halkara soýuzynyň maglumatlaryna görä, orta hasap bilen her ýylda haýwanlaryň bir görnüşi ýok bolýar. Munuň esasy sebäbi haýwanlaryň hemişelik ýaşaýan ýerleriniň weýran bolmagydyr.

Ỳabany haýwanlaryň ýok bolmagynyň we olaryň selçeň duş gelýän hemde ýitip gitmek howply astyndaky görnüşleriniň azalmagynyň esasy sebäpleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Haýwanlary awlamak.
2. Haýwanlaryň ýaşaýan yerleriniň özleşdirilmegi.
3. Ỳerli haýwanlaryň ýaşaýan ýerlerine başga haýwanlaryň getirilip ýaýradylmagy.
4. Töwerekdäki sredanyň hapalanmagy.

Ỳene-de bir Global mesele Demografik meseledir. Ỳagny ýer ýuzüniň ilat sany çalt artýar. 2000-nji ýyldan başlap dünýäniň ilaty 6 mlrd boldy. BMG-nyň çaklamagy boýunça 2050-nji ýyla çenli bu san 10 mlrd çenli ýeter.

Şonuň bilen birlikde möhüm meseleler hem ýüze çykýar. Olaryň esasy “Azyk” meselesidir” Häzir dünýäden 1mlrd adamdan köpürägi wagtal-wagtal açlykdan we iýmit

ýetmezçiliginden heläk bolýar. Şoňa görä-de hemişe köpelýän ilaty azyk bilen üpjin etmek – iň möhüm global meseleleriň biridir. ABŞ, Kanada we Günbatara ýewropada azyk artykmaç öndürilýär. Emma ony ýeterlik satyn almaga ösýän ýurtlaryň köpüsiniň serişdeleri ýetmeýär.

Energetika we çig mal meselesi hem global meselä öwrüldi. Senagat taýdan ösen ýurtlaryň energetik we çig mal islegleri esasan hem dünýä ýurtlarynyň üçüňji toparynyň hasabyna kanagatlandyrylýar.

Häzirki döwürde halkara gatnaşyklarynda terrorçylyk uly global meselä öwrüldi. Bu barada dünýäniň uly guramalary iş alyp barýarlar.

Mundan başgada Rahetalaryň uçurylmagy aýa çykylmagy, senagat pudaklarynyň zäherli himikatlary azon gatlagyny barha ýukaldýar. Bu bolsa, dünýä adamlaryny howsala salýar. Howanyň ýyl geçdigiçe gyzmagyna Azon (03) gatlagynyň degilmegine getirdi. Bu hem halkara global meseleleriň biri bolup durýar.

Galyberse-de birnäçe keselçilikler hem adamzadyň zäherleýär. Olaryň esasysy SPJD keselidir. Häzir bu barada we muňa garşy dünýä bileleşikleri yzygiderli işleri alyp barýarlar.

Türkmenistan döwletimiziň özüniň garaşsyzlygyny alandan soň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy işjeň daşary syýasaty işläp düzdi we ýola goýdy.

Biziň halkara gatnaşyklaryndaky syýasatymyz hyzmatdaşlyk, dostluk, parahatçylyk syýasatydyr. Biziň ylalaşýan şertnamalarymyz iki tarapa hem bähbitli şertnamalardyr.

Türkmenistan hem dünýä syýasy ulgamyna gatnaşmak bilen dünýä bileleşikleri bilen hem hyzmatdaşlygy ýola goýdy. Türkmenistan BMG-nyň agzalygyna 1992-nji ýylyň Nowruz aýynyň 2-de kabul edildi.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy hem Global meseleleriň çözülmegindäki bileleşikleriň (aýratyn hem BMG) işlerine uly ähmiýet berýär.

Häzirki döwürde Aral meselesi Global meselä öwrüldi. Bu barada birnäçe işler alynyp barylýar. Türkmenistan BMG-nyň ÝUNISEF, YUNESKO guramalary bilen işjeň gatnaşýar.

1992-nji ýylda YUNESKO bilen Türkmenistanyň arasynda hyzmatdaşlyga gol çekildi. Çagalar adatdan daşary kömek gaznasy – diýmekligi aňladýar. Bu gurama enäniň we çaganyň sagdyn ösmegi, ýaşlaryň hal ýagdaýyny has-da gowulandyrmak we beýlekiler barada iň alyp barýarlar. Ýaşlaryň arasynda SPJD-iň we merkezligiň neňekezligiň öňüni almaga gönükdirilen okuw-maslahatlary öz degerli netijelerini berýär.

Umuman sözümizi jemläp aýdanymyzda dünýä syýasatynda Global meseleleri aýry-aýry döwletler çozup bilmeýärler. Olary çözmek üçin ähli ýurtlar hyzmatdaslygyny we parahatçylygyny berkitmelidir.

## Syýasy dawalar.

Adamzat jemgyýetiniň ähli durmuşydygy gapma-garşylyklardan düzülen, olar bilen adamlar öz gündelik hereketlerinde elmyda çaknyşmaly bolýarlar. Jemgyýetiň synplara gatlaklara gyzyklanma toplara bölünmegi gapma-garşylygyň çylşyrymly düzümleriň ýüze çykmagyna getirýär.

Syýasy gatnaşyklar ulgamy hem bu kadadan çykanok. Onuň mazmuny dürli toparlaryň, bähbitleriň, syýasy institutlaryň we guramalaryň arasynda emele gelýän gapma-garşylyklar bilen kesgitlenýär. Gapma-garşylyklar bu syýasy prosesde biri-biri bilen baglanşykly, biri-birini dolandyrýan, syýasy ulgamyň ösüşiniň we hereket etmeginiň çeşmesi bolup hyzmat edýän ugry boýunça biri-biriniň ters bolan

garaýýşlarynyň özara hereket etmegidir. Gapma-garşylyklar dawalar bilen aýrylmaz baglanşyklydyr.

Dawalar elmydama adamlaryň durmuşynda bolup, onuň taryhy prosesiň çylşyrymlaşmagy, tradision jemgyýetde post-industrial jemgyýete geçiş durmuş-syýasy dawalaryň ýaýrawyny we güýjüni hasam ulaltdy. Bu gatnaşykda soňky on ýyllyklar hasam görkeziji bolup durýarlar, sebäbi dünýäniň köp ýurtlary öz ykdysady we syýasy gurluşlaryny çalt depginde özgertmegi başardylar.

Bu esasda jemgyýetiň durmuş gurluşynda bolup geçýän özgertmeler, birinjiden, düzülen durmuş guramanyň dürli elementleriň özara gabat gelmezliginiň güýçlenmegine we şol esasda olaryň statusynda, abraýýnda maddy üpjinçiliginde gapma-garşylyklaryň ýüze çykmagynda ýardam edýär; ikinjiden, bar bolan durmuş gatlaklaryň we institutlaryň indi ýerine ýetirilmeli bolýan wezipelerine gabat gelmezligi ýokarlanýar; üçünjiden bolsa, jemgyýetdäki dürli toparlaryň doly we ugurlary üýtgeýar, sebäbi olar täze durmuş gurluşda has berkeräk ýerleşişi gözlemeli bolýarlar.

Bu esasda bir giden gapma-garşylyklar ýüze çykýar we durmuş-syyasy dawalar emele gelýär.

Döwletleriň we jemgyýetiň durmuşyndaky dawalaryň tutýan ornuna we roluna bolan gyzyklanma ir wagtlar döreýär, irki durmuş, syyays ylym oňa Darwiniň tebigy seçgi teoriýasy nukdaý nazaryndan goraýardyrlar. Şeýle, Spenser dawany adamzat siwilizasiýasynyň gutulgysyz hadysasy we durmuş ösüşiň möhüm stimboly hasaplanypdyr. M.Weber we başgalar hem muňa şeýle baha beripdirler.

Amerikan syýasaty öwrenijileriň durmuş syýasy dawalar durmuş prosesiň tebigy elementi, toparlaryň we şahslaryň bähbitleriniň çaknyşmagyny ýüze çykarýan durmuş kada hökmünde garaýarlar. R.Park, E.Berdźes, S.Lipset dawany diňe bir zerur bolan däl, eýsem islenilýän hadysa hökmünde kabul edýärler. K.Bouldingyň kesgitlemesine görä,

dawa-bu şeýle ýagdaý, haçan taraplar öz potensial garaýyşlarynyň ýa-da ýagdaýlarynyň oňşuksyzlygyny aýdyňlaşdyrýarlar we beýlekiniň maksatlaryny aradan aýyrýan pozisiýany eýelemek isleýärler. Dawa-bu adamlaryň ýa-da adamlaryň toparynyň öz bähbitlerine garap, bir-birini gysyp çykarmaklyga ýa-da ýok etmeklige gönükdirilen hereketdir.

Dawa jemgyýetdäki adaty hadysa hökmünde görülýär. Özem, oňa diňe bir negatiw nukdaý-nazardan garamak bolmaýar. Dawanyň netijeleri jemgyýet üçin tutuşlykda we onuň aýry-aýry bölekleri üçin funksional ähmiýete eýe bolýar. Dawa adaty hadysa hökmünde L.Kozer tarapyndan has aýdyň kesgitlenildi. Ol dawanyň stabilleşdiriji we integratiw wezipelerini görkezýär. Ol dawa obýektiw maksatlar: häkimiýet, statusyň üýtgemegi, girdeýjileriň paýlanşygy, gymmatlyklara täzeçe garaýyşlar we ş.m. üçin durmuş toparlaryň we indiwidleriň görnüşde olaryň gönükdirilmelerini we duýgularyny şöhlelendirýän ideologik hadysa hökmünde kesgitleme berýär. Dawa – bu durmuş gatnaşyklaryň dagamagyna ýa-da berkemegine ýardam edýän durmuş özara hereketiň möhüm elementi diýip, L.Kozer belleýär durgunlygynyň öňüni alyp, täze tarap ýol açýanlygyndadyr.

Dawalaryň teoriýasynyň ösüşi esasy iki ugur boýunça gidýärdi. Ilkinjisi K.Marksdan gaýdyp, jemgyýetdäki dawa uly durmuş toparlaryň, synplaryň göreşi hökmünde garalýardy. Onuň yzygiderli üçin makrososiologik çemeleşme häsiýetli bolup, ol fundamental gapma-garşylyklara we belli bir güýçleriň bähbitleriniň gabat gelmegine degişlidir. Olaryň bar bolan ulgamy üýtgetmeklikde gyzyklanmaklary hem şunuň bilen baglanşykly. Ikinji ugruň wekilleri dawany şahsyýetleşdirmek (indiwidualizmasiýa) we dargatmaklyk garaýyşlary işläp düzmeklige gönükdirilýärler. Gapma-garşylyklar bu ýerde subýektleri gönükdirilmelerine we maksatlaryna bagly bolup durýar, şonuň üçin bäbitleriň gatnaşygyny we çözülişini hut subýektlerden gözlemeli.

Şeýlelikde, marksistik çemeleşmeden tapawutlylykda, beýlekiler dawanyň mazmunyna XIX asyryň durmuş ulgama howp salýan synpy göreşinden, institutlaşdyrylan we düzgüne salynýan XX asyryň dawasyna geçiş hökmünde düşünýärler. Gapma-garşylykly, dawa-howply bähbitler ykrar edilsede, olary rewolýusion ýol bilen çözmeklik zerurlygy goýulmaýar.

Dawalaryň derejeleriniň dürli bölünşigi bar.

1.Makrodereje. Dawa tutuş jemgyýet çekilip, ol iki gapma-garşy toparlara bölünýär: jemgyýet özgertmegiň tarapdarlaryna we garşydaşlaryna. Beýle gapma-garşylyk obýektiw häsiýete eýedir, sebäbi jemgyýetde elmydama bar bolan ulgamyň saklanmagynda ýa-da onuň üýtgemeginde gyzyklanýan durmuş gatlaklar bar.

2.Mezodereje. Bu derejede dawa dolandyryş synplaryň arasyndaky göreş hökmünde ýüze çykýar. Makroderejä garanyňda, bu ýerde dawa edýän taraplar öz ýagdaýlaryna düşünýärler, taraplaryň her haýsy ony dürli usullary unalyp, öz bähbitlerine çözmeklige çemeleşýärler.

3.Mikrodereje. Dawa ýapyk, täsirli durmuş toparyň – dolandyryjy toparyň içinde ýüze çykýar. Bu dawa birinji ikisinden kän üzňe däl, emma bu ýerdäki göreşiň netijesi-elitanyň içindäki gapma-garşylygyň çözülişi köp derejede jemgyýetiň ösüşiniň perspektiwalaryny kesgitleýär.

Dawa derejeleriniň birnäçe başga görnüşleri hem bar. Jemgyýetiň gurluşyna laýyklykda dawalar indiki ýagdaýlarda emele gelýärler:

a)şahsyýetiň derejesinde; b)şahsyýetleriň arasyndaky derejede; ç)toparlaryň derejesinde; d)uly ulgamlaryň derejesinde; e)jemgyýetiň synplara we gatlaklara bölünmeginiň derejesinde; f)tutuş jemgyýetiň derejesinde.

Birinji bölünşik has global häsiýete eýe bolup, ol beýleki derejede ýuze çykýan dawalary ownuklanok. Ikinji jemgyýetçilik-syýasy gatnaşyklaryň başga bir tarapyndan baryp, şahsyýetleri, toparlary, ulgamlary, gapma-garşylyklary

aýratyn bölüp görkezýär. Bu bölünişikleriň her haýsy jemgyýetdäki dawanyň ornuna düşünmeklige mümkinçilik berýär. Ähli dawalar özara baglanşykly bolup, islendik syýasy hadysada elmydama dawa bardyr.

Islendik jemgyýetiň durmuş-syýasy dawasynyň öz belli bolan wezipeleri bar. Olaryň arasyndan aşakdakylary bölüp görkezmek bolýar:

1.Zerur bolan deňagramlylyk ýagdaýyň kemala gelmegine ýardam etmek (bu ýagdaýlaryň otnisitel we wagtlaýyndygyny göz öňünde tutmaly, sebäbi olaryň arasynda hem täze dawalar ýüze çykýar).

2.Gapma-garşylykly bähbitleri aýdyňlaşdyrmak ýoly bilen jemgyýetiň ösüşine kepilnama bermek:

3.Dawany çözmekligiň üsti bilen öňki gymmatlyklara we kadalara täzeçe baha bermeklige, jemgyýetiň özgerdilmeginiň netijesinde talap edilýän gymmatlyklary we kadalary kesgitlemeklige ýardam etmek.

Şol bir bada, dawa disfunksional netijeler hem mahsusdyr. Mysal hökmünde harby dawany görkezmek bolar. Dawanyň bu görnüşi jemgyýetiň kadalaşmagyna getirmän, eýsem ýetilen status-kwo howp salýar.

Dürli syýasy dawalarda dawanyň kabul edilşinde iki çemeleşmäni yzarlamak bolýar.

1.Dawa gapma-garşylygyň ösüşiniň iň soňky tapgyry hökmünde garalýar. Soňra ol çözülýär we bu tapgyrda düýpli özgermeleriň bolmagy ähtimal.

2.Dawa aňyrsynda göreşýän taraplaryň ylalaşyksyz gapma-garşylygy bolmadyk, bähbitleriň çaknyşmagy hökmünde garalýar.

Dawany çözmegiň esasy şerti-ony ýüze çykarmadyr. Dawa ýüze çykarylýar, çäklendirilýär, we güýçleriň, bähbitleriň ýetilen deňagramlylygyny üýtgetmezlik üçin onuň ösüşine gözegçilik girizilýär.

Jemgyýet üçin has mahsus bolup, dawany açyk ara alyp maslahatlaşmak çykyş edýär (parlamentiň, metbugat serişdeleriň üsti bilen). Bu dawa gatnaşýan taraplaryň öz pozisiýalaryny beýan etmäge we deňeşdirmäge mümkinçilik berýär.

Dawalary çözmekde iki esasy usul ulanýar – zol salma we zor salmasyzdan usullary. Ỳapyk jemgyýetler üçin birinjisi häsiýetli bolup, gapma-garşy taraplaryň arasyndaky dawalar bir tarapyň ýok edilmegi bilen çözüýär.

Açyk, demokratik jemgyýetler üçin dawanyň zorluk ulanmasyzdan çözülmegi mahsus. Meselem, ABŞ-nyň syýasy durmuşyna mahsus usullaryň biri ol hem garşydaş güýçleri bölmek bilen, dawany aşaky, pesräk derejä geçirmek. Dawany çözmegiň ýene-de bir görnüşide hem garşydaşlaryňy bitaraplaşdyrmak, ýagny garşy toparlaryň şygarlaryny, pikirlerini ulanmak, toparyň ýolbaşçylaryny syýasy kararlaryň kabul edilmegine çekmek bilen, "ellekişdirmek" we ş.m.

## Plỷuralistik Demokratiỷa.

XXI asyrda "Demokratiỷa" diỷen cȯz megerem, bủtin dủnỷảniň we halklaryň arasynda iň ỷȯrgủnli sȯze ȯwrủlen bolsa gerek.Şu gủnki gủnde demokratiỷanyň amala aşyrylmagy ugrunda gȯreşmeỷản, kảhalatlarda bolsa ȯzủniň hakyky demokratiỷadan dasda bolan maksatlary ủčin şu termini ulanmaỷan ỷekeje-de tảsirli syỷasy gủỷč ỷokdyr.

Hảzirkizaman syỷasy ylmynda "Demokratiỷa" sȯzủniň birnảče manysy bar. Onuň birinji, esasy manysy bu terminiň gelip čykyşy bilen baglydyr. "Demokratiỷa" gadymy grekčeden terjime edilende "Halk hảkimiỷeti" ỷa-da amerikan Prezidenti

A.Linkolnyň kesgitleýşi ýaly “Halk üčin, Halk tarapyndan saylanan we Halkyň dolandyryşy” diýlip terjime edilýär.

Demokratiýanyň etimologiki düşindirilişinden başga-da ikinji has giň düşündürilişi: islendik guramanyň agzalarynyň ol gurama deňhukukly gatnaşyp bilmegine we ondaky kabul edilýän kararlaryň köpčülik bilen kabul edilmegine esaslanan guralyş formasy diýen beýannama emele gelýär.

Demokratiýa halk häkimiýeti hökmünde,diňe bir abstraktlaýyn filosofik pikirlenmäniň we adamzat üčin gowy arzuwlaryň hetijesi bolman,eýsem, hyýaly ýagdaýda bolsa-da hakyky syýasy hadysalary şöhlelendirýär.Bu düşünjäniň özi gadymy Gresiýada dörän dolandyryşyň görnüşini aňlatmak bilen tötänden döremändir.

Häzirkizaman demokratiýany kesgitleýji alamatlar şu aşakdakylardyr:

1. Halkyň ýokary häkimiýetiniň özbaşdaklygynyň ýuridiki taýdan ykrar edilmegi we onuň institusional aňladylmagy.Monarhiýa, aristokratiýa, býurokratiýa ýa-da dini hadysalar däl-de hut halkyň özi häkimiýetiň resmi čeşmesi,başlangyjy bolup čykyş edýär.
2. Döwletiň esasy guramalarynyň döwürleýin saýlawlylygy. Diňe ýokary häkimiýeti amala aşyrýan adamyň bellibir čäklendirilen möhlete saýlanýan döwletini döwletini demokratik hasaplap bolar. Gadymy döwürlerde köp halklar özlerine patyşa saýlanlarynda onuň ömýrlik dolandyrmak hukugyna eýe bolýan we häkimiýeti nesline berýän halatlary seýrek bolmandyr (gadymy greklerde saýlawly monarhiýa “esimnegiýa”diýlip atlandyrylypdyr).Ýöne beýle halatda entek demokratiýa bolmandyr.
3. Döwleti dolandyrmaklyga gatnaşmaga ähli raýatlaryň gyradeň hukugynyň bolmagy.Bu prinsip saylaw hukugynyň deňligini talap edýär.

4. Kararlaryň köpčüligiň islegi boýunča kabul edilmegi we olaryň amala aşyrylmagynda azlygyň köpčülige boýun egmegi. Bu talaplar ol ýa-da beýleki ýurtda dolandyryşyň demokratik formasy barada aýtmaga mümkinčilik berýän minimal şertler hasaplanylýar. Emma demokratiýanyň umumy prinsiplerine esaslanýan, syýasy ulgamlar biri-birinden görnetin tapawutlanýarlar.Meselem,antiki we häzirkizaman demokratiýasy.

Syýasy plýuralizm-bu jemgyýetčilik-syýasy sferasynda garayyslaryň,čemeleşmeleriň, ugurlaryň, taglymatlaryň dürli-dürliligine resmi taýdan (konstitusiýon-hukuk) rugsat berilmegidir.

“Plýuralizm”düşünjesiniň etimologiki gelip čykyşy boýunča ol “pluralis” diýen latyn sözünden gelip čykandyr.

Sowet jemgyýeti öwrenişinde bu meseläniň mazmuny,häsiýetli alamatlary doly işlenilmedik. Üýtgedip gurmak döwrüne čenli “plýuralizm” termini negatiw manyda, ýagny günbatar ideologiýasynyň ýüze čykmagy hökmünde ulanylypdyr.Plýuralizm dialektiki-materialistik garaýyşlara garşy durýan burźuaz filosofiýasynyň,syýasaty öwrenişiň, sosiýologiýanyň agalyk ediji metodologiýasy hökmünde kesgitlenilýärdi.Diňe 80-nji ýyllaryň ahyrynda Sowet Soýuzynda plýuralizm meselesi özüne ýiti ünsi čekip başlady.

Čuňňur sosiýal-ykdysady we syýasy özgerişlikleriň netijesinde pikirleriň plýuralizmi syýasy plýuralizme ösüp ýetdi.

Plýuralistik demokratiýanyň manysyna has giňişleýin düşünmäge plýuralizmiň čuňňur köklerini öwrenmeklik kömek eder, onuň gelip čykyşynyň köp taraplary şu wagta čenli gowşak öwrenilipdir.

Ilkinji bolup plýuralizmiň syýasy esaslaryny fransuz alymy A. Tokwil (ýöne ol bu düşünjäni ulanmandyr) özüniň “Amerikadaky Demokratiýa”(1835) diýen işinde seljeripdir. Ol

özüniň işinde demirgazyk Amerikada ornaşan döwlet baştutanlygynyň liberal-demokratik ulgamyna, köpčüligiň isleginiň ýüze čykarylyşyna we ony amala aşyrmaklygyň usullaryna esasy ünsi beripdir.

Plýuralizmiň filosofiki taraplary pragmatism taglymatyny esaslandyryjy,amerikan alymy U.Dzeýms tarapyndan öwrenildi.U. Dzeýmsiň pikiriče fiziki dünüäde “bütewilik”ýok,diňe “her zat ýekelikde”diýip belleýär.

XX asyryň başlarynda plýuralizm ideýalary gýnbataryň sosiýal-demokratik hereketiniň teoretikleriniň ünsüni özüne čekýär.Şol sanda Beýik Britaniýaly görnükli alym,syýasaty öwreniji,leýborizmiň teoretigi G.Laski özüniň “Özbaşdaklygyň meseleleri hakynda taglymat”(1917), “Syýasatyň gramatikasy”(1925) diýen işlerinde plýuralizm düşünjesini giňden peýdalanypdyr.

Günbatarda ýaýran, hem-de “Plýuralistik demokratiýa” ady bilen resmileşdirilen plýuralizmiň ideýalarynyň mazmuny hem özüne ünsi čekýär.Onuň esasy gymmatlygy syýasy häkimiýet diňe döwlet guramalary tarapyndan amala aşyrylman,eýsem raýatlaryň dürli birleşmeleri: ilki bilen syýasy partiýalar,telekečileriň assosiýasiýalary,profsoýuzlar tarapyndan amala aşyrylmagy bolup durýar.Şeýlelik-de,awtoritarizme we býurakratizme bolan ösüş ýeňilip gečilýär hem-de indiwidi onuň hukuklary,azatlygy we bähbidi bilen üpjün etmäge şert döreýär.

Plýuralizmiň sosiýal gymmatlygy öz pikiriňi erkin beýan etmeklige mümkünčilik döredýänliginde hem-de mümkünčilikleriň belli bir deňligini üpjün edýänligindedir.Syýasy plýuralizm ähli syýasy güýčleriň Konstitusiýanyň we kanunyň čäklerinde kanuny göreşi göz öňüne tutýar, azlyklara şol bir sanda oppozisiýada özleriniň ideýa-guramačylyk gurluşlaryny saklap galmaga mümkünčilik berýär. Plýuralizm esasy sosiýal-syýasy bähbitleriň ylalaşmagy üčin şert döredýär we dawalaryň tutaşmagynyň öňüni alýar.

Bu günki günde plýuralizmiň orny öňdedir,ýagny ol syýasy ulgamyň alamatynyň we syýasy reżimň häsiýetlerine eýe bolýar, şeýlelikde syýasy medeniýetiň aýrylmaz bölegine öwrülip barýar.Şol bir wagtyň özünde plýuralizm diňe syýasatyň çäklerinde bolman, eýsemonuň ideologik, medeni,estetik,dini görnüşleri bardyr.
Pikirleriň, garaýyşlaryň, ugurlaryň köpdürlüligi onýyllyklaryň dowamynda diňe bir oňlanylman, eýsem repressiýalar, döwlet ýa-da jemgyýetčilik mejbur etmekligiň dürli görnüşlerini peýdalanmaga bahana bolýardy.
Demokratiýa şertlerinde indiwid ykdysady, syýasy azatlyklara eýe bolýar,ol ýa-da beýleki garaýyşlary, pikirleri goldaýar.Bu nukdaýnazardan şahsyýetiň azatlygy,özbaşdaklygy hakynda aýtmak bolar.Türkmenistanyň 1992-ýylda Kabul edilen Konstitusiýasynda şahsyýetiň hukuklarynyň bu görnüşleri berkidilendir.
Sowet konstitusion taglymaty “plýuralizm” düşünjesini ulanmaýardy, sebäbi ony ýat, jemgiýete we ideologiýa gabat gelmeýän taglymat hasaplaýardylar.Şonuň üčin köp wagtyň dowamynda ol kanunčykaryjy tarapyndan peýdalanylmady. Şeýlede bolsa syýasy plýuralizmiň häsiýetli alamatlarynyň konstitusiýon kanunčylykda berkidilýändigini siwilizlenen ösüşiň tejribesi görkezýär.
Türkmenistanyň 1992-ýylda kabul edilen Konstitusiýasynda plýuralizmiň esasy aspektleri yzygiderli we doly beýan edilendir.
- Döwletň dünýewi häsiýeti(şunuň bilen baglanşykda hič bir din döwlet dini ýa-da hökmany din hökmünde berkidilmeýär).
- Köppartiýalylygyň ykrar edilmegi.
- Jemgiýetčilik guramalarynyň hemmesiniň kanun öňünde deňligi.
Raýatlaryň birleşmeklige bolan konstitusionhukugy plýuralizme gönüden-göni degişlidir.

Tủrkmenistanyň raỷatlarynyň hemmesi islendik jemgiỷetčilik guramalaryna,şol sanda syỷasy partiỷalara we profsoỷuzlara girmåge, olardan čykmaga hem-de olary dỏretmåge hukuklydyrlar. Birleşmeleriň işi erkindir, dỏwlet olaryn işine goşulmaỷar.Birleşmeleriň işi ỷurtdaky kanunčylygyň čåklerinde hereket edỷår.

Tủrkmenistanda hič kimiň hič bir adamy ol ỷa-da beỷleki jemgiỷetčilik guramasyna girmåge, onuň dủzủminde saklanmaga mejbur etmåge hukugy ỷokdyr. Birleşmeleriň azatlygy dỏwlet artykmačlyklaryndan peỷdalanmaga esas dåldir.

Adamlaryň čylşyrymly ulgamy bolan halkyň anyk şahsyỷetlerden durỷan kesgitli dủzủmi bolỷar. Ỏňa erkin, azat indiwidleriň jemi,syỷasatda ỏz hususy, ỷỏrủte båhbitlerini araỷan toparlaryň ỏzara gatnaşygy ỷa-da ỷeketåk umumy ,umumy båhbitler ủstủnden agalyk edỷån subỷekt hỏkmủnde garalỷan bolsa,onda demokratiỷanyň taglymatlaryna we hakyky modellerine degişlilikde indiwidualistik, plỷuralistik we kollektiwistik gỏrnủşleri ỷủze čykarylỷar.Birinji ỷagdaỷda håkimiỷetiň čeşmesi gỏnủden-gỏni şahsyỷet, ikinjide-topar, ủčuủnjide-tutuş halk ( millet,synp) hasaplanylỷar.

Adminstratiw-buỷruk beriji ulgamyň we awtoritarizmiň ỷykylmagy plỷuralistik demokratiỷanyň we kỏppikirligiň giňden ỷaỷramagyna ỷardam berdi, ol birnåče gymmatlyklary we taglymatlary jemgiỷetčilik ủnsủniň merkezinde goỷdy. Şeỷlelik-de plỷuralizmiň bir tarapdan indiwidual-şahsy, ỷagny raỷatlaryň azatlygyny ủpjủn edỷån, olaryň ruhy, dủnỷagaraỷyş,medeni ỏzboluşlyklaryna hormat goỷỷan tarapy bar, beỷleki tarapdan bolsa, jemgiỷetčilik-dỏwlet, ỷagny, kỏppartiỷalylyga ,dawalary siwilizasiỷon čỏzgủtler bilen čỏzmeklige, monopolizme ỷol bermezlige gỏnủkdủrilen tarapy bar.

Plýuralizmiň konstitusion prinsipi-demokratik we hukuk dowletliliginiň atributydyr.

# EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
11. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň

dermanlyk ösümlikleri. - Aşgabat. 2009.
15. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat. 2009.
16. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
17. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 15-nji fewraly). – Aşgabat, 2009.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatynda Şözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). // Türkmenistan. 2009. 9-njy mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-

njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
28. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyñ ykdysady strategiýasy. Halka daýanyp, halkyñ hatyrasyna. // Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
29. Türkmenistanyń Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyń Türkmenistanyń Ỳaşulularynyń maslahatynyń mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ỳylyń 14-nji maỳy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maỳ.
30. Turkmenistanyň hemişelik bitaraplygy. Syýasy – hukuk dokumentleriniň ÿygyndysy. - Aşgabat, 2005.
31. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.

32. Garaşsyz, Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Harby Doktrinasy. – Aşgabat, 2009.
33. Введение в философию. Учебник для ВУЗов. В 2-х томах. М., 1989.
34. Панарин А.С. Философия политики. М.,1996.
35. История политических и правовых учений. XIX век. М., 1995.
36. История политических и правовых учений. М., 2000.
37. N.Макиавелли. Государь. М., 1997.
38. Дугин А. Основы геополитики. М., 1997.
39. Пугачев В.П., Соловьев А.И. Введение в политологию. М., 1999.
40. Аристотель. Политика. Афинская полития. М., 1997.
41. Мальцев В.А. Основы политологии. М., 1998.
42. Панарин А.С. Философия политики. М., 1997.
43. Халипов В. Введение в науку о власти. М., 1996.
44. Политология. Под ред. Марченко Н.Н. М., 2000.
45. Политология. Под ред. Матузова И.Н., М., 2002.
46. Сорокин П. Человек, общество, цивилизация. М., 1992.
47. Григорьев В.К. Курс лекций по политологии. Алма-Ата, 1997.
48. Чулаков Ю.Г. Политология. С.-Пб., 1997.
49. Алексеева Т.А. Современные политические теории.М., 2001.
50. Пугачев В.Р, Соловьев А.И. Введение в политологию. М.2002
51. Конституция общенародного государства. Под.ред. М.С.Смиртюкова и К.М. Боголюбова. М. 1978
52. Токвиль А. Демократия в Америке. М. 1992

**MAZMUNY**

**Giriş...........................................................................7**
**Syỷasatyñ umumy nazarỷeti ylmynyñ predmeti...............10**
**Syýasy partiýalar we partiýa ulgamlary.......................18**
**Adam hukuklary…………………………………...25**
**Şahsyýet syýasatyň subýekti hökmünde...........................31**
**Häzirkizaman ykdysadyýetinde bazar gatnaşyklary................................................................34**
**Syýasy añyỷet...............................................................39**
**Syýasatdaky maksatlar we serişdeler………………. .......46**
**Döwlet syýasy ulgamyñ esasy institutydyr……………….52**
**Adamyň syýasaty ölçeýşi…………………………………57**
**Halkara gatnaşyklary we oňa gatnaşyjylar……………......63**
**Syýasy medeniýet we syýasy aň......................................64**
**Halkara syýasty we dünýä wajyp (global) meseleleri.......69**
**Şahsyỳet we syỳasat………………………………………77**
**Dỏwlet we hảkimiỷet……………………………….........83**
**Rederendum gös-göni demokratiýanyň bir görnüş hökmünde.......................................................................88**
**Demokratik syýasy ulgamlarda saýlawlaryň roly………94**
**Saýlaw prosesiniň esasy döwürleri………………………100**
**Syýasy proses we syýasy dolandyryş……………………109**
**Halkara syýasaty we dünýä wajyp (global) meseleleri…118**
**Syýasy dawalar……………………………………………126**
**Plỷuralistik Demokratiỷa...............................................131**
**Edebiýat……………………………………………...138**